TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

**HOJA AHMET ÝASAWY**

# HIKMETLER

Çapa taýýarlan
**Gözel AMANGULYÝEWA**

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK297+820/89**
**Ý13**

**Ý13** **Ýasawy H.A.**
Hikmetler. Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, A.: 2004. —360.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**K.Nurbadow,** *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*«Medinede Muhammetden» soň «Türküstanda Hoja Ahmet» diýdiren, türkmeniň meşhur piri Hoja Ahmet Ýasawy seljuk türkmenleri zamanynda ýaşap, ajaýyp hikmetleri ýazyp galdyran ussat şahyrdyr. 800 ýyllap dowam eden uly bir edebi mekdebi galdyran Hoja Ahmet Ýasawy seljuk türkmenleri döwründe döwlet diliniň pars dilidigine garamazdan, ilkinji bolup oguz türkmen dilindäki ýazuwly edebiýaty esaslandyrypdyr.*

*Eliňizdäki bu kitap iň kämil hem ygtybarly golýazma nusgalary esasynda neşire taýýarlanyldy. Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetlerinde ündeýän halallyk, päklik, dogruçyllyk, ynsanperwerlik, yşk hem yrfan (Beýik Biribara we onuň ýaradan zatlaryna söýgi), watansöýüjilik, ynsap hem imanlylyk ýaly umumyadamzat ahlagynyň gözelligi — Türkmenbaşy eýýamynyň ýaşlaryna ruhy terbiýe bermekde uly mekdep bolup hyzmat eder.*

**TMMMM №024**

**TDKP №130** **2004** **KBK86.38+84(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
Hoja Ahmet Ýasawy. Hikmetler, 2004 ý.
Amangulyýewa G., Çapa taýýarlama, 2004 ý.

*Garaşsyz we Baky Bitarap Türkmenistanyň*
*Ilkinji we Ömürlik Prezidenti*
*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň*
*howandarlygynda neşir edilýär.*

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## ☙ 1 ❧

Bismilla diýip, beýan eýleý hikmet aýdyp,
Talyplara dürri-göwher saçdym men-ä.
Ryýazatny gaty dartyp, ganlar ýuwdup,
Men depderi sany sözün, açdym men-ä.

Sözni aýdam, her kim bolsa didar talap,
Jany-janga peýwend kyldym, rükni awlap,
Garyp, pakyr, ýetimleriň başyn yslap,
Köňli bütin halaýykdan gaçdym men-ä.

Kaýda görseň köňli synyk, merhem bolgul,
Ondag mazlum ýolda bolsa, hemdem bolgul,
Ruzy-magşar didaryna mährem bolgul,
Maýu-menlik halaýykdan gaçdym men-ä.

Garyp, pakyr, ýetimleri Resul sordy,
Oşol halda Magraç çykyp, didar gördi,
Gaýdyp düşüp, garyp, pakyr, ýetim sordy,
Garyplaryň yzyn yzlap, düşdüm men-ä.

Aýat-hadys, her kim aýtsa samyg bolgul,
Ymmat bolsaň, garyplara tabyg bolgul,

Ryzk, ruzy herne berse kanyg bolgul,
Kanyg bolup, şowk-şerabyn içdim men-ä.

Medinäge Resul baryp, boldy garyp,
Garyplykda mähnet dartyp, boldy habyp,
Jepa dartyp, ýaradana boldy karyp,
Karyp bolup, ukbalardan aşdym men-ä.

Akyl erseň garyplaryň köňlün awla,
Mustapa dek ili gezip, ýetim kowla,
Dünýäperest, näjynslardan boýun towla,
Boýun towlap, näjynslardan gaçdym men-ä.

Yşk babyny Möwlüm açdy, maňa degdi,
Toprak kylyp, «häzir bol» diýip, boýnum egdi,
Baran sypat, melamatyň oky degdi,
Dile alyp, ýüregimi açdym men-ä.

Köňlüm gatyg, dilim ajyg, özüm zalym,
Gurhan okap, amal kylmaý ýalan alym,
Garyp janym sarp eýläýin, ýokdur malym,
Hakdan gorkup oda düşmeý, bişdim men-ä.

Altmyş üçe ýaşym ýetdi, özüm gapyl,
Hak emrini mäkäm tutmaý, köňlüm jahyl,
Ruza, namaz kaza kylyp, boldum kähil,
Ýaman yzlap, ýagşylardan gaçdym men-ä.

Wadaryg-a, muhabbetiň jamyn içmeý,
Ähiliýal, hany-mandan doly geçmeý,
Jürmi-usýan, girehlerni munda açmaý,
Şeýtan ga:lyp, jan bererde çaşdym men-ä.

Imanyma çeňňal urup, kyldy gamnäk,
Piri mugan häzir bolup, saçdy tirýek,
Şeýtan lagyn gaçyp menden gitdi bibäk,
Bihamdulla, nury-iman içdim men-ä.

Piri mugan hyzmatynda köýüp ýördüm,
Hyzmat kylyp, gözüm ýumup, häzir durdum,
Medet kyldy, Azazylny tutup mündüm,
Ondan soňra ganat kakyp, uçdum men-ä.

Garyp, pakyr, ýetimleri kylgyl şadman,
Halklar kylyp, eziz janyň aýdy Gurban,
Towme tapsaň, janyň birle kylgyl myhman,
Hakdan eşdip, bu sözleri aýdym men-ä.

Garyp, pakyr, ýetimleri her kim sorar,
Razy bolar, ol bendeden Perwerdigär,
Eý, bihabar, sen bir sebäp, özi esrar,
Hak Mustapa pendin eşdip aýdym men-ä.

Ýedi ýaşda Arslan Baba kyldym salam,
Hak Mustapa amanatyn kylyň engam,
Şol halatda müň bir zikrin kyldym tamam,
Nebsim ölüp, la mekana aşdym men-ä.

Hurma berip, başym yslap, nazar kyldy,
Bir pursatda ukby sary sapar kyldy,
Elwedag diýip, bu dünýäden güzer kyldy,
Mekdep baryp, kitap tutup, daşdym men-ä.

«Innä fatahna»ny[1] okap, many sordum,
Pertöw saldy, bihut bolup, didar gördüm,
Molla urdy, «üsküt!» diýdi, bakyp durdum,
Ýaşym saçyp, muztar bolup, durdum men-ä.

«Eý bihabar, many bul!» diýip, aýan kyldym,
Bir aýaty müň manyda beýan kyldym,
Hary-zarlyk, muşakgaty nyşan kyldym,
Ondan soňra Hak ýoluna düşdüm men-ä.

«Eý-a nadan, many bul!» diýip, şepkat urdy,
Ondan soňra çöller gezip, Hakny sordum,
Ruzy kyldy, Azazylny tutup mündüm,
Leňňer döküp, bilin basyp, ýençdim men-ä.

Zikrin tamam kylyp, uýdum diwanaga,
Hakdan özge hiç sözlemeý bigänäge,
Şemgyn yzlap, şähri boldum perwanaga,
Köýüp, ýanyp, ahgär bolup, öçdüm men-ä.

Namu-nyşan hiç galmady «lä, lä» boldum,
Alla zikrin aýda-aýda «illä» boldum.
Halys bolup, muhlys bolup, «lillä» boldum.
Penafilla makamyna aşdym men-ä.

Sünnet ermiş, kapyr bolsa berme azar,
Köňli gatyg dilerazdan Hudaý bizar,

[1] «Innä fatahna» - «Dogrudan-da biz gapyny açdyk». Gurhanyň 48-nji süresi, 1-nji aýat.

Alla haky, ondag gula Syjjyn taýýar,
Danalardan eşdip, sözni saçdym men-ä.

Sütünlerin mäkäm tutup, ymmat boldum,
Ýer astyna ýalňyz girip, nurga doldum,
Hakperestler makamyna mährem boldum,
Tygy batyn birle nebsi, sançdym men-ä.

Nebsim meni ýoldan urup, har eýledi,
Zikr aýtdyrmaý şeýtan birle ýar eýledi.
Delmurdyryp, halaýyga zar eýledi,
Häzir men diýp, nebs başyny ýençdim men-ä.

Gul Hoja Ahmet, gaflat birle ömrüň ötdi,
Wa hasrat-a, gözden, dyzdan kuwwat gitdi,
Wa weýlet-ä, ymmatyňnyň wagty ýetdi,
Amal kylmaý, kerwen bolup göçdüm men-ä.

**2**

Alla diýen, ýakyn gulnuň görsem ýüzün,
Hyzmatynda Alla zikrin aýtsam men-ä.
Ahyrýete Alla diýu, barar bolsam,
Men hem dynmaý Alla zikrin etsem men-ä.

Kaýu gulga Alla ady bolsa hemra,
Açylar gözi, ýolun tapar, bolmas gümra,
Ýawuk dilden, gaçar ermiş gaflat, günä,
Ruzy kylsa, günälerden gaçsam men-ä.

Ten-jan birle bir arypnyň tutsam adyn,
Hemra bolup, janym birle aýtsam ýadyn,

Tä, diri men, hyzmat kylyp jan-u dilden,
Muhlys bolup, astanyda ýatsam men-ä.

Alla diýen aryp gulnuň göz ýaşyny,
Zaýyg goýmas, Kadyr Eýäm her işini,
Röwşen kylar, Kadyr Eýäm iç-daşyny,
Men hem mydam, dynmaý Alla diýsem men-ä.

Gul Hoja Ahmet, dynmaý mydam Alla diýgil,
Ahyrýetiň azabyndan gorkup ýörgül,
Aryg iman birle mundan sapar kylgyl,
Tä ölünçäm, Alla zikrin etsem men-ä.

**3**

Eý-a dostlar, nadan birle ülpet bolup,
Bagrym köýüp, jandan doýup, geldim men-ä.
Dogry aýtsam, egri bolan, ahym dolan,
Ganlar ýuwdup, gam zährine doldum men-ä.

Nadan birle öten ömrüň nary-sakar,
Nadan barsa dowzah ondan kylgaý heder,
Nadan birle dowzah sary kylmaň sapar,
Nadan içre hazan ýanlyg boldum men-ä.

Doga kylyň, nadanlaryň ýüzün görmeý,
Haktagala rapyk bolsa, bir dem durmaý,
Bimar bolsa nadanlaryň halyn sormaý,
Nadanlardan ýüz-müň jepa gördüm men-ä.

Ýer astyna gaçyp girdim nadanlardan,
Elim açyp, doga diläp merdanlardan,

Garyp janym müň tassadyk danalardan,
Dana tapmaý, ýer astyna girdim men-ä.

Nadanlary menden sormaň, göwsüm Haka,
Hakdan gorkup, matam tutsam güler kah-ka,
Agzy açyk, nebsi ulug, misli laka,
Nadanlardan gorkup saňa geldim men-ä.

Kylma tamyg nadanlardan, gadryň bilmes,
Zulmat içre ýol azaşsaň, ýola salmas,
Boýnuň gysyp, zary kylsaň goluň almas,
Nadanlardan şikwe eýläp geldim men-ä.

Dat eýlesem Haka dadym ýetermikän?
Göwsümdäki zeňgarlarym gidermikän?
Hemme nadan bu dünýäden ötermikän?
Ýa Ilähim, saňa sygnyp geldim men-ä.

Owal-ahyr huplar gitdi, galdym ýalňyz,
Nadanlardan eşitmedim bir ýagşy söz,
Dana gitdi, nadan galdy, iýdim efsus,
Ýolny tapmaý, haýran bolup, galdym men-ä.

Dagy-hijran ezdi bagrym, kany dertment?
Dana - toprak, nadanlaryň göwsi belent,
Aýat-hadys beýan kylsam, etmes pisint,
Göwsüm deşiň, derdi-gama doldum men-ä.

Derdi-halat tugýan kyldy, barmy tebip,
Arzy-halym saňa aýdaý, ýalňyz Habyp,
Barça talyp ülüş aldy, men binesip,
Ülüş-ussat, döwta bolup, geldim men-ä.

Hany-manyň terk eýläban, ülüş algyl,
Eý bihabar, dünýä işin artga salgyl,
Alla sahy, lutfun görüp, haýran galgyl,
Görer men diýp, pena bulup, geldim men-ä.

Hak waslyny yzlap tapmaý haýrany men,
Dynmaý ýyglap, köňli bozuk, weýrany men,
Halym sorsaň, men talyby-janany men,
Jananymy yzlap pena buldum men-ä.

Aýat berdiň «Tubu ileýk»[1], dynmaý aýdaý,
Toba eýläp, egri ýoldan rastga gaýdaý,
Piri-mugan hyzmatynda jepa dartaý,
«Ýa hadyý-yl ma:zyllin»[2] diýip, geldim men-ä.

Men depderi sany aýdym, size ýadygär,
Erwahymdan medet diläp, okaň zynhar,
Doga kylaý, wasyl kylsyn Perwerdigär,
Rahman Eýäm, arz etgeli geldim men-ä.

Hikmetimden bähre alan, göze sürsün,
Yhlas birle göze sürtüp, didar görsün,
Şerti oldur, ryýazata meşgul bolsun,
Jandan geçip, jananymy gördüm men-ä.

Dagy-çölde hemra kylyp ýörse özi,
Men aýtmadym, Aýat, Hadys, Gurhan sözi,
Ýetmiş dürli bela gelse, gatmas özi,
Bela gelse sabr bolup, durdum men-ä.

---

[1] «Tubu ileýk» - «Oňa dolanyp baryň!». Gurhandan bir aýat.

[2] «Ýa hadyý-yl ma:zyllin» - «Eý azaşanlary dogry ýola salan!». Gurhandan bir aýat.

Eý, Gul Ahmet, geda bolsaň, Haka bolgul,
Başyň birle erenlere hyzmat kylgyl,
Nazar tapsaň halka gurup, söhbet kylgyl,
Halka içre ägä bolup, durdum men-ä.

**৯ 4 ৩**

Tagalalla aşyklara berdi yşkyn,
Şäkir bolup örtäp, köýüp, ýandym men-ä.
Iki älem gözlerime haşhaş däne,
Görünmedi, ýalňyz Haky söýdüm men-ä.

Jandan geçip, ýalňyz Haky jana goşdum,
Ondan soňra derýa bolup, dolup-daşdym,
La mekany seýr ediban, makam aşdym,
Dünýä ukbyn ýüz-müň talak goýdum men-ä.

Yşk alnynda akyl adam dem uralmas,
Yşk şitdeti tugýan kylsa dem uralmas,
Perwana dek ahgär görüp, özün ölürmes,
Bu sözleri Jananadan tapdym men-ä.

Tarykatyň ýollarynyň ukbasy köp,
Päk yşkyny gola almaý bolmas ýörüp,
Didaryny görse bolmas, tün-gün uýup,
Hiç uklamaý, didaryny gördüm men-ä.

Tarykatyň ýoly gatyg türpe çaşdym,
Başym gatyp, piri-mugan sary gaçdym,
Pir etegin tutup, batyn gözün açdym,
Erenler dek ýolny sorap, gezdim men-ä.

Tarykatyň ýollarydyr, gatyg azap,
Bu ýollarda niçe aşyk boldy harap,
Yşk ýoluna her kim girse haly harap,
Ryswa bolup, çöller gezip, ýördüm men-ä.

Tarykatyň ýollarydyr türpe-ulug,
Özi kylan bendesine kylgaý ýaryg,
Uçgunyna takat kylmas ýedi tamug,
Erenler dek eziz jandan doýdum men-ä.

Hakykatyň manysyna ýeten kişi,
Bihut bolup, köýüp ýanar içi-daşy,
Ganlar bolar gözlerinden akan ýaşy,
Göz ýaşymy töhfe kylyp, bardym men-ä.

Şerigatdyr aşyklaryň efsanasy,
Aryp-aşyk tarykatyň dürdänesi,
Kaýda barsa jananydyr hemhanasy,
Bu sözleri arş üstünde gördüm men-ä.

Muhammediň bagyn girmeý, aşyk bolmas,
Harlyk-zarlyk dartmagynça nebsiň ölmes,
Bir haýrata kanyg bolmaý, dergä dolmas,
Kanyg bolup, has göwherden aldym men-ä.

Yşk oduna köýenleriň reňgi öçer,
Ukby sary jedel kylyp, mundan göçer,
Munda kylan girehlerin, onda açar,
Resul dünýä «jife» diýdi, goýdum men-ä.

Hakykatly çyn aşyklar reňgi synyk,
Aýynaga nazar kylsa, ondan tanyk,

Özi haýran, köňli weýran, gözi ýaşlyk,
Gudratyna mahuw bolup, galdym men-ä.

Alla aýdy: «Köp ýyglasaň görgüň meni,
Zary kylsaň, «bendäm» diýban, sorgum seni,
Jandan geçip, meni istär aşyk kany?»,
Ylham geldi, çyn gulaga aldym men-ä.

Jandan geçen aşyklara töhfe bergüm,
Ruzy-magşar haly-dilden gelip sorgum,
Şapyg bolup, şepagatny özüm kylgum,
Rehmetinden umyt tutup, geldim men-ä.

Çyn dert birle köýenlere didar ata,
Ýalan aşyk bolup ýöregeni hata,
Çyn aşygyň gözi ýaşly, kaddy duta,
Duta bolup, hezretime geldim men-ä.

Gul Hoja Ahmet, şerigaty gola algyl,
Tarykatda, hakykatda ýola girgil,
Magrypete pena bolup, toprak bolgul,
Penafille makamyna girdim men-ä.

**5**

Eý-a dostlar, päk yşgyny köýe aldym,
Bu dünýäni duşman tutup, ýördüm men-ä.
Ýakam tutup, hezretime sygnyp geldim,
Yşk babynda Mansur sypat boldum men-ä.

Yşk ýolunda aşyk bolup, Mansur ötdi,
Bilin baglap, Hak yşgyny mäkäm tutdy,

Melamatlar, emanatlar köp eşitdi,
Eý möminler, Mansur sypat boldum men-ä.

Aşyk Mansur «Enel-hakny» dile aldy,
Ol Jebraýyl «Enel-haky» birge aýdy,
Hak Jebraýyl: «Başyň ber!» diýp, ýola saldy,
Dara asylyp, didaryny gördüm men-ä.

Mansur gelgeç dar egilip, özi aldy,
Batyn gözi açyk gullar, haýran galdy,
Pertöw salyp, Alla özi nazar saldy,
«Wa şowka!»[1] diýp, didaryny gördüm men-ä.

Nida geldi oşol dara: «Köp bogmagyl,
Mäkäm durgul, her ýan bakyp, köp agmagyl!»
Daşa aýdy: «Emrim tutup, sen degmegil!»
Lowhulmahfuz tagtasynda gördüm men-ä.

Üç ýüz il-halk ýyglyp etdi köp rowaýat,
Şerigatdyr, menem tapaý bir rowaýat,
Tarykatda, hakykatda Hak hemaýat.
Başym berip, Hak syryny bildim men-ä.

«Enel-hakyň» manysy köp, bilmes nadan,
Dana gerek, bu ýollarda bolsa sarwan,
Aşyk gullar Hak ýadyny aýdy janan,
Jandan geçip, Jananymy gördüm men-ä.

---

[1] «Wa şowka!» - «Meni islege, höwese ýetir!» Bu ýerde ol söz sopuçylyk ylmynda söýgä meýil bildirme manysynda gelýär.

Amal kyldym, dana bolsa many alsyn,
Hal ylmyndan ýetip erdim, nyşan galsyn,
Dürri-göwher sözlerimi içe salsyn,
Haldan bitip, aşyklara berdim men-ä.

Essiz Mansur zarlyk birle boldy eda,
Bir söz birle erenlerden boldy jyda,
Haly-dilin hiç kim bilmes, Taňry güwä,
Ganlar döküp, men hem güwä boldum men-ä.

Şahy Mansur «Enel-hakny» bija aýmas,
Ýolny tapan bize ogşaş gümra imes,
Ham näjynslar bu sözlere hemra bolmas,
Hemra bolup, buýy Huda aldym men-ä.

Bir tün säher säher garyp Mansur köp ýyglady,
Pertöw salyp, Alla özi rehm eýledi,
Ondan soňra çilten bakyp, şerap berdi,
Danalara, bu sözleri diýdim, men-ä.

Nadanlara essiz sözüm, jepa-hikmet,
Adam men diýip, bilin baglap, kany hümmet?
Dünýä yzlap, bir-birine kylmas şefket,
Zalymlara özüm rowaç berdim men-ä.

Zalym eger zulm eýlese Alla diýgil,
Eliň açyp, doga eýläp boýun sungul,
Hak dadyňa ýetmes bolsa zary kylgyl,
Hakdan eşdip, bu sözleri aýdym men-ä.

Zalym saňa zulm eýlese, maňa ýygla,
Ýaşyň saçyp, Haka sygnyp, biliň bagla,

Haram-şübhe terk ediban, ýürek dagla,
Zalymlara ýüz-müň bela berdim, men-ä.

Zalymlaryň gurby nedir, Hak ýaradan,
Ýaradany manzur kylmas, sen unudan,
Menden geçip, zalymlaryň golun tutan,
Zalymlara özüm perman berdim men-ä.

Saňa jeza, ýaradana ýalbarmadyň,
Dergähine nala kylyp, yňranmadyň,
Nebsden geçip, Haka sary dolanmadyň,
Zalymlaryň elin uzyn kyldym men-ä.

Hakykatdan sözler aýdym, eşitmediň,
Dünýä goýup, Hak ýoluna ýörütmediň,
Dünýä haram, oňa köňül sowutmadyň,
Zalymlary, saňa jeza berdim men-ä.

Zalymlary şikwe kylma, zalym özüm,
Pyglyň ryýa, täsir kylmas halka sözüň,
Dünýä malyn doly berse, doýmas gözüň,
Haryslary Syjjyn içre saldym men-ä.

Lagly-lebi jünbüş kylyp, aýdy syry,
Jany-dilim, ymmatlarym göz röwşeni,
Haka gulluk, maňa ymmat bolan kany,
Çyn ymmatyň synasyga köýdüm men-ä.

Gul Hoja Ahmet Hak sözüni sözläp ötdi,
Ylmul-ýagyn şerigaty gözläp ötdi,
Aýnul-ýagyn tarykatda bozlap ötdi,
Hakgul-ýagyn makamyna girdim men-ä.

## ꕥ 6 ꕥ

Rahym, Möwlüm rehmi birle ýat eýlese,
Tüni-güni gullugynda ýörgüm men-ä.
Guly bolup, gullugynda ýörsem mydam,
Tagat birle göz ýaşymy saçgum men-ä.

Rahym Möwlüm göz ýaşymy derýa kylsa,
Tagatlarym ol derýada göwher bolsa,
Danyş berip, zagyp gulny sorag kylsa,
Köňlüm tilär, tiz ýügürip, ýetgüm men-ä.

Bilbil bolup, bossan içre saýrasam men,
Aşyklar dek meýdan içre oýnasam men,
Gije namaz, gündiz ruza, gynasam men,
Ýügrüp-ýelip, hyzmatynda ýörgüm men-ä.

Taklyt işim, takyklyga öwrülmedi,
Muňlug başym, belalardan gutulmady,
Dilim-agzym gybat sözden ýygylmady,
Zagyp guldur, niçik Syrat ötgüm men-ä.

Hylwat içre Alla diýen aşyklar dek,
Din ýolunda oýa duran sadyklar dek,
Yhlas birle Haky söýen aryplar dek,
Bagrym bişip, gözde ýaşym saçgum men-ä.

Hylwat içre Alla ýadyn diýgüm geler,
Alla diýip, toba donun geýgüm geler,
Rehim kylsa rehmi birle Möwlüm kylar,
Ondan rehmet bolmas bolsa, nätgüm men-ä.

Tobasyzlar bu dünýäde paryg bolar,
Aşyk gullar toba edip, gaýgy kylar,
Her bendäniň syry nedir, Hudaý biler,
Syrym onda zahyr bolsa, nätgüm men-ä.

Gul Hoja Ahmet ýananlar dek, ýanagörgül,
Aşyklar dek, ýelip-ýügrüp, ýetegörgül,
Toba kylyp, küprüklerden ötegörgül,
Toba kylmaý, niçik Syrat ötgüm men-ä.

## ꕤ 7 ꕤ

Eý-a dostlar, gulak salyň aýdanyma,
Ne sebäpden altmyş üçde ýere girdim,
Magraç üzre Hak Mustapa ruhum gördi,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Hak Mustapa Jebraýyldan kyldy sowal:
«Bu niçik ruh, tene girmeý tapdy kemal?»
Jebryl aýdy: «Kemal beren ol Züljelal»,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

«Perzendim» diýp, Hak Mustapa kyldy kelam,
Ondan soňra barça ruhlar kyldy salam,
Rehmet derýa dolup-daşdy, ýetdi peýam,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

«Kawlu bela!»[1] diýdi, ruhum aldy sapak,
Nalyşymdan nala kylar häftem tabak,

---

[1] «Kawlu bela» - «Hawa» diýdiler, Gurhandan bir aýat.

Hak Mustapa «perzent» diýdi bize bişek,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Garyn içre peýda boldum, owaz geldi,
«Zikr et!» diýdi, wujutlarym jünbüş kyldy,
Ruhum girdi, süňeklerim Alla diýdi,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Dört ýüz ýyldan soňra bize perzent bolgaý,
Niçe ýyllar ýörüp halka ýol görsetgeý,
On dört müň mujahytlar hyzmat kylgaý,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Dokuz aý, dokuz günde ýere düşdüm,
Dokuz sagat duralmadym, göge uçdum,
Arşy-kürsüň paýasyny baryp guçdum,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Arş üstünde namaz kylyp, dyzym bükdüm,
Zarym aýdyp, Haka bakyp, ýaşym dökdüm,
Ýalan aşyk, ýalan sopy görsem sökdüm,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Bu gultakdan sormaň sowal, ýolda galgan,
Jandan geçmeý «Hüw, hüw» diýen bary ýalgan,
Haky tapan özi pynhan, sözi pynhan,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Bir ýaşymda erwah maňa ülüş berdi,
Iki ýaşda pygamberler halym sordy,
Üç ýaşymda çilten meni gelip gördi,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Dört ýaşymda Hak Mustapa berdi hurma,
Ýol görkezdim, ýola girdi niçe gümra,
Kaýda barsam Hydyr babam boldy hemra,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Bäş ýaşymda bilim baglap, hyzmat kyldym,
Nepl namaz, ruza tutup adat kyldym,
Zikrin edip, günden-güne rahat aldym,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Alty ýaşda durmaý gaçdym halaýykdan,
Göge çykyp, ders öwrendim melaýykdan,
Daman kesip, hemme ähli-halaýykdan,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Ýedi ýaşda Arslan babam yzlap tapdy,
Hurma berip, perde birle syrym ýapdy,
«Bihamdylla, gördüm» diýdi, ýüzüm öpdi,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Kabz gelip Arslan babam janyn aldy,
Hüýrler çykyp, hülle dondan kepen kyldy,
Ýetmiş faryk perişdeler ýyglap turdy,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Jynazysyn okap ýerden göterdiler,
Bir pursatda uçmah sary ýetirdiler,
Ruhum alyp, yllyýunga tigürdiler,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Alla, Alla ýer astynda watan kyldy,
Müňkir-Nekir «Men Rebbik» diýip, sowal kyldy,

Arslan babam dinu-yslam hümmet kyldy,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Akyl erseň erenlere hyzmat kylgyl,
«Emri magruf» kylganlary yzzat kylgyl,
«Nehiý-münkir»[1] kylganlary, hümmet kylgyl,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Sekizimde sekiz ýandan ýol açyldy,
«Hikmet aýt!» diýp, başlaryma nur saçyldy,
Bihamdulla, piri-mugan meý içirdi,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Piri-mugan Hak Mustapa, bişek biliň,
Kaýda barsaň waspyn aýdyp, tagzym kylyň,
Durud aýdyp, Mustapaga ymmat boluň,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

Dokuzymda dolanmadym egri ýola,
«Teperrik» diýp alyp ýördi, goldan-gola,
Guwanmadym, bu sözlerden gaçdym çöle,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

On ýaşymda oglan diýip, Hoja Ahmet,
Hoja men diýp, ýolda galsa wa nedamat!,
Hydyr babam gelip kylsa bir keramat,
Ol sebäpden altmyş üçde ýere girdim.

---

[1] Nehiý-münkir - diniň gadagan eden zatlaryndan saklanma we adamlary erbet işlerden saklama parzdyr. Hadysdan.

## ഌ 8 ര

Hoş gaýypdan owaz geldi gulagyma,
«Zikr et!» diýdi, zikrin edip, ýördüm men-ä.
Yşksyzlary gördüm erse ýolda galdy,
Ol sebäpden yşk dükanyn gurdum men-ä.

On birimde rehmet derýa dolup-daşdy,
«Alla» diýdim, şeýtan menden yrak gaçdy,
Haýu-höwes, maýu-menlik durmaý gaçdy,
On ikimde bu syrlary gördüm men-ä.

On üçümde nebsi-howa gola aldym,
Nebs başyna ýüz-müň bela garbap saldym,
Tekepbiri aýak asta basyp aldym,
On dördümde toprak sypat boldum men-ä.

On bäş ýaşda hüýri-gulman garşy geldi,
Başyn urup, gol gowşuryp, tagzym kyldy,
Firdöws atly jennetinden mahzar geldi,
Didar üçin barçasyny sordum men-ä.

On altymda erwah maňa ülüş berdi,
«Haý, haý Size mübärek» diýp, Adam geldi,
Perzendim diýp, boýnum guçup, köňlüm aldy,
On ýedimde Türküstanda durdum men-ä.

On sekizde çilten birle şerap içdim,
Säher turup, çar-zarp urup, köňlüm açdym,
Ruzy kyldy, jennet gezip, hüýrler guçdum,
Hak Mustapa jemalyny gördüm men-ä.

On dokuzda ýetmiş makam zahyr boldy,
Zikrin aýdyp, içim-daşym tahyr boldy,
Kaýda barsam Hydyr-Ylýas häzir boldy,
Kowus-Kyýas meý içirdi, doýdum men-ä.

Ýaşym ýetdi ýigrimige, ötdüm makam,
Byhamdulla, pir hyzmatyn kyldym tamam,
Dünýädäki gurdu-guşlar kyldy salam,
Ondan soňra Haka ýawuk boldum, men-ä.

Mömün ermes, hikmet eşdip, ýyglamasa,
Erenleriň aýdan sözün diňlemese,
Erenlerde ne hal bardyr, aňlamasa,
Bu rowaýat arş üstünde gördüm men-ä.

Rowaýaty görüp Haka sözleşdim men,
Ýüz-müň dürli melaýyga ýüzleşdim men,
Ol sebäpden Haky gözläp, yzlaşdym men,
Janu-dilim oňa pida kyldym men-ä.

Gul Hoja Ahmet, ýaşyň ýetdi ýigrimi bir,
Ne kylganyň, ýazyklaryň dagdan agyr,
Kyýamat gün gazap kylsa Rebbim Kadyr,
Eý-a dostlar, niçik jogap aýdaý men-ä.

**9**

Hoş gaýypdan owaz geldi gulagyma.
Ol sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.
Jümle buzruk ýyglyp maňa engam berdi,
Ol sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.

Men ýigrimi iki ýaşda pena boldum,
Merhem bolup, çyn dertlige dowa boldum,
Ýalan aşyk, çyn aşyga güwä boldum,
Ol sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.

Eý-a dostlar, ýaşym ýetdi ýigrimi üç,
Ýalan dawa, tagatlarmyň hemmesi puç,
Ne kylaý men kyýamat gün, birehne luj,
Ol sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.

Men ýigrimi dörde girdim, Hakdan ýyrak,
Ahyretde barar bolsam, kany ýarak?
Ölenimde ýyglyp uruň ýüz-müň taýak,
Ol sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.

Jynazamyň arkasyndan daşlar atyň,
Aýagymdan tutup, südräp göre eltiň,
Haka gulluk kylmadyň diýp, ýenjip, depiň,
Ol sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.

Ýazyk birle ýaşym ýetdi ýigrimi bäş,
Göwsümdäki girehlerim sen özüň ýeş,
Zikr öwredip, Subhan Eýäm bagrymy deş,
Ol sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.

Men ýigrimi alty ýaşda söwda kyldym,
Mansur sypat didar üçin gowga kyldym.
Pirsiz ýörüp, derdu-halat pida kyldym.
Ol sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.

Men ýigrimi ýedi ýaşda syrny tapdym,
Her syr gördüm, perde birle bukup, ýapdym,

Jany-dilden hyzmat kylyp, yzyn öpdüm,
Bul sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.

Men ýigrimi sekiz ýaşda aşyk boldum,
Ýüz-müň bela başa alyp, sadyk boldum,
Ondan soňra dergähine laýyk boldum,
Ol sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.

Bir kem otuz ýaşa girdim, halym harap,
Yşk ýolunda bolalmadym misli-turap,
Halym harap, bagrym kebap, gözüm pür-ab,
Ol sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.

Otuz ýaşda odun kylyp, köýdürdiler,
Jümle buzruk, ýyglyp dünýä goýdurdylar,
Urup-sögüp, dünýä ukbun goýdurdylar.
Ol sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.

Gul Hoja Ahmet, dünýä goýsaň, işiň biter,
Säher wagty ah-perýadyň Haka ýeter,
Jan bererde Hak Mustapa eliň tutar,
Ol sebäpden Haka sygnyp geldim men-ä.

**10**

Nägehan otuzymda kamug buzuryg,
Hak yşkyny köňlüm içre saldy dostlar.
Hydyr babam häzir bolup, lutf ediban,
Medet kylyp, elim tutup, aldy dostlar.

Otuz birde Hydyr babam meý içirdi,
Sowa kyldy, ýazyklarym Hak geçirdi,

Wujudymdan Ezraýylny päk gaçyrdy,
Ondan soňra Hak ýoluna saldy dostlar.

Otuz iki ýaşda ýetdi Hakdan perman,
Bendelige kabul kyldy, ýokdur arman,
Jan bererde berdi saňa nury-iman,
Garyp janym şadman bolup, güldi dostlar.

Halygymdan habar ýetdi, şäkir boldum,
Bu älemde hiç uklamaý, häzir boldum,
Her kim sökdi, belki depdi, sabyr boldum,
Haýu-höwes, maýu-menlik gitdi dostlar.

Otuz üçde saky bolup meý üleşdim,
Jam şerabyn gola alyp, tola içdim,
Leşger düzüp, şeýtan birle köp uruşdym,
Şükür alla, it nebisim öldi dostlar.

Otuz dörtde alym bolup, dana boldum,
Hikmet aýdyp, subhan aýdyp göýä boldum,
Çilten birle şerap içip, hemra boldum,
Içim-daşym, Hak zikrine doldy dostlar.

Otuz bäşde metjit girip, döwran sürdüm,
Talyplara yşk dükanyn doly gurdum,
Egri ýola her kim girdi sökdüm, urdum,
Aşyklara Hak müjdesi ýetdi dostlar.

Otuz alty ýaşda boldum sahyp-kemal,
Hak Mustapa görsetdiler maňa jemal,
Köňlüm synyk, gözüm ýaşly, kaddym jelal,
Yşk hanjary ýürek-bagrym dildi, dostlar.

Otuz ýedi ýaşa girdim, oýanmadym,
Ynsap kylyp, Alla sary dolanmadym,
Säherlerde zary kylyp, yňranmadym,
Toba kyldym, Hojam kabul kyldy dostlar.

Otuz sekiz ýaşa girdim, ömrüm ötdi,
Ýyglamadym, öler wagtym ýakyn ýetdi,
Ajal gelip peýmanasyn maňa tutdy,
Bilmeý galdym, ömrüm ahyr boldy dostlar.

Otuz dokuz ýaşa girdim, kyldym hasrat,
Wadaryga, ömrüm ötdi, kany tagat?
Tagatlylar Hak gaşynda hoş-sagadat,
Gara ýüzüm tagat kylmaý soldy, dostlar.

Saçu-sakgal köp agardy, köňül gara,
Ruzy-magşar rehm etmeseň, halym teba,
Saňa aýan, amalsyz men, köpdür günä,
Jümle melek, ýazyklarym bildi, dostlar.

Piri-mugan jurgasyndan katra datdym,
Ýol tapaý diýip, başym birle günler gatdym,
Ýüz-müň, ýüz-müň makamlardan basyp ötdüm,
Ruzgär işin Alla mälim kyldy, dostlar.

Kyýamatyň şitdetinden aklym haýran,
Köňlüm gorkan, ýolda galan, hana weýran,
Syrat atly köprüsinden dilim lerzan,
Aklym gidip, bihuş bolup, galdym dostlar.

Gul Hoja Ahmet, kyrka girdiň nebsiňi gyrk,
Munda ýyglap, ahyretde bolgul aryk,

Posty - iman, şerigatdyr - maňzy-taryk,
Tarykata giren Hakdan bildi dostlar.

**෴ 11 ෴**

Eý Ilähim, hamdyň birle hikmet aýdyp,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa,
Toba kylyp, günähimden gorkup, gaýdyp,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa.

Kyrk bir ýaşda Alla diýdim, ýol tapaý diýip,
Piri-mugan yzyn yzlap, men öpeý diýip,
Her syr görsem, hyzmat kylyp ýapaý diýip,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa.

Kyrk ikide talyp bolup, ýola girdim,
Yhlas birle ýalňyz Haka köňül berdim,
Arşy-kürsi, lowhdan ötüp, galam tirdim,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa.

Kyrk üçümde ýyglap saňa nala kyldym,
Şowkuň birle gözýaşymy jala kyldym,
Jany-dilim şeýda kylyp, wala kyldym,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa.

Kyrk tördümde muhabbetiň bazarynda,
Ýakam ýyrtyp, ýyglap ýördüm gülzarynda,
Mansur ýanlyg başym berdim yşk darynda,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa.

Kyrk bäşimde senden hajat diläp geldim,
Toba kyldym, her iş kyldym, hata kyldym,

Rahman atly rehmetiňni ulug bildim,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa.

Kyrk altymda şowky-zowkum dolup-daşdy,
Rehmetiňden katra damdy, şeýtan gaçdy,
Hak Ilähim rafyk bolup babyn açdy,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa.

Kyrk ýedimde ýedi ýandan ylham ýetdi,
Saky bolup jam şerabyn Hojam tutdy,
Şeýtan lagyn nebsi-segni özi depdi,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa.

Kyrk sekizde eziz jandan bizar boldum,
Günäh derdi kesel kyldy, bimar boldum,
Ol sebäpden Handan gorkup bidar boldum,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa.

Kyrk dokuzda yşky düşdi, köýüp-ýandym,
Mejnun sypat haýly-hyşdan gaçyp dyndym,
Dürli-dürli jepa tekdi, boýun sundum,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa.

Elligimde «är men» diýdim, pyglym zagyp,
Ganlar dökdüm gözlerimden bagrym ezip,
Nebsim üçin köp ýügürdim, it dek gezip,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa.

Gul Hoja Ahmet, är bolmasaň ölen ýagşy,
Gara ýerde gyzyl ýüzüň solan ýagşy,
Toprak bolup, ýer astynda galan ýagşy,
Zaty ulug, Hojam sygnyp geldim saňa.

## ꕥ 12 ꕥ

«Kulhualla»,[1] «Subhanalla»[2] wird eýlesem,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!
Örtäp, ýanyp, başdan-aýak dert eýlesem,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Elli birde çöller gezip, gyýak iýdim,
Daglar çykyp, tagat kylyp, gözüm ýumdum,
Didaryňny yzlap tapman jandan doýdum,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Elli iki ýaşda geçdim hany-mandan,
Hany-manym ne görüngeý, belki jandan,
Baş tasaddyk, jan tasaddyk hem imandan,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Elli üçde wahdat meýden ruzy kyldy,
«Alla» diýdim, «lepbeýk» diýp, golum aldy,
Ýol azaşan gümrah idim, ýola saldy,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Elli törtde wujutlaýym nalan kyldym,
Magrypetiň meýdanynda jöwlan kyldym,
Ysmagyl dek eziz janym gurban kyldym,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Elli bäşde didar üçin eda boldum,
Köýdüm, ýandym, kül dek taky pena boldum,

---

[1] «Kulhualla» - «Hudaý birdir!». Gurhanda «Yhlas» süresinden birinji aýat.
[2] «Subhanalla» - «Öwgi Hudaýyňkydyr!». Gurhandan bir aýat.

«Bihamdylla»[1] didar üçin geda boldum,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Elli alty ýaşa girdi muňlug başym,
Ýagşylardan bähre almaý içim-daşym,
Toba kylsam, akarmykan gözde ýaşym,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Elli ýedi ýaşda ömrüm ýel dek ötdi,
Eý möminler, amalsyz men, ýaşym katdy,
Wadaryga, essiz ömrüm berbat gitdi,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Elli sekiz ýaşa girdim men bihabar,
Kahhar äýäm nebsimni kyl ziru-ziber,
Medet kylsa, şum nebsimi ursam terer,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Elli dokuz ýaşa ýetdim dadu-perýat,
Janny beren jananymy kylaldym ýat,
Ne ýüz birle zarym aýdaý, kylgyl azat,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Gözni ýumup, tä açynçam ýetdi altmyş,
Bilim baglap kylalmadym men bir ýagşy iş,
Tagat kylmaý bigam ýördüm hem ýazu-gyş,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Altmyş birde bikarar men günähimden,
Eý-a dostlar, köp gorkar men Ilähimden,

[1] «Byhamdylla» - «Hudaýa şükür!». Gurhandan.

Ilden gaçyp, pena diläp, Hudaýymdan,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Altmyş iki ýaşda Alla pertöw saldy,
Başdan-aýak gaflatlarym raha kyldy,
Jany-dilim, aklym-huşum Alla diýdi.
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Altmyş üçde nida geldi, «Gul ýere gir,
Hem janyň men, jananyň men, köňlüňi ber,
Din-şemşirin gola alyp, nebsiňni gyr»,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

Gul Hoja Ahmet, nebsni depdim, nebsni depdim,
Ondan soňra Jananymny yzlap tapdym,
Hak gylyjyn gola alyp, nebsni çapdym,
Biribarym, didaryňny görermenmu?!

**13**

Ol Kadyrym gudrat birle nazar kyldy,
Horram bolup, ýer astyga girdim men-ä.
Garyp bendäň bu dünýäden sapar kyldy,
Mährem bolup, ýer astyga girdim men-ä.

Zäkir bolup, şäkir bolup, Haky tapdym,
Dünýä ukbyn talak kylyp, ýenjip-depdim,
Şeýda bolup, ryswa bolup jandan ötdüm,
Hemdem bolup, ýer astyga girdim men-ä.

Başym toprak, özüm toprak, jismim toprak,
Çyn waslyna ýeter men diýp, ruhum muştak,

Köýdüm, ýandym, bolalmadym hergiz apak,
Şebnem bolup, ýer astyga girdim men-ä.

Bu älemde şyh men diýip, dagwa kyldym,
Nebsim meni hawa kylyp, gowga kyldy,
Destar-peşi püçek pula satyp geldim,
Bidem bolup, ýer astyga girdim men-ä.

Piri-mugan nazar kyldy, şerap içdim,
Şibli ýanlyg semag urup, jan talaşdym,
Mejnun sypat haýlu-hyşdan tänip gaçdym,
Zemzem bolup, ýer astyga girdim men-ä.

Şumlugymdan dagy-daşlar sökdi meni,
Pasyh dilde sögüp aýdy: «töhfäň kany?»,
Aşyk bolsaň owwal baryp Hakny tany,
Aglam bolup, ýer astyga girdim men-ä.

Sizi, bizi Hak ýaratdy tagat üçin,
Eý, bul-ajap, içmek-iýmek rahat üçin,
«Kalu bela» diýdi ruhuň, mähnet üçin,
Edhem bolup, ýer astyga girdim men-ä.

Nebsim üçin köp ýügürdim Haka bakmaý,
Gije-gündiz bigam ýördüm, ýaşym akmaý,
Haýu-höwes, maksadyny otga ýakmaý,
Binem bolup, ýer astyga girdim men-ä.

Kimi görsem, hyzmat kylyp guly boldum,
Aşyklaryň köýüp-öçgen küli boldum,
Toprak sypat ýol üstünde ýoly boldum,
Mährem bolup, ýer astyga girdim men-ä.

Janlar çekip, mähnet dartdym, «bendäm» diýdi,
Ganlar ýuwdup, «Alla» diýdim, rehm eýledi,
Dowzah içre galmasyn diýip, gamym iýdi,
Horram bolup, ýer astyga girdim men-ä.

Ýaşym ýetdi altmyş üçe, bir günçe ýok,
Wadaryga, Haky tapmaý, köňlüm synyk,
Ýer üstünde, «soltan men» diýp, boldum uluk,
Şäkir bolup, ýer astyga girdim men-ä.

Şyh men diýban dawa kylyp, ýolda galdym,
Peşu-destar püçek pula satyp geldim,
Nebsu-howa tugýan kyldy, aryp galdym,
Bidem bolup, ýer astyga girdim men-ä.

Gul Hoja Ahmet, nasyh bolsaň özüňe bol,
Aşyk bolsaň jandan geçip, bir ýola öl,
Nadanlara essiz sözüm bolmas kabul,
Mäkäm bolup, ýer astyga girdim men-ä.

## 14

Subhy-sadyk duşenbe gün ýere girdim,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.
Altmyş üçde sünnet diýdi, eşdip bildim,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Ýer üstünde ýaranlarym matam tutdy,
Älem hemme «soltanym» diýp, nagra dartdy,
Altmyş üçde eşit menden, nesip nätdi,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.



Hoja Ahmet Ýasawynyň 63 ýaşyndan soň giren ýer astyndaky çillehanasy.

«Elwidag!» diýip, ýer astyna gadam goýdum,
Ýaruk dünýän haram kylyp, Haky söýdüm,
Zikrin aýdyp, ýalňyz turup, ýalňyz köýdüm,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Altmyş gündiz, altmyş gije, bir ýol tamam,
Daň atynça namaz kylyp, bir ýol salam,
Altmyş üçde boldy ahyr ömrüm tamam,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

«Taha»[1] okap, daň atynça gaýym boldum,
Gije namaz, gündiz nida, saýym boldum,

---

[1] «Taha» - Gurhandan bir süräniň ady.

Hak Mustapa emr kyldy, awam boldum,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Hak Mustapa ruhy gelip, boldy ymam,
Jümle melek ýer üstünde boldy gulam,
Köp ýygladym Hak Mustapa berdi engam,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Ýol hatarly, çyn ymmatym häzir bolgul,
Muhabbetiň jamyn içip, zäkir bolgul,
Ryýazatnyň butasynda köýüp-ýangyl,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Kyýamatda ýol azaşsaň, ýola salaý,
«Muhammet» diýp, teşne bolsaň, goluň alaý,
«Perzendim» diýp, eliň tutup jennet gireý,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Eý ýaranlar, bu söz eşdip şowkum artdy,
Ymmat diýdi, içu-daşym nurga batdy,
Pertöw salyp didaryny Hak görsetdi,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Didar görüp, ruhum uçup arşa gondy,
Musa sypat wujutlarym köýüp, ýandy,
Bizar bolup bu dünýäden gaçyp, tändi,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Ýere girip, harlyk dartyp, köp muşakgat,
Ýüzu-gözüm toprak kyldym, tapdym rahat,
Eý talyplar, bu ýollarda ýok pyragat,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Tä, muşakgat dartmagynça wasyl kaýda,
Hyzmat kylmaý, derdu-halat bolmas peýda,
Jany-dili tä, kylmasaň Haka şeýda,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Ýer astyga girdim erse bihut boldum,
Gözüm açyp, Mustapany häzir gördüm,
Asy-japy ymmatlaryň halyn sordum,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Eý-a perzent, menden sorsaň kany ymmat?
Ymmat üçin göwsümdedir dagy-hasrat,
Sizler üçin köp dartar men Hakdan külpet,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Her jumga geç, ymmatlarmyň günähini,
Alyp, gelgeý: «Ýa, Muhammet, görgül muny,
Ymmatlaryň näler kylmyş, Ahmet seniň?»,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Men melekden şerm alarmen, eý, ymmatym,
Ýaradandan gorkmasmu sen, pest hümmetim,
Gije ýatmaý, tagat kyldym hoş döwletim,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Ýer astyga girdim dostlar, biygtyýar,
«Ämin» diýňler aly-eshap hem çaryýar,
Ymmatlaryň jürmün geçgil, Perwerdigär,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Gul Hoja Ahmet, men depderi sany aýdym,
Iki älem eşretlerin meýge satdym,

Bidar bolup, egri ýoldan rasta gaýtdym,
Mustapaga matam tutup, girdim menä.

**ꕤ 15 ꕤ**

Melul boldy, bu köňüller eý-a, dostlar,
Diňleseňiz razmy sizge açar biz-ä.
Wepasy ýok, ýalançydyr işbu dünýä,
Könül kesip, baky suzny içer biz-ä.

Bizden burun telim kerwen göçüp durar,
Mälim kylsa, nobat bize ýetip durar,
Melekülmöwt kadah şerbet tutup durar,
Nobat ýetse ol şerbetden içer biz-ä.

Telim kişi emrin tutsa, baş ýügürgek,
Är ol bolar, imanyn kylsa gurulgyk,
Gylyçdan tiz, gyldan inçe Syrat guruk,
Ogan Izim ruzy kylsa geçer biz-ä.

Ýakyn durar işbu ölüm, ermes ýyrak,
Är ol bolar, ahyrete kylsa ýarak,
Niçe ýaksaň ýeleň ýerde ýanmas çyrak,
Ol çyrag dek, bir dem ýanyp-öçer biz-ä.

Din ýarugy şöhle urar aşyklarda,
Niçe ýaksaň, ýanmas çyrag ýazy ýerde,
Janlar çykyp, tenler ýatyp, diri görde,
Ruh boluban bilmen kaýan uçar biz-ä.

Gapyllykda geçdi ömrüm oýnap-gülüp,
Ah urar men, nedamatda ýaşym döküp,

Misgin Ahmet, bu hasratda bagrym köýüp,
Göz ýaşymny saryg ýüze saçar biz-ä.

**ഗ 16 ര**

Salamatdan gam içgen, didaryna ýetdi-ýa,
Pir golundan meý içgen, Hak nuruna batdy-ýa.

Suzy halky bedhüwler, ýamanlyklar kyldylar,[1]
Töhmet kylyp ata:ga, it suratda ötdi-ýa.

Ybraýyma daş urgan, göýä bolar itler dek,
Ynanmasaň görüp, bak, kelip bolup ötdi-ýa.

Şeýtan sözüne girgen, Ybraýyma daş urgan,
Tahtessera astynda, dumdar bolup ötdi-ýa.

Öwlüýäge ýetgenler, dünýäsinden ötgenler,
Yhlas kylgan halaýyk, myradyga ýetdi-ýa,

Gul Hoja Ahmet, nakyl kyl, günähiňni özüň bil,
Gaflat birle ýatmagyl, şeýtan mundag ötdi-ýa.

**ഗ 17 ര**

Aşyklaryň şiwesi, kefti erer miwesi,
Enaýatnyň jilwesi, aryplyga ýetdi-ýa.

La mekannyň şährini, gezgen yşkyň bahryny,
Jan gadryny bilmegen, işbu döwran ötdi-ýa.

---

[1] Bu setiriň: «Akman bilen garaman, köp görüp idi döwran» diýen nusgasy-da bar.

Yşkdan habar bergenler, janyn gurban kylganlar,
Yşk makamy hoş turar, aşyklarga diýdi-ýa.

Aşyk bolsaň didara, goşulmagyl murdara,
Wasyl bolgul didara, pany dünýä ötdi-ýa.

Yşkdan bilgil Hoja Ahmet, jandan geçdi Muhammet,
Dilemedi hiç rahat, «ymmatym» diýp, ötdi-ýa.

**18**

Rehmetiňden namut kylma, men garypny,
Aram almaý ýyglap doga kylaý saňa.
Gijeleri daň atynça bidar bolup,
Gözde ýaşym dynmaý doga kylaý saňa.

Imdi geldim, dergähiňe hümmet baglap,
Janym köýüp, bagrym köýüp, ýürek daglap,
Öten işge ýakam tutup, jary ýyglap,
Yhlas birle, ýyglap doga kylaý saňa,

Köňül bagy sebz edende bilmeý ýördüm,
Ömrüm güli hazan boldy, imdi duýdum,
Dünýä taşlap, ukby işe gadam goýdum,
Hezar dessan, ýyglap doga kylaý saňa.

Bu ýollarda janny ysrap bolmas ermiş,
Jan ysragan bu ýollara girmes ermiş,
Sudy-zyýan bolanyny duýmas ermiş,
Bu hal birle, ýyglap doga kylaý saňa.

Hüw-hüw diýban, Hak ýadyny aýdyp, hoşlap,
Çyn aşyklar geçen ermiş, jandan başlap,
Edhem donun berhem urup, birýan taşlap,
Men hem ondag, ýyglap doga kylaý saňa.

Gul Hoja Ahmet nebs dagyndan çykyp, aşdy,
Penafillah makamyna ýawuklaşdy,
Ýürek-bagrym jan uruban gaýnap-daşdy,
Bu hal birle ýyglap doga kylaý saňa.

## ꕥ 19 ꕥ

«Ýutagmunättaam»[1] aýatyny okar alym,
Magnysyny okamasa bolar zalym,
Magnysyny okaganlaň dony kilim,
Alym görüň kilim geýdi, dostlarym-a.

Alym ol kim, özi okap, özi bilse,
Rahman Taňrym buýrugyna boýun sunsa,
Zahyrynda magny alyp, içge salsa,
Okap aýtmas, alym bolmas, dostlarym-a.

Alym oldur, «lä iläha!»[2] zikrin aýsa,
Many okap, men-menligin goýup ýörse,
Mujahyda dartyp onda mukym dursa,
Tekepbire makam ýokdur, dostlarym-a.

Zamanamyz ahyr bolsa alym gopgaý,
Hasyl kylan amallaryn mala satgaý,

[1] «Ýutagmun-ät taam» - «Mätäçlere tagam iýdirýärler». Gurhandan bir aýat.
[2] «Lä iläha!» - «Alladan başga Taňry ýokdur!». Gurhandan bir aýat.

Halka aýdyp özleri hem gapyl ýatgaý,
Alym ermes, ýalganҫydyr, dostlarym-a.

Ylmy birle ol Azazyl menlik kyldy,
Okap aýtmaslyk mirasy ondan galdy,
Aryp gullar misginlige özün saldy,
Alym özün ýola salar, dostlarym-a.

Aryplary münber üzre ylmyn döker,
Çyn alymlar ylmy birle dürler saçar,
Dünýe malyn alyp berse, düze döker,
Oşol alym alym bolar, dostlarym-a.

Kim ki özün bildi erse, Hakny bildi,
Çyn alymlar düşek-ýassyk daşdan kyldy,
Bildi erse, dünýäsini talak kyldy,
Hakny bilen çyn gul bolar, dostlarym-a.

Alym ol kim, bilmişige amal kylsa,
Her ne oksa, ony aýdyp, ony kylsa,
Alym ýüzi ryýazatda saryg bolsa,
Ýagşy alym oşol durar, dostlarym-a.

Birni alar, müňni salar, alym bolar,
Bu dünýäde gapyl ýörse zalym bolar,
Öz-özüni bilgen alym, çyn gul bolar,
Jandan geçer, sözün saçar, dostlarym-a.

Gul Hoja Ahmet, gullara gul boldy erse,
Gullarynynyň ortasynda ýördi erse,
Diri ýörüp, ölüp göre girdi erse,
Didar görüp, jandan ötgeý, dostlarym-a.

## ꧁ 20 ꧂

«Wel ýäglemunel aleminäni»[1] okyr alym,
Magnysyny okamasdan boldy zalym,
Magnysyny okaganlar geýdi kilim,
Ondag alym, alym bolar dostlarym-a!

Alym oldur, hyşt ýassanyp tahsyl kylsa,
Gije-gündiz Taňrysyga zary kylsa,
«Fel ýädhäku» aýatyny tefsir kylsa,
Ondag alym, alym bolar dostlarym-a!

«Wel ýäbki kesiren»[2] diýp, Taňry aýdy,
Magny okan alym dynmaý ýyglap erdi,
Ýyglaý-ýyglaý hem gözleri agma boldy,
Ondag alym, alym bolar dostlarym-a!

Alym oldur, şerigatda jöwlan kylsa,
Tarykatnyň bazaryga özün salsa,
Muhabbetiň derýasydan göwher alsa,
Ondag alym, alym bolar dostlarym-a!

Alym men diýp, kitab okyr, magny okmas,
Köp aýatnyň magnysyna hergiz ýetmes,
Tekepbirdir, men-menlikden dini tutmas,
Alym ermes, jahyl turar dostlarym-a!

Tekepbirlik Azazylga näler kyldy,
Tekepbirden towky-lagnat oňa saldy,

[1] «Wel ýäglemunel alemine» - «Alymlar bilsinler». Hadysdan.
[2] «Wel ýebki kesiren» - «Köp aglarlar». Hadysdan.

Perişteler görüp onda sežde kyldy,
Sežde kylyp, aman boldy dostlarym-a!

Ylym ikidir, tenu-janga rehber turar,
Jan ylymy Hezretige ýakyn turar,
Muhabbetniň şerabyndan içip turar,
Ondag alym, alym bolar dostlarym-a!

Ten alymy zalymlarga ogşar ermiş,
Beraatnyň aýatynda çün buýurmyş,
Dowzah içre dynmaý daýym köýer ermiş,
Zähri-zakgum içip daýym dostlarym-a!

Gul Hoja Ahmet, alymlara hyzmat kylgyl,
Alymlarnyň sözün eşdip, amal kylgyl,
Amal kylyp, Hak ýolunda janyň bergil,
Amalsyzlar didar görmes dostlarym-a!

**21**

Dynmaý aşyk «Hüw» diýrler, Hudaýyga ýalbaryp,
Eser etdik yşkyndan gije-gündiz sargaryp.

Zar ýygladyp aşykny yşk elinde Hudaýym!
Yşk ýolunda melamat, oňa görüp mynasyp.

Mansur bir gün ýyglady, erenler rehm eýledi.
Çilten şerbet içirdi, Mansura rehmin salyp.

Mansur aýdar «Enel-Hak», erenler işi berhak,
Mollalar aýdar nähak, köňlüge ýaman alyp.

Bilmediler «Enel-Hak» magnysyny jahyllar,
Jahyllara hal ylmyn görmedi Hak mynasyp.

Rowaýatlar bitildi, Mansurny «kapyr» diýdi,
Haly-dilin bilmedi, kowdular kesek atyp.

Efzanadyr — şerigat, ferzanadyr — tarykat,
Dürdänedir — hakykat yşk elinde mynasyp.

Akyzdylar ganyny, çykardylar janyny,
Mansur dek öwlüýäni, goýdular darga asyp.

«Bigäne» diýp mollalar Mansurny öldürdiler,
«Kapyr» diýip urdular, üç ýüz molla dalaşyp.

Külün gökge sowurdy, eltip derýaga saldy,
Yşk derýasy möwç urdy, akdy derýalar daşyp.

Oşol güni ol derýa, kylar perýat waýweýla,
Aşyklara Hudaýym kylgyl didar Ýa nesip.

Halky älem ýyglady, Mansur diýip eňredi,
Mansurnyň ýaranlary galdy onda ýyglaşyp.

Toba kylgyl, Gul Ahmet, Hakdan bolgaý enaýat,
Ýüz-müň öwlüýä ötdi, syryn-syrga ulaşyp.

**22**

Gudrat birle Hakdan bizge perman boldy,
Düýpsüz deňiz içre ýalňyz düşdüm, dostlar.

Ogan Izim ol deňizge perman kyldy,
Byhamdulla, suhty-telim geçdim, dostlar.

Ýaşym ýetdi, ruhum gitdi, göge uçdum.
Bahre daşdy, nebsim gaçdy, ýere düşdüm,
Nebsi şeýtan heýli birle köp uruşdym,
Sabru-ryza makamyna aşdym, dostlar.

Dokuzymda dükan düzdüm, tokunmadym,
On ýaşymda oň ýol tapdym, gaýrylmadym,
Onbirimde öz nebsime zabyt boldum,
Pakru-pena makamyna aşdym, dostlar.

On ikimde barça erwah kelam kyldy,
Hüýrler garşy gelip maňa salam kyldy,
Syr şerbetin saky bolup, maňa sundy,
Edep birle ondan alyp, içdim, dostlar.

On üçümde guwwas bolup derýa çümdüm,
Magrypetiň göwherlerniň syryn tirdim,
Şemin görüp, perwana dek özüm urdum,
Bihuş bolup, aklym ýitdi, çaşdym, dostlar.

On dördümde toprak sypat, harlyk dartdym,
«Hüw-hüw» diýu başym birle tünler gatdym,
Müň altynlyk gyýmatyny bire satdym,
Ondan soňra ganat tokup, uçdum, dostlar.

Onbäşimde dergähiňe ýa:nyp geldim,
Ýazyk bile her iş kyldym, hata kyldym.
Toba kylyp Haka boýun sunup geldim,
Toba kylyp, ýazyklardan gaçdym, dostlar.

Jebraýyl wahyý getirdi Hak Resulga,
Aýat geldi: «Zikr eýlegil, juzwe-küllge»,
Hydyr babam saldy meni işbu ýolga,
Ondan soňra derýa bolup daşdym, dostlar.

Şerigatyň bossanynda jöwlan kyldym,
Tarykatyň gülzarynda seýran kyldym,
Hakykatdan ganat tokup, taýran kyldym,
Magrypetiň işigini açdym, dostlar.

«El est»[1] hamryn piri-mugan doýa berdi,
Içiberdim, mukdarymça guýyberdi,
Gul Hoja Ahmet, içim-daşym köýüberdi,
Talyplara dürri-göwher saçdym, dostlar.



**Hoja Ahmet Ýasawynyň türbesindäki XIV asyrda ýasalan 40 gulak gazany.**

[1] «El est» - «Ruhlaryň ýaradylan güni». Gurhandan bir aýat.

## ꕥ 23 ꕥ

Yşk syryny beýan kylsam aşyklara,
Takat kylmaý, başyn alyp gider, dostlar.
Daga-daşa başyn urup, bihut bolup,
Ähiliýal, hany-mandan öter, dostlar.

Yşk şitdeti başa düşse aşyk ýyglar,
Bigäneler daşlar atyp, ony kowlar,
Diwana diýip, başyn ýaryp, gana bular,
Şäkir bolup, hamdu-sena aýdar, dostlar.

Yşksyzlaryň hem jany ýok, hem imany,
Resulalla sözün aýdym, magny-käni,
Niçe aýtsam eşitgiji dana kany?!
Bihabara aýtsam köňli gatar, dostlar.

Yşk göwheri düýpsüz derýa içre pynhan,
Jandan geçip göwher alan boldy janan,
Bulhöwesler aşyk men diýip, ýolda galan,
Dinlerini püçek pula satar, dostlar.

Aşyk bolsaň tün ukyny kylgyl haram,
Gije-gündiz Haky istäp, ýygla mydam,
Ondan soňra Hakdan gelgeý saňa peýam,
Has gullary Hak nuruna batar, dostlar.

Oda köýdüm, jandan doýdum, haýran boldum,
Bu niçik ot, köýmeý-ýanmaý büryan boldum,
Muhabbetiň adyn eşdip, giryan boldum,
Gözi giryan myradyna ýeter, dostlar.

Zar eňräban gan ýyglagyl, rehmi gelsin,
Ýoldan azsaň rehm eýläban ýola salsyn,
«Ämin» diýgin, piri-mugan goluň alsyn,
Hyzmat kylan ahyr myrat tapar, dostlar.

Zamana ahyry bolsa huýyň gitdi,
Resulalla wadalary ýawuk ýetdi,
Has gullary ýagşy söze gulak tutdy,
Ýaman gullar günden-güne beter, dostlar.

«Külli ýowmun beterün»[1] diýdi, Hak Mustapa,
Ymmat bolsaň, gulak salgyl ähli-wepa,
Ýagşylaryň ejrin berer, betge jepa,
Kyýamat gün jezalaryn dartar, dostlar.

Pysky-pujur howa kylyp ýerni basmas,
Ruza-namaz kaza kylyp, miswak asmas,
Resulalla sünnetlerin gözge almas,
Günäleri günden-güne artar, dostlar.

Dünýedarlar malyn görüp, howa kylar,
Men-menlikden ol dagwyýe-Huda kylar,
Öler wagtda imanyndan jyda galar,
Jan bererde ýyglaý-ýyglaý ýatar, dostlar.

Kamug dünýä ýykanlary walla, gördüm,
Jan bererde: «Niçik sen?» diýp, halyn sordum,
Şeýtan aýdy: «Imanyňa çeňgal urdum»,
Öler wagtda hasrat bile gider, dostlar.

---

[1] «Külli ýowmun beterün» - «Ýagdaý gün-günden beter bolar». Gurhandan bir aýat.

Gul Hoja Ahmet, aşyk bolsaň, janyň köýsün,
Sydkyň birle Alla diýgil, Taňry söýsün,
Doga kylgyl, mömin gullar dünýä goýsun,
Dünýä goýan ahyrýetin tapar, dostlar.

**࿐ 24 ࿐**

Ýaradan, Biribarym ýolun yzlap,
Şeýtan-lagyn ýollaryndan gaýdyň, dostlar.
Yhlas birle muhabbetiň jamyn alyp,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

«Hüw» zikrini aýdyp içgen jamy-şerap,
Ýol üstünde eziz başy misli turap,
Alla üçin haly harap, bagry kebap,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

Astanaga başyň goýup zary kylgyl,
Halka gurup, kim zikr etse ýary bergil,
Zikrin edip, halka içre dürler tirgil,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

Alla diýen, gand-u-asal peýda kyldy,
Jany-dilin Hak ýolunda şeýda kyldy,
Munda mähnet, onda rahat garşy geldi,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

Amal kylmaý, alym ylmyn basyp ýörgeý,
Taňla barsa, dar lahatda jany köýgeý,
Alla Resul: «Diniň kim?» diýp, haýbat kylgaý,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

Müňkür-Nekir «Men rebbik» diýp, sowal kylgaý,
Kal ylmyndan bir nuktesi kär kylmagaý,
Wa hasrat-a, amalsyzlar niçik kylgaý,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

Kalyň-çyrag, halyň-pelte, ýagy-ýaşyň,
Niçe aýtsam, bähre almas içu-daşyň,
Ýol üstünde toprak bolsun eziz başyň,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

Zahyr bitip, batyn düzüp, alym bolsaň,
Ruzy-magşar goluň tutar, taňla barsaň,
Wa-weýleta, nedamat ýip ýolda galsaň,
Jan-u dilde Hak zikrini ediň, dostlar.

Essiz alym amal kylmaý ýolda galar,
Okap-okmaý düne malyn golga alar,
Men-menlikde essiz ömrün zaýyg kylar,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

Alym ol kim, jandan geçip ýola girse,
Dünýä goýup, ahretniň gamyn iýse,
Hakdan gorkup, şamu-säher «Rebbim» diýse,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

Ondag alym iki gözi girýan bolar,
Hak ýolunda bagry köýüp, bürýan bolar,
Gurhan okap, Hakdan gorkup, nalan bolar,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

Pany kylgyl şum nebsiňi, pana gitsin,[1]
Gyna nebsiň, bu dünýäden ýyglap gitsin,
Toprak bolgul, älem halky basyp ötsün,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň dostlar.

Harlyk dartyp Hak Mustapa ymmat diýdi,
Asy-japy ymmatlarnyň gamyn iýdi,
Onuň üçin ymmatlary kuwwat aldy,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

Ymmat üçin bagrynda ýok zerre bütin,
Ymmat diýse damagyndan çykar tütün,
Hak Mustapa kylgaýmykan bizni ötün,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

Gul Hoja Ahmet, alaý diýseň Hakdan ülüş,
Baýezit dek nebsiň bile tün-gün uruş,
Eý bihabar, ymmat erseň budur röwüş,
Jan-u dilden Hak zikrini ediň, dostlar.

**ꕥ 25 ꕥ**

Kaýu mahluk Halygyna mutug bolsa,
Älem halky oşol gulny söýer, dostlar.
Ýadyn aýdyp, bagry bişip, içi köýse,
Dem urarda, sansyz uçgun uçar, dostlar.

Dili, köňli, sydky birle zäkir bolup,
Üç ýüz altmyş damarlary nura dolup,

[1] Bu setiriň: «Harlyk dartgyl, kapyr nebsiň başy gatsyn» diýen görnüşi-de bar.

Ýazydaky bilbil guş dek wala bolup,
Saýra kylyp, şahdan-şaha gonar, dostlar.

Bul köňülniň bossanydyr ajap bossan,
Içinde saýraşar bilbil hezar dessan,
Tün-gijeler bir şah üzre dürli elwan,
Nygmatlarnyň bişenini görer, dostlar.

Zahyrdaky kyýas birle aýdyp bolmas,[1]
Zahyr gözni tutmuş gaflat, bakyp bolmas,
Batyn nygmat şükürini gapyl kylmas,
Batyn gözi ir açylsa, görer, dostlar.

Batyn gözi ir açylsa galmas perde,
Janyň gözi girýan bolar oşol ýerde,
Ruhy munda, teni baryp gara ýerde,[2]
Iman nury birle bakyp, görer, dostlar.

Gul Hoja Ahmet Ýasawynyň işbu sözi,
Ajap ermes, bakyp görer syrny gözi,
Penafille makamynda öznüň-özi,
Penalyk içire bakyp, görer, dostlar.

**❧ 26 ☙**

Muhabbetiň şerabyndan dadyrmasa,
Jan-u köňlüm hasrat birle gider, dostlar,
Alla ýadyn wird eýlemeý ölüp gitsem,
Essiz ömrüm hasrat birle öter, dostlar.

---

[1] Bu setiriň: «Zahyr nygmat şükürini gapyl bilmes» diýen nusgasy-da bar.
[2] Bu setiriň: «Açylar gider, galmas hiç bir hijap syrda» diýen görnüşi-de bar.

Alla diýen aşyklary Byrak mündi,
Magşugyndan jepa degse boýun sundy,
Tarykatyň bazarynda jöwlan kyldy,
Hakykatyň derýasyndan öter, dostlar.

Hakykatyň göwherinden alan kişi,
Özi muňlug, köňli synyk, gözde ýaşy,
Harlyk-zarlyk, muşakgatlar daýym işi,
Bu dünýäni püçek pula satar, dostlar.

Hakykatly çyn aşyklar köňli ölük,
Üç ýüz altmyş, dört ýüz kyrk dört — erer sülük,
Sözi zerrin, hulky-huşy ýüz-müň dürlük,
Didaryny talap kylan tapar, dostlar.

Aryp-aşyk bolaý diýseň, elem dartgyl,
Didaryny talap kylsaň, tünler gatgyl,
Bu dünýäniň eşretlerin taşlap ötgül,
Taşlap ötseň maýu-menlik gider, dostlar.

Günä kylyp, toba kylmaý gidenleri,
Hakdan gorkmaý, gaflat bile ýatanlary,
Dünýä üçin iman-yslam satanlary,
Syrat atly güzergähde tutar, dostlar.

Kyýamatnyň şitdetini bilmegenler,
Gatyg azap, dar lahatdan gorkmaganlar,
Hak gahryndan gorkup ýaşyn dökmegenler,
Dowzah içre ýüz-müň azap dartar, dostlar.

Ötdi ömrüm şerigata ýetelmedim,
Şerigatsyz tarykata ötelmedim,

Hakykatsyz magrypete batalmadym,
Gatyg ýoldur, pirsiz niçik öter, dostlar.

Gul Hoja Ahmet, nebsim saldy işbu ýola,
Onuň üçin gaçdym dostlar, çölden-çöle,
Alla diýdim, hiç bakmadym öňden-sola,
Alla diýen şowk-şerabyn dadar, dostlar.

**27**

Gözüm nemli, köňül gamly, jan elemli,
Niçik alaç ederimni bilmem, dostlar.
Bu hasratda, nedamatda başym gatyp,
Kaýu tarap giderimni bilmem, dostlar.

Dürli-dürli alam kylar boldy Huda,
Ýüregimde jerahatlar boldy peýda,
Bu dünýäde lahza paryg bolmak kaýda,
Niçik alaç ederimni bilmem, dostlar.

Alla üçin ogul-gyzym ýetim kylsam,
Jandan geçip, maldan geçip, garyp bolsam,
Beýabanda ýalňyz gaz dek nala kylsam,
Niçik alaç ederimni bilmem, dostlar.

Has gullar dek gijelerde gaýym bolsam,
Merdanlar dek gündizlerde saýym bolsam,
Gijeleri aram almaý «Rebbim!» diýsem,
Niçik alaç ederimni bilmem, dostlar.

Tohmy-usýan bihet seçdim, tagatym az,
Ötdi ömrüm gaflat birle hem gyşy-ýaz,

Ýakyn durar, janym guşy kylsa perwaz,
Niçik alaç ederimni bilmem, dostlar.

Gul Hoja Ahmet, hyzmatynda jan bermese,
Daýhan imes, kätmen çapyp nan iýmese,[1]
Nesim degmeý gül-gunçaga nem bolmasa,
Niçik alaç ederimni bilmem, dostlar.

Bendäm diýseň, Gul Hoja Ahmet kemniň-kemi,
Ruzy-gaflat ötgermesem sensiz demi,
Iş ötensoň kylmas kabul bu tobamy,
Taňrym kabul ederini bilmem, dostlar.

## 28

Hoş gaýypdan ýetişdi, bir jemagat derwüşler,
Batynynda «Hüw» diýrler, syrry-nahan derwüşler.

Dynmaý rowan ýörerler, dynsa tekbir aýdarlar,[2]
Tapsa söhbet tutarlar, hoş söhbetlik derwüşler.

Jindeleri pür-selah, tesbihleri «Illallah»,
Hyzmat kylsaň eý, wallah, billahurdyr derwüşler.

Asly pahryn bilseler, wujud şährin gezseler,
Zahyr-batyn düzseler, sagadatlyk derwüşler.

Meşaýyhlar syr-esrar, hyzmatynda bol zynhar,
Pygamberden ýadygär galan erer derwüşler.

[1] Bu sözüň: «... nan bermese» diýen görnüşi-de bar.
[2] Bu setiriň: «...dynsa tekrar kylarlar» diýen nusgasy hem bar.

Jindeleri egninde, asalary elinde,
Izim ýady köňlünde, Alla diýer derwüşler.

Gul Hoja Ahmet misgin bol, misginlerden many sor,
Derwüşlere huzur goý, guş dek uçar derwüşler.[1]

## ꧁ 29 ꧂

Hak ýadyny eden köňül röwşen bolar,
Zikr ýadyn etse köňül nurga dolar,
Pysk-u pesat zeňgarlary açlyp durar,
Köňül gözün açyp onda görer, dostlar.

Hak zikrini köňül içre ja kylmasa,
Özden geçip, halka tehi-pa bolmasa,
Açyk ýüzli, gül-gunça dek wa bolmasa,
Maksadyna niçik onda ýeter, dostlar.[2]

Piri-kämil hem mükemmel bolan kişi,
Şemsi-kamar ýanlyg erer içi-daşy,
Zerre galmas, köňül içre gallu-gaşy,
Nazar kylsa her ýanyny görer, dostlar.

Töwekgelni rast kylanlar ýola girdi,
Endişeden köňül üzen, haly kyldy,

---

[1] Käbir golýazmalarda bu gazalyň ahyrky jümlesi «Hüw» guşudyr derwüşler» diýen görnüşlisi-de bar.
[2] Bu bendiň: «Yz bolmady, ol kim tehi-pa bolmady,
Merdanlaryň hyzmatynda ja bolmady,
Gül-gunçasy nesim degmeý wa bolmady,
Wa etmeýin, niçik anda ýeter, dostlar» diýen nusgasy hem bar.

Hak wehminden göz ýaşyny jary kyldy,
Hakdan gorksaň, barça senden gorkar, dostlar.

Gul Hoja Ahmet, masuwadan köňül üzdür,
Hümmet kylsa, Hak ýadyna köňül gözdür,
Erenleriň hikmetinde işbu syrdyr,
Hümmet kylan syr derýaga batar, dostlar.

**꧁ 30 ꧂**

Şerigatyň ýollarynda tahsyl kylyp,
Hak ýoluna rastlyk birle girgüm geler.
Pygamberiň sünnetini terk etmeýin,
Sorap-istäp, erenleri görgüm geler.

Terk ediban bu dünýäni tarykatda,
Şowklanyban köýüp-ýanyp magrypetde,
Teslim edip işbu jany — hakykatda,
Pena bolup, Hak didaryn görgüm geler.[1]

Pena bulup Haky söýen erenlerden,
Ylham geldi, jan içinde jananlardan,
Menem munda geçip jümle hany mandan,
Ol makamda Haka ýakyn bolgum geler.

Görmeý, bilmeý, lap urmagyl rast ergüseň,
Ol makamy-a:ly erer, eger bilseň,
Rastlyk bile Haky söýgül, aşyk erseň,
Görüp, bilip Hak ýoluny sorgum geler.

[1] Bu setiriň: «Rastlyk birle Hak ýoluna girgüm geler» diýen görnüşi-de bar.

Erenleriň hyzmatynda ýügrüp-ýelip,
Hak Tagala lutf eýlese nazar salyp,
Hakykat(yň) manysyndan dürler alyp,
Gymmatyny bilgen halka satgum geler.

Misgin Ahmet Hak ryzasyn yzlar imdi,
Aşyklar dek didaryny gözlär imdi,
Ýaşy dynmaý, hikmet sözni sözlär imdi,
Kabul bolsa, didaryny görgüm geler.[1]

**꧁ 31 ꧂**

Aryp-aşyk Hak mülkünde elem dartsa,
On sekiz müň, kamug älem, gul-gul bolar.
Köňül guşy şowk ganatyn tokup uçsa,
Jümle wujut ýadyn saýrar, bilbil bolar.

Muhabbetiň bossanyna özün salsa,
Magrypetiň meýdanynda jöwlan kylsa,
Syr şerbetin içip aşyk ruhy gansa,
Müweddetiň gülzarynda hoş gül bolar.

«Elest» hamryn berse kime oşol saky,
Bilgil mydam esru durar meňgu-baky,
Tenin-janyn köýdürer ol şowk-yhraky,
Içi köýer, ýakylyban hem kül bolar.

Zahyrlaryn ady bile bezegenler,
Batynlaryn ýady bile düzegenler,

---

[1] Bu bendiň: «Hak ýadyny daýym mydam sözlär imdi,
Alla adyn, Hak didaryn görgüm geler» diýen nusgasy hem bar.

Şowk oduny köňül içre gizlegenler,[1]
Masuwalla birle haçan meşgul bolar.

Erenleri Hak ýadyndan gapyl ýörmes,
«Rijälun lä tülhihum»[2] diýr, Halykynnäs,
Eren ýolun tutan hergiz ýolda galmas,
Ol hezretde syr esrary makbul bolar.

Tarykatdyr oşol ýolny bilse derwüş,
Magrypetiň matagyny alsa derwüş,
Özge ýolny bady-howa sansa derwüş,
Hakykatyň meýdanynda är ol bolar.

Gatyglangyl, eý, Gul Ahmet, ýola girgil,
Gulny görseň guly bolup, magny sorgul,
Hak ilähim ruzy kylsa, magny algyl,
Magny alan erenleri çyn gul bolar.

**32**

Suhan eýäm bendesine lutf eýlese,
Içi köýüp, daşy ýanyp, büryan bolar.
Pir etegin tutup aşyk ýola girse,
Haky yzlap, iki gözi giryan bolar.

Yşk ýolunda gije-gündiz ýyglaganlar,
Jandan geçip, bilin mäkäm baglaganlar,
Hyzmat kylyp Hak syryny aňlaganlar,
Tün ukyny haram kylyp, nalan bolar.

---

[1] Bu setiriň: «Şowk oduny iç-köňülde gömegenler» diýen nusgasy-da bar.
[2] «Rijälun lä tülhihum» - «Boş zada (biderek zada) güýmenmeýän adamlar». Gurhandan bir aýat.

Wadaryg-a, yşk ýolunda janyň bermeý,
Guwwas bolup ol derýadan göwher tirmeý,
Hakdan özge gaflatlary arka salmaý,
Taňla barsa nedamatlar çendan bolar.

Janyň gynap, zakgum çeýnäp, aşyk bolgul,
Başyň oýnap, dyzyň bükläp sadyk bolgul,[1]
Ondan soňra dergähine laýyk bolgul,
Janyň berseň, rehm eýlese janan bolar.

Diwanaýy-juludamu Hakny tapan,
Şemşiri Hak gola alyp, nebsni çapan,
Kaýda barsa gözni ýumup, syrny tapan,
Ondag syrny tapan kişi merdan bolar.

Aşyk bolsaň Baýazit dek özüň satgyl,
Walla-billä dünýä haram, taşlap ötgül,
Ganlar döküp gözleriňden, tünler gatgyl,
Bir lahzada şeýtan mülki weýran bolar.

Daň atynça zikrin etgil janyň birle,
Dag-u çöli bossan kylgyl, ganyň birle,
Daşdan gaty daşda ýatgyl, ýanyň birle,
Ýoldan azan ýüz-müň gapyl merdan bolar.

Daşdan gaty başy görseň, bihabarlar,
Ukba işin arka taşlap, dünýä yzlar,
Aýat, hadys beýan kylsaň gaty sözlär,
Zahyr adam batynlary şeýtan bolar.

[1] Bu setiriň: «Ýaşyň döküp, gözüň suwlap, sadyk bolgul» diýen nusgasy-da bar.

Zikrin etgil, ganlar aksyn gözleriňden,
Hikmet aýtgyl, dürler damsyn sözleriňden,
Güller össün, her bir basan yzlaryňdan,
Güle baksaň, gül açylyp, bossan bolar.

Säherlerde irte gopup, ganlar ýuwtgul,
Piri-mugan eteklerin mäkäm tutgul,
Haka aşyk bolan bolsaň, jandan ötgül,
Jandan geçen çyn aşyklar urýan bolar.

Bu älemde pakyrlyga takat kylan,[1]
Harlyk dartyp muşakgaty rahat bilen,
Gul Hoja Ahmet ýagşylara hyzmat kylan,
Kyýamat gün ondag kişi soltan bolar.

**ꕤ 33 ꕤ**

Alla ýadyn aýdar gullar magny bilen,
Bimagnyga hergiz köňül bermes bolar.[2]
Alla diýen aşyk gullar daýym mydam,
Hak ýadyndan zerre gapyl bolmas bolar.

Gapyl bolmas Hak ýadyndan tünler tamam,
Halal lukma talap kylar, iýmes haram,
Derwüş gerek oşol sypat birle mydam,
Gul bolar ol, gullugyndan dänmes bolar.

Gul boluban gulluk kylar hojasyna,
Tenin, janyn aýamas ol jepasyna,

---

[1] Bu setiriň: «Bu älemde pakyrlygy adat kylan» diýen nusgasy-da bar.
[2] Bu setiriň: «Bimanyga hergiz gulak salmas bolar» diýen görnüşi-de bar.

Sabr bolup, umyt tutar wadasyna,
Wadasyndan çyn aşyklar dänmes bolar.

Jepa çekmeý aşyk bolmas diňle, gapyl,
Jepa çekip sabyr bolgul, bolma jahyl,
Ryza bolup, gulluk kylan bolar a:kyl,
Jahyl adam gullugyna ýa:nmas bolar,

Gul men diýban, Hak emrini kylmaganlar,
Gudratyny görüp ybrat almaganlar,
Iman-yslam ahkamlaryn bilmegenler,
Ulug günde gyzyl ýüzli bolmas bolar.

Hak ýolunyň şowky köpdür bilgenlere,[1]
Gorkunç bile ýetgil oşol ölgenlere,
Asan görner ýoly mydam ýörgenlere,
Ondag gullar gör azabyn bilmes bolar.

Alla diýgil Gul Hoja Ahmet, ýaşyň akgaý,
Ötgen aryp hümmet birle goluň tutgaý,
Rehmi gelse Rahym, Möwlüm rehim kylgaý,
Hoja gulny hergiz zaýyg goýmas bolar.

**34**

Kaýu ýerde ezizlerniň jemgy bolsa,
Hal ylmyny oşol ýerde aýtgum geler.
Men olaryň söhbetine hoşlansam men,
Özümni (men) özlerige gatgum geler.

[1] Bu setiriň: «Hak ýolunyň howpy ýokdur bilgenlere» diýen nusgasy hem bar.

Hoş söhbetlik ezizlere janym bersem,
Häki-paýyn gözlerime sürme kylsam,
Hyzmat kylyp ýagşylardan doga alsam,
Ondan soňra şowk-şerabyn datgum geler.

Şowk-şerabyn dadan kylar dünýä talak,
Hydyr babam gelip oňa berer sapak,
Dünýä ukbun depip bergil ýüz-müň talak,
Ondag äre eziz janym bergüm geler.

Wadaryg-a, hemme huplar ýyglap ötdi,
Enesinden dogdy erse, matam tutdy,
Gözüm ýumup tä açynçam, ömrüm ötdi,
Bu dünýäni püçek pula satgum geler.

Zamana ahyry bolsa akyl gitgeý,
Adam ogly bir-birini tutup, depgeý,
Dünýä üçin iman-yslam dinin satgaý,
Nadanlara bu sözleri aýtgum geler.

Dili birle «ymmat men» diýp, ýalan sözlär,
Kişi malyn almak üçin herýan gözlär,
Halalyny munda goýup haram yzlar,
Alymlara Hak sözüni aýtgum geler.

«Ymmat men» diýp, kylalmasaň ölen ýagşy,
Gara ýeriň garnyn ýaryp, giren ýagşy,
Gyzyl ýüzüň reňgi gidip, solan ýagşy,
Piri-mugan hyzmatyna ýetgüm geler.

Aşyk bolsaň göz ýaşyňy saçyp ötgül,
Edhem sypat tagty-bagtdan geçip ötgül,

Baýezit dek dünýä ukbun depip ötgül,
Lutf eýlese, dünýäsinden ötgüm geler.

Melaýyklar bir gün ýyglyp söhbet gurdy,
Raksy-semag urmak üçin ýügrüp ýördi,
Magraç üzre hak Mustapa muny gördi,
Imdi men hem raks-u semag urgum geler.

Magraç üzre Hak Mustapa özden gitdi,
Jebraýyly Muhammediň başyn tutdy,
Gudrat birle Suhan eýäm zikr ögretdi,
Ymmat bolsam, men hem zikrin aýtgum geler.

Gul Hoja Ahmet, dünýä görseň zynhar gaçgyl,
Zikrin edip, tarykatyň ýolun açgyl,
Aýat, hadys sözler birle dürler saçgyl,
Erenlerden dürri-göwher algum geler.

**❧ 35 ☙**

Dostlaryga açmyş Izim göwherini,
Asan birle bu göwherden alsa bolmas.
Renç dartmaýyn, gelip piriň hyzmatyna,
Işbu syryň saraýyna girse bolmas.

Aşyk gullar hülle geýip, Byrak müner,
Hüýru-kusur, öňde-solda perişteler,
Ol Byraga bakyp onda haýran galar,
Aşyk bolmaý ol Byraga münse bolmas.

Aşyk bolmaý, münse bolmas ol Byraga,
Byrak münmeý ýetip bolmas, ýol yraga,

Rahman Taňrym rehim kylyp, girgiz ýola,
Kylawuzsyz işbu ýola girse bolmas.

Erenleriň yzyn yzlap ýola girseň,
Geçgil pany dünýäsinden çyn gul erseň,
Kylawuzsyz işbu ýola girer bolsaň,
Yzlap ony tapmagynça girse bolmas.

Muhabbetiň derýasyna çümüp, batgyl,
Aşyklaryň söhbetine özüň gatgyl,
Muhabbetiň bazarynda özüň satgyl,
Özüň satmaý Hak rehmetin alsa bolmas.

Şerigatyň meýdanyna özüň salmaý,
Tarykatyň bossanynda jöwlan kylmaý,
Hakykatyň derýasyndan göwher almaý,
Magrypetiň edebini bilse bolmas.

Gul Hoja Ahmet, Hak ýolunda durgul mydam,
Aşyklara derman berer alatdowam,
Zagyp gulnuň arzuwydyr Daressalam,
Aşyk bolmaý Daressalam girse bolmas.

**36**

Muhabbetiň derýasyna çümmeginçä,
Eý dostlarym, yşk göwherin alsa bolmas,
Daň atynça perýat urup, yňranmaýyn,
Sarraf bolup, yşk derdini bilse bolmas.

Yşk derdini bilgen kişi dünýä deper,
Nala kylyp, köýüp-ýanyp ýaşyn seper,

Muhabbetden habar beren Hakny tapar,[1]
Ýaşy akmaý, ryýazatda solsa bolmas.

Haka aşyk bolanlaryň seňgi mähek,
Bu älemde mekan kylmas jaýy pelek,
Nebsi ölük, köňli tirik, misli melek,
Mundag bolmaý, syrdan bähre alsa bolmas.

Tirik ölmeý mejazyga ras sözlemes,
Hakykatyň şahy birle, raz edilmes,
Jandan geçip, baş oýnamaý halys bolmas,
Halys bolmaý, dünýä ukbun salsa bolmas.

Yhlas gerek eý-a talyp, aşyk bolsaň,
Myradyňy berer ahyr sadyk bolsaň,
Muhup bolup, dergähine laýyk bolsaň,
Laýyk bolmaý didaryny görse bolmas.

Aşyklara derd-u-bela, apat gerek,
Hakdan bizar, jan berere rahat gerek,
Melamata, ihanata takat gerek,
Takat kylmaý, Haka aşyk bolsa bolmas.

Yşksyzlarny gördüm erse bürýan bolar,
Mömün men diýp, imanlaryn weýran kylar,
Ruzy-magşar didar görmeý, sersaň bolar,
Piri-mugan nazar kylmaý, görse bolmas.

Aşyklary mähnet istär, jandan bizar,
Ruza-namaz, tesbihleri Perwerdigär,

---

[1] Bu setiriň: «Erenleriň yzyn alyp, dynmaý öper» diýen nusgasy hem bar.

Dynmaý daýym tesbih aýdar, bolup bidar,
«Ýar istemeý, bende men» diýp, ýörse bolmas.

Tarykatyň şowky-zowky köýmek-ýanmak,
Hakdan özge bigäneden gaçyp-tänmek,
Ýüz-müň dürli jepa kylsa, boýun sunmak,
Boýun sunmaý yşk dükanyn gursa bolmas.

Nadan kim diýp sorsa aýdyň, bihabarlar,
Hakdan gaçyp näjynslary sorap, yzlar,
Aýat, hadys beýan kylsa, gatyg sözlär,
Hemdem bolup, nadan birle ýörse bolmas.

Zynhar-zynhar gaçagörgül, bolsa nadan,
Hak ýadyny her kim etse oşol merdan,
Janny-jana peýwent kylsa, bulgaý janan,
Ursa-sökse ol ezizden dänse bolmas.

Teperrikdir ol ezizden ülüş alyň,
Astanasyn ýassanyban ýolun soruň,
Ýol görsetse, jany-dilni berbat kylyň,
Berbat kylmaý Hak ýoluna girse bolmas.

Aşyklaryň halk içinde syry pynhan,
Ahy-serdi göge ýeter, reňgi hazan,
Gözi girýan, bagry büryan, hana weýran,
Mundag bolmaý, Hak ýoluny bilse bolmas.

Gul Hoja Ahmet, zahyt bolma, aşyk bolgul,
Bu ýollarda bibäk ýörme, sadyk bolgul,

Başdan-aýak derde dolgul, kanyg bolgul,
Kanyg bolmaý, yşk dawasyn kylsa bolmas.[1]

**37**

Gudrat birle perman kyldy Möwlam bizge,
Ýerde-gökde janly mahluk galmas ermiş.
Kabyz kyldy, Ezraýyly älem üzre,
Eziz jany almagynça goýmas ermiş.

«Başym meniň ýaş turar» diýp ýörer erdim,
Herne hasyl bolsa «az» diýp, aýdar erdim,
Dürli-dürli, ýalan dagwa kylar erdim,
Imdi bildim, men aýtgan dek bolmas ermiş.

«Dünýä meniň mülküm» diýgen soltanlara,
Älem malyn sansyz ýygyp alganlara,
Eşret birle meşgul bolup ýörgenlere,
Ölüm gelse biri wepa kylmas ermiş.

Magrur bolmaň, eý, dostlarym eşret edip,
Eşret birle gije-gündiz bihut ýatyp,
Jan alyjy geler ermiş bir gün ýetip,
Mundag ýerde gapyl ýörse, bolmas ermiş.

Gul Hoja Ahmet, öleriňni bilegörgül,
Ahyretniň ýaragyny kylagörgül,
Öler men diýp, ýol başynda duragörgül,
Melekül-möwt gelse pursat goýmas ermiş.

---

[1] Bu iki setiriň: «Leýli-Mejnun, Perhat-Şirin, Wamyk bolgul,
Aşyk bolmaý Hak didaryn görse bolmas» diýen görnüşi-de bar.

## ☙ 38 ❧

Aryp-aşyk şowky birle kyýamat gün,
Huda birle bahsy-jowap kylar ermiş.
Bu älemde dartgan jebru-jepalaryn,
Göwsün ýaryp, Hak gaşyna serer ermiş.

Bu älemde kyldyň meni halka ryswa,
«Didarymny görer sen» diýp, kyldyň şeýda,
Älem halkyn duşman kylyp, saldy gowga,
Hudaýyga baryp arz kylar ermiş.

Didarymny arzuw kylsaň gije ýatma,
Bu dünýäniň tagmasyndan zerre datma,
Haldan sorsa, nadanlara syrny satma,
Mundag ärler feýz-u-futuh alar ermiş.

Didarymy görer bolsaň, arşa bakgyl,
Ahyň birle arş üstünde otlar ýakgyl,
Ymmat bolsaň Mustapaga, kabyh datgyl,
Çyn aşygy Suhan Izim synar ermiş,

Eşdip aşyk raksy-semag urup ýörgeý,
Melaýyklar ýyglyp gelip, söhbet gurgaý,
Arşy-kürsi, lowhy-galam dada gelgeý,
Ýer tebredip haka zary kylar ermiş.

Eý, ýer-u-gök, aşyklardan heder kylyň,
Otlug ahy çykar bolsa häzir boluň,
Göge bakyp, nagra dartsa gorkup duruň,
Bir ah ursa, älem ýegsan bolar ermiş.

Çyn aşyklar zaýyf kylyp, salam bergeý,
Gudrat birle perde içre «aleýk» algaý,
«Didar üçin köýgenlerim geliň, diýgeý,
Lutfun görüp, çyn aşyklar güler ermiş.

Saffan-saffan aşyklardan nida gelgeý,
Ýüz ýigrimi aşyk bolup, bir sap bolgaý,
«Jennet gir» diýip, Ilähiden ylham gelgeý,
Jennet girmeý didaryny tilär ermiş.

Nida gelgeý melaýyga zynjyr salgyl,
Gyllar dakyp, magşargähe alyp bargyl,
«Didar üçin köýenlerim myhman kylgyl»,
Aşyklary bihut bolup, durar ermiş.

Aýdanlaryn kylgan aşyk didar görgeý,
Waslyn bulup, magşargähde döwran sürgeý,
Efganyndan ýedi dowzah örtäp, köýgeý,
Melek gelip oňa tagzym kylar ermiş.

Aşyklaryň haýbatyndan melek gaçgaý,
Gorkup baryp, dowzah içre otlar saçgaý,
Wehim birle zäher-zakgum doýa içgeý,
Gudratyndan älem haýran bolar ermiş.

Meleklerden aşyklar köp, eý, bihabar,
Bir ah ursa älem bolar zir-u-ziber,
Zahyt, salyk aşyklardan yşk mugteber,
Yşksyz adam walla ýolda galar ermiş.

Gul Hoja Ahmet, didar üçin geda bolgul,
Geçgil ähl-u-aýalyňdan, jyda bolgul,

Alla haky bular duşman, sowa bolgul,
Jyda bolan Hak waslyny görer ermiş.

**39**

Geliň, dostlar, Alla ýadyn daýym ediň,
Alla ýady köňül mülkün açar ermiş.[1]
«Estagfur-u istigfarny»[2] dynmaý aýdyň,
Şeýtan lagyn ten mülkünden gaçar ermiş.

Şeýtan lagyn size duşman, häzir boluň,
Gije Alla, gündiz Alla, nazyr boluň,
Lahat içre girer wagtda nura doluň,
Melaýyklar Alla nurun saçar ermiş.

Alla nury gabr içini röwşen kylgaý,
Melaýyklar degresinde rowzan goýgaý,
Ony görüp mömin bende haýran galgaý,
Bu älemiň röwşeninden geçer ermiş.

Günälerin Hak bagyşlap, nazar kylgaý,
Öňde-solda ýatanlara şäkir bolgaý,
Ondan soňra barça erwah häzir bolgaý,
Gabrystana Hak rahmetin saçar ermiş.

«Bihamdullah» ýagşy geldi, biz gutuldyk,
Gabr içinde her azapdan paryg bolduk,

---

[1] Käbir golýazmada bu hikmetiň ahyrky sözi «ermiş» däl-de «dostlar» diýen söz bilen tamamlanýan görnüşinde gelýär.
[2] «Estagfur-u-istigfar» - «Ondan meni ýalkamagyny soraýaryn». Gurhandan bir aýat.

Niçe ýyllar murde erdik, biz direldik,
Doga kylyp, Haka elin açar ermiş.

Barça erwah ýyglyp gelgeý mübärege,
Halaýyklar meşgul bolgaý tebärege,
Doga kylyp dönenden soň, galgaý ýeke,
Jümle älem söýnüp bir-bir guçar ermiş.

Ýedi gadam goýandan soň Müňkür-Nekir,
Haýbat birle girip gelgeý, kylyp gahar,
Iki gözi ot dek ýanyp, ukrap durar,
Nurun görüp, tagzym kylyp gaçar ermiş.

Müňkir-Nekir sormaý çykyp, nala kylgaý,
Göz ýaşyny okuzyban, jala kylgaý,
Hak ýadyny aýdyp, özün wala kylgaý,
Perwaz kylyp howa sary uçar ermiş.

Nida gelgeý Ilähiden: «Ne ýygladyň,
Has gulumdan gabyr içinde ne diňlediň,
Eý biýedep, gulak salyp ne aňladyň?!»
Hakdan gorkup öňden-sola gaçar ermiş.

«Kaýda barsa, ýatsa-gopsa, meniň ýadym,
Berat hatyn gola beren ol azadym,
Andag guluň seýdidir men, ol saýýadym»,
Kylmyş, ermiş günälerin geçer ermiş.

Müňkir-Nekir ýyglap aýdar: «Sen biler sen,
Zaty ulug, herne kylsaň sen kylar sen,
Lutf eýleseň ýolsuzlara ýol berer sen»,
Sežde eýläp, şäkir dilin açar ermiş.

«Lä iläha ilalla»[1] diýp, şeýda bolgan,
Neň-u-namys perwa kylmaý, ryswa bolgan,
Dünýä goýup, ahyretni söwda kylgan,
Howzy-köwser, şerabyndan içer ermiş.

Ruzy-ezel takdyr kylsa Hak jemaly,
Ýüz-müň şeýtan kast eýlese ýok zowaly,
Günden-güne zyýat bolgaý kal-u-haly,
Dana bolup, Hak ýollaryn açar ermiş.

Tarykatyň bazarynda söwda kylan,
Magrypetiň matagyny içge salan,
Hakykatyň derýasyndan göwher alan,
Ýörse-dursa, dürri-göwher saçar ermiş.

Aşyk oldur, Haka janyn gurban kylsa,
Toprak bolup, ölmes burun tirik ölse,
Gije ýyglap, säher Hakdan ülüş alsa,
Soltan bolup ýüz-müň gireh açar ermiş.

Hak tarapdan bu:ýun alan munda durmas,
«Şyh men» diýip, işanlygyň lapyn urmas,
Kaýda barsa pakyr, misgin, dükan gurmas,
Garyp bolup weýranaga göçer ermiş.

Gul Hoja Ahmet, toba kylgyl, Hak eşitsin,
Makbul bolsa halaýyklar gulak tutsun,

[1] «Lä iläha ilalla» - «Alladan başga Taňry ýokdur!» Gurhandan bir aýat.

Ondan soňra günähiňi hojam ötsün,
Tobalylar hüýr-u-gulman guçar ermiş.[1]

**﴾ 40 ﴿**

Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeliň,
Alla zikrin etseň aklyň artar ermiş.[2]
Ruh guşy ýazar bolsa ba:lu-perin,
Perwaz kylyp arşdan-arşa gonar ermiş.

Gul men diýgen, dynmaý daýym zikrin aýdar,
Yşk oduna bagry köýüp, perýat eder,
Bihabarlar ömrün bilmeý ýele satar,
Gaflat birle jähennemge gider ermiş.

Ahyrzaman şyhy düzer suratlaryn,
Zuhdu-takwa kylmaý bozar syratlaryn,
Keramat diýp, haby-gaflat ragýatlaryn,
Ryýa birle halka özün satar ermiş.

Eý gapyllar, ömrüň ötdi bary ýel dek,
Göz ýaşyňy akyz daýym aby-sil dek,
Seni söýer dergähinde misli gul dek,
Hoja söýse gulny azat eder ermiş.

---

[1] Käbir golýazmalarda bu hikmet şeýle jemlenýär:
Gul Hoja Ahmet nebsden ulug bela bolmas,
Er-u-gökden tagma berseň hergiz doýmas,
Toprak bolup ýerde ýatsaň, kapyr bolmas,
Nebsi ölen hüýr-u-gulman guçar ermiş.

[2] Bu hikmet hem käbir golýazmalarda «ermiş» däl-de «dostlar» diýen söz bilen jemlenýär.

Gaflat birle ömrüň seniň öter bilgil,
Janyň birle pir hyzmatyn ýügrüp kylgyl,
Gije-gündiz dergähinde mäkäm durgul,
Hyzmat kylan myradyna ýeter ermiş.

Gul Hoja Ahmet, hikmet aýdyp ýygla säher,
Erenler iltipatyndan alyp habar,
Söz aslyny bilgenlere misli şeker,
Zahyryga bakan guryg galar ermiş.

**❧ 41 ❧**

Geliň, ýyglyň, zäkir gullar zikr edeliň,
Zäkirleri Huda bişek söýer ermiş.
Yşksyzlaryň imany ýok eý, ýaranlar,
Dowzah içre dynmaý daýym köýer ermiş.

Muhabbetli aşyklary Huda söýdi,
Onuň üçin dünýä ukbyn talak goýdy,
Jandan geçip, ýaşyn saçyp yşka ýandy,
Ruzy-magşar didaryny görer ermiş.

Aşyklaryň çyn dostuna jany gurban,
Şowky birle ony yzlap, ýörer haýran,
Yşk söwdasy başa düşse hana weýran,
Şeýda bolup özni yzlap ýörer ermiş.

Aşyk bolsaň gije-gündiz dynmaý ýygla,
Piri-mugan hyzmatynda biliň bagla,
Köýüp-bişip ýady birle göwsüň dagla,
Wada eden wysalyny görer ermiş.

Haky söýen aşyklary tapdy myrat,
Ýalan aşyk bolup ýörme, taňla uýat,
Gylyçdan tiz, gyldan inçe köpri-Syrat,
Ýalan dawa kylan ötmeý, taýar ermiş.

Aşyk bolsaň ýalan dawa kylma zynhar,
Ýalan dawa kylanlardan Huda bizar,
Kahhar Eýäm gahr eýlese, özi Kahhar,
Kyýamat gün ýüzi gara gopar ermiş.

Aşyklary gije ýyglap, säher gopar,
Syr şerbetin içen aşyk syrny tapar,
Her kim sökse, belki depse golun öper,
Ondag gullar faýzy-futuh alar ermiş.

Muhabbetden habar algan janny bilmes,
Golda baryn berer, emma sanny bilmes,
Başy gitse gaýdary ýok, janny bilmes,
«Hüw-hüw» diýip, zikrin edip ýörer ermiş.

Aşyklaryň gözi girýan, bagry bürýan,
Perwasy ýok, namy-neňden bolup urýan,
Il gözüne toprakdan kem, syrry-nyhan,
Janan birle syryn aýdyp, ýörer ermiş.

Dogry ýören aşyklardan Huda razy,
Aşyk işi asan imes, kylma bazy,
Ýalançylar aşyk men diýr, Alla kazy,
Imanyny püçek-pula satar ermiş.

Aşyklaryň asan işi baş bermeklik,
Mansur sypat özden geçip, jan bermeklik,

«Mutu kable entemutu»[1] Hak bolmaklyk,
Aşyklary ölmes burun öler ermiş.

Söwda kylsaň ahyretiň söwdasyny,
Başa alma, sen dünýäniň gowgasyny,
Amal kylgyl, algyl jennet Mwasyny,
Jennet alan, didaryny görer ermiş.

Gul Hoja Ahmet, aşyk bolsaň jandan geçgil,
Ondan soňra şowk şerabyn doýa içgil,
Günähiňi sabyk kylgyl, munda uçgul,
Aşyklary uçmah içre uçar ermiş.

**42**

Geliň dostlar, bir Hudany ýat edeliň,
Ýady bizi ýaryklyga dartar ermiş.
Ýady birle şurug kylgan aşyklaryň,
Nyýazlary günden-güne artar ermiş.

Kim ki aýtsa, Hak ýadyny bagry köýüp,
Göz ýaşyny jala kylyp, reňgi solup,
Öz ýakasyn ýaňyldym diýp, özi tutup,
Ondag aşyk syr şerabyn dadar ermiş.

Işbu ýoluň mazasyny bilmegenler,
Öz ýakasyn tutup toba kylmaganlar,
Dünýäsine magrur bolup ýöregenler,
Haýwan erer, belki ondan beter ermiş.

---

[1] «Mutu kable entemutu» - «Ölmänkäňiz ölüň!». Gurhandan bir aýat.

Eý-a dostlar, gabsap geldi garaňkylyk,
Umydym bar ol Izimden hem ýaryklyk,
Tarykatyň bazarydyr ol guruglyk,
Nyýazly gul, girip söwda eder ermiş.

Gul Hoja Ahmet, ybrat algyl set-hezardan,
Nyýazsyzlar bähre almas, ol bazardan,
Gapyl adam gury galar ol nazardan,
Nadan ömrün püçek pula satar ermiş.[1]

**43**

«Lä iläha illallany» aýdan guluň,
Agyzyndan periş guşy uçar ermiş.
Balu-peri tokuglykdyr dür, ýakutdan,
Perwaz kylyp, arşdan-arşa göçer ermiş.

Oşol guşa gudrat birle müň til bergeý,
Barça gulny oşol tilde diläp algaý,
Zybanyny çaňňalyndan urup ýolgaý,
Tüni-güni «Ýarlyka!» diýp, aýdar ermiş.

Eý-a dostlar, oşol guşuň aýanyny,
Men aýdaýyn ýagşy aňla beýanyny,
Köp nadanlar bilmes ol guş paýanyny,
Goluň tutup jennet içre girer ermiş.

Ol guş aýdar: «Hergiz dynmaý men bir zaman,
Tä bermese, Kadyr maňa daryl-aman,

---

[1] Bu setir käbir golýazmalarda: «Nadan öten ömrün ýele satar ermiş» görnüşinde gelýär.

Hiç galmagaý bu köňülde zerre güman,
Ondan soňra karar tapyp, gonar ermiş.

Ruza tutup, jany birle toba kylan,
Säher turup, Alla diýu gulluk kylan,
Meşaýyhlar hyzmatynda mumtaz bolan,
Ondag gullar Hak didaryn görer ermiş.

Bu Misgin Ahmet Ýasawy haýran galyp,
«Lä iläha ilallany» tilge alyp,
Janu-dilin Hak zikrine wasyl kylyp,
Ruh guşuny la mekanda görer ermiş.[1]

## 44

Zamana ahyry bolsa eý-a, dostlar,
Dürli-dürli belalary gopar ermiş,
Ol belany özi söýen derwüşleri,
Elin açyp, doga eýläp, tutar ermiş.

Ol derwüşiň eziz jany Hakyň ýoly,
Kaýda barsa tanap bolmas, gulnuň guly,
Aşyklary şeýda kylar, açylan güli,
Yhlas birle baran talyp tapar ermiş.

Ol derwüşi tapsaň janyň bermesmu sen,
Basan yzyn gözleriňe sürmesmu sen,
Şamu-säher hyzmatynda durmasmu sen,
Hyzmat kylan her syr görse, ýapar ermiş.

[1] Bu hikmet 7093-nji bukjada tutuşlygyna ýyrtylyp, gopup galypdyr. Başga nusgalardan dikeldildi.

Jamy jahannema bolup, syrlar görgeý,
Görmedim diýp, menden-senden Haky sorgaý,
Now talyp dek, halka içre özün urgaý,
Garyplaryň yzyn alyp, öper ermiş.

Pygamberiň ahyrzaman sünnetleri,
Ybrahymy Halylulla milletleri,
Pakyr sormak Hak Mustapa adatlary,
Pakyr soran iman birle barar ermiş.

Hydyr-Ylýas, Kowsul-Kyýas oňa gulam,
Ondag derwüş Hakdan özge kylmas kelam,
Zahyrlary kimi görse bergeý salam,
Batynlary Hak gylyjyn çapar ermiş.

Ýüz-ýüň salam, Hakdan peýam oňa gelgeý,
Säher wagtda faýzy-futuh doly algaý,
Ygtykatly talyp barsa nazar kylgaý,
Näjynslary ret eýläbän kowar ermiş.

Aşyklaryň Haka ýeter ah-perýady,
Arşny bozgaý aşyklaryň kylan dady,
Ruza, namaz, tesbyhleri Hakyň ýady,
Ähli tapyp, göz ýaşlaryn sylar ermiş.

Magşargähi bozmasyn diýp, Allaň özi,
Men aýtmadym aýat, hadys, Gurhan sözi,
Aşyklara ýetmes ermiş, şehit gazy,
Owwal baryp, aşyk didar görer ermiş.

Yşk istegil, yşk istegil, aşyk bolgul,
Bu ýollarda nähak ýörme, sadyk bolgul,

Ondan soňra dergähine laýyk bolgul,
Aşyk owwal didar görüp doýar ermiş.

Aşyklara duýduňmy diýp, neda gelgeý,
Hazyn owaz eşdip, aşyk jany köýgeý,
Ondan soňra magşugyny doýa görgeý,
Wa weýlet-a, nedamat diýp, gopar ermiş.

Ondan soňra Hak pertöwi älem dolgaý,
Kyýamatyň afytaby joşa gelgeý,
Hak bendesniň namalaryn gola bergeý,
Bir-bir sorup, jezalaryn berer ermiş.

Halka içre bahyl girse, söhbet bolmas,
Zäkir gullar zikrin edip, faýz almas,
Ol söhbetden erenleriň bu:ýy gelmes,
Zäkirleriň ömri zaýyg öter ermiş.

Näjyns, bahyl, sahylary gybat kylgaý,
Taňla barsa dowzah içre, jany köýgeý,
Içmek-iýmek lybaslary otdan bolgaý,
Zäher-zakkum içip ondan doýar ermiş.

Gul Hoja Ahmet, bende bolsaň sahy bolgul,
Sahy bolup, misginlere tagam bergil,
Taňla barsaň jennet girip, güller tirgil,
Walla sahy, Hak waslyny görer ermiş.

**45**

Yşk dawasyn maňa kylma, ýalan aşyk,
Aşyk bolsaň, bagryň içre göz gany ýok.

Muhabbetiň yşky birle jan bermese,
Zaýyg geçer ömür onuň imkany ýok.

Yşk bagyny mähnet dartyp gögertmeseň,
Zarlyk dartyp, şum nebsiňi öldürmeseň,
Alla diýban, içge nurun doldurmasaň,
Alla-billä, sende yşkyň nyşany ýok.

Hak zikriniň magzyn jandan çykarmasaň,
Üç ýüz altmyş damarlaryň tebretmeseň,
Dört ýüz kyrk dört süňekleriň kül etmeseň,
Ýalançydyr, Haka aşyk bolgany ýok.

Nebsden geçip, kanagaty pişe kylan,
Her ne etse, boýun sunup, razy bolan,
Hyzmat kylyp, ýagşylardan doga alan,
Taňla barsa, magşar güni armany ýok.

Rahat taşlap, jan mähnetin hoşlaganlar,
Säherlerde janyn gynap işlegenler,
Haýu-höwes, maýu-menni taşlaganlar,
Çyn aşykdyr, hergiz onuň ýalany ýok.

Yşk derdini bidertlere aýdyp bolmas,
Bu ýollaryň ukbasy köp, ötüp bolmas,[1]
Yşk göwherin namartlara satyp bolmas,
Bihabarlar yşk gadryny bileni ýok.

Yşka düşdüň, bilgin imdi, oda köýdüň,
Perwana dek jandan geçip, ahgär bolduň,

[1] Bu setiriň: «Gapyllar dek bu ýollarda ýatyp bolmas» diýen görnüşi-de bar.

Derde dolduň, gamda solduň, telbe bolduň,
Yşk bährini menden sorsaň, paýany ýok.

Başyň gider bu ýollarda häzir bolgul,
Yşk ýolunda ölmes burun, zynhar ölgül,
Pire ýetgil, ýelip-ýügrüp, hyzmat kylgyl,
Hyzmat kylan hergiz ýolda galgany ýok.

Zahyt bolma, abyt bolma, aşyk bolgul,
Mähnet dartyp yşk ýolunda sadyk bolgul,
Nebsi depip, dergähine laýyk bolgul,
Yşksyzlaryň hem jany ýok, imany ýok.

Aşyk ermes jananyna jan bermese,
Daýhan imes, kätmen çapyp nan iýmese,
Munda ýyglap, ahyretde jan bermese,
Ýolda galan bu:ýy Huda algany ýok.

Eý bihabar, yşk ählinden beýan sorma,
Dert istegil, yşk derdine derman sorma,
Aşyk erseň zahytlardan efgan sorma,
Aşyk ölse bu ýollarda tawany ýok.

Yşk söwdasy kime düşse ryswa kylar,
Mejnun sypat aklyn alyp, Leýla kylar,
Pertöw salyp, Hak özüne şeýda kylar,
Walla eger, bu sözleriň ýalany ýok.

Gul Hoja Ahmet, jandan geçip ýola girgil,
Ondan soňra erenleriň ýolun sorgul,

Yşk ýolunda mähnet dartyp didar görgül,[1]
Bu ýollarda jan bermese, imkany ýok.

**ꕤ 46 ꕤ**

Aşyklygyň dawasyny kylgan kişi,
Magşugyndan zerre gapyl bolgany ýok.
Yşk göwheri düýpsiz derýa içre pynhan,
Jandan geçmeý, ol göwherden algany ýok.

Göwher alar guwwas eger jandan geçse,
Şeýda bolar, yşk şerabyn her kim içse,
Niçe ýyllar, niçe günler eger ötse,
Yşkyň güli hergiz açlyp, solgany ýok.

Aşyk bolup, tapaý diýseň, Hakyň ýolun,
Esregin sen, yşk bagynda esrar gülün,
Şowk atyna münüp, gezip, yşkyň çölün,[2]
Talap kylgyl, bu sözleriň ýalgany ýok.

Muhabbetiň derýalary möwç urgusy,
Ylmu-amal, kylu-kallar gark bolgusy,
Bu deňize kim giriban soň çykgusy,
Aşyk gullar magşugyndan galgany ýok.

Gul Hoja Ahmet pişe kyldy ýaýmaklygy,
Kabul kyldy yşk oduna köýmekligi,
Janyn berip, satyn aldy duýmaklygy,
Çyn sözlerdir, Hojam, onuň ýalgany ýok.

---

[1] Bu setiriň: «Alla diýban Hak ýolunda janyň bergil» diýen nusgasy hem bar.
[2] Bu setiriň hem: «Mähnet birle synar ermiş ýagşy gulun» diýen nusgasy-da bar.

## ꕥ 47 ꕥ

Yşk syryny beýan kyldym bu älemde,
Bihabarlar eşdip gulak tutgany ýok.
Hak ýadyny kime aýdaý, hemme gapyl,
Mömin diýip, bu dünýäden ötgeni ýok.

Işan, hoja, mollalar hem dünýe yzlap,
Ol sebäpden patyşalarna ýalan sözläp,
Aýat, hadys, tefsir kylyp, many gözläp,
Hak ýolunda hergiz mähnet dartgany ýok.

Dünýä diýmeý, Haky söýen tapdy myrat,
Şowk-şerabyn içen aşyk şowky zyýat,
Kezzaplaryň kyýamat gün howpy zyýat,
Ýalançylar Hak ýadyny aýtgany ýok.

Ahyrzaman şyhlarynyň işi ryýa,
Ruzy-magşar ryýalary bolgaý güwä,
Şyh men diýip, munça ryýa, munça howa,
Alla üçin zerre towap etgeni ýok.

Işan bolup dürli tagam taýynlagan,
Ýagşylary göze almas, men-men diýgen,
Dünýä malyn berse ony söýnüp algan,
Walla, billä, men-menlikden utgany ýok.

Hulklar kylyp, halaýyga sözler bitdi,
Ýüz-müň kapyr butdan geçip dine gaýtdy,
Hulklaryndan älem halky nura batdy,
Ondan bäri dini-yslam gaýtgany ýok.

Bende bolsaň hulklar kylyp ymmat bolgul,
Ondan soňra iman-yslam gola algyl,
Säher wagtda ýaşyň saçyp, zary kylgyl,
Alla-billä hiç kim namut ötgeni ýok.

Iki jahan şahy durar bir ýagşy hulk,
Hulklaryndan Hak Mustapa boldy uluk,
Hak aýtgaly aýat berdi tutsa gulak,
Gapyl adam eşdip ony okgany ýok.

«Halaka min mäin däfik»[1] diýp, Kadyr aýdy,
Hak Mustapa ymmatlara okap, diýdi,
Ýalan ymmat wadasyndan gaýdyp, döndi,
Suhan eýäm günäsinden ötgeni ýok.

Meýhana diýp, eşdip gulak salan imes,
Piri kämil-mükemmeli gören imes,
Jandan geçen çyn aşyklar dünýä diýmes,
Ýalançynyň wahdat meýin datgany ýok.

Erenlerden Hak ýoluny sorgan imes,
Nebsi ölüp, aby-tagam gamyn iýmes,
Bu älemde sudy-zyýan bolsa bilmes,
Dünýä gelip, jilwe kylyp, algany ýok.

Muhabbetlik diwananyň nyşany bar,
Jany-dilde yşk derdiniň beýany bar,
Bidertleriň kimi görse gümany bar,
Her kim özün Baýezit dek, satgany ýok.

[1] «Halaka men mäin däfik» - «... zyňyjy güýçli suwdan (dölden) ýaratdy». Gurhandan bir aýat.

Hyzmat kylsaň piri-mugan dürnüň käni,
Aşyk bolsaň gözüňde ýok bagyr gany,
Eý byradar, jismiňde ýok yşk nyşany,
Hyzmat kylmaý dür-känini bilgeni ýok.

Bulhöwesler aşyk men diýp, köp lap urar,
Bihabarlar kaýda barsa dükan gurar,
Ýalan aýdyp bu dünýäniň döwrün sürer,
Dünýä yzlap, paýanyna ýetgeni ýok.

Hakdan gorkmaý zulm eýlegen şalar kany?
Aýa, Güne dawa kylan mahlar kany?
Gije ýyglap, säher turan huplar kany?
Barça gitdi, bu dünýäde durgany ýok.

Gury zahyt yşk ähلini göze almas,
Jennet diläp, didaryny talap kylmas,
Aşyklaryň nalasyna gulak salmas,
Bu dünýäni arka taşlap ötgeni ýok.

Gul Hoja Ahmet, gulum diýse «gul men» diýgil,
Ondan soňra «bendäm diýse» boýun sungul,
Jandan geçip meýdan içre baş oýnagyl,
Baş oýnatmaý, Hak waslyna ýetgeni ýok.

**48**

Eý-a dostlar, Mustapadan beýan eýleý,
Gulak salgyl, has ymmaty bolaý diýseň.
Öler wagtda ymmatym diýp nala kyldy,
Gulak salgyl, has ymmaty bolaý diýseň.

Ymmat bolsaň gije-gündiz tagat kylgyl,
Ukby sary baryp onda rahat kylgyl,
Akyl erseň ýyglamakny adat kylgyl,
Gulak salgyl, has ymmaty bolaý diýseň.

Çyn ymmaty jandan geçip dünýä goýdy,
Wala bolup, bilbil sypat Hakny söýdi,
Onuň üçin çyn aşyklar didar gördi,
Gulak salgyl, has ymmaty bolaý diýseň.

Durud aýtgyl, ymmat bolsaň, eý, bihabar,
Resulalla sözün aýdym käni-göwher,
Resul aýdy: «Dünýä kylar bir gün zerer»,
Gulak salgyl, has ymmaty bolaý diýseň.

«Ymmatym, waý ymmatym» diýdi Ahmet,
Onuň üçin Suhan Izim kylar rehmet,
«Ämin» diýgil, kyýamat gün kylar şyfkat,
Gulak salgyl, has ymmaty bolaý diýseň.

Ata-ene diýmediler, diýdi «Ymmat»,
Hamd-u-sena, durud aýtgyl, bolgul ülpet,
Kyýamat gün dartmagaý sen Hakdan külpet,
Gulak salgyl, has ymmaty bolaý diýseň.

Wadaryg-a, ömrüm ötdi kany yşkym,
Ymmat men diýp, jedel kyldym, kany zowkum,
Batyl kezzap zahyrymda derd-u-şowkum,
Gulak salgyl, has ymmaty bolaý diýseň.

Güýjüm ýetip Käbe sary barmadym men,
Alymlaryň nesihatyn almadym men,

Hakdan gorkup, ýagşy ýola girmedim men,
Gulak salgyl, has ymmaty bolaý diýseň.

Ýyglamadym, ýolda galdym, amalym ýok,
Ymmat men diýp, onuň sary baranym ýok,
Başym gitse işbu ýoldan tänerim ýok,
Gulak salgyl, has ymmaty bolaý diýseň.

Gul Hoja Ahmet, ýola girgil, häli pursat,
Alla diýgil, ömrüň ötdi, dem ganymat,
Kaýda barsaň şükür etgil, gurgul söhbet,
Gulak salgyl, has ymmaty bolaý diýseň.

**❧ 49 ☙**

Aýdy Gurban aýy geldi, geliň, dostlar,
Zahyr batyn röwşen kylyp, didar görüň.
Nebsi ýaryp, dil galasyn eýläň haly,
Jany-dilden yhsan kylyp, didar görüň.

Nebsi urup, dil galasna alyň haly,
Alla diýseň, gaýyp gurşar owazyňny,
Bihabarlar kylmadylar söz manyny,
Jany-dilni asan kylyp, didar görüň.

Nebsi urup, dil galasna berseň anan,
Anan berseň, men bolar men saňa janan,
Ruzy-magşar Hojaň bakyp saňa handan,
Wujutlaryň handan kylyp, didar görüň.

Nebsi urup, dil galasyn eýläň bina,
Ganlar ýuwdup kalbyňdadyr gähi günä,

Eliň açyp «ämin!» diýseň, geçgeý ilä,
Ez tehi-dil, toba kylyp, didar görüň.

Tobasyz bihasyl gitdi, toba kylgyl,
Ondan soňra Hak rehmetin bilip görgül,
Nadanlykda ötdi ömrüň, azap kylgyl,
Hakdan gorkup, azap kylyp, didar görüň.

Haýwan kylmaý, adam kyldy gorkmak üçin,
Kyýamatyň şitdetinden hürkmek üçin,
Hak gahryndan gorkup ýaşyň dökmek üçin,
Wa-weýleta pygan kylyp, didar görüň.

Eý bulhöwes, aşyk bolsaň jandan geçgil,
Tün ukyny haram kylyp, ýaşyň saçgyl,
Ondan soňra şowk-şerabyn doýa içgil,
Jany nedir, janan kylyp, didar görüň.

Niçe aýtsam bihabarlar kylmaz bawer,
Nadanlara täki çekeý huny-jiger,
Dana bolsaň, her bir sözüm dürri-göwher,
Göwher tapyp, efgan kylyp, didar görüň.

Gul Hoja Ahmet, toba donun geýmek gerek,
Hakdan gorkup, nebsi-betni kowmak gerek,
Halkdan gaçyp, ýalňyz Haky söýmek gerek.
Aslyň toprak, soltan bolup, didar görüň.

**50**

Eý köňül kyldyň günä, hergiz puşeýman bolmadyň,
Sopy men diýp, lap urup, talyby-janan bolmadyň,

Haýyp ömüriň ötdi, bir lahza girýan bolmadyň,
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Sopulyk şundagmydyr, daýym işiň gaflat bile,
Däneýi-tesbyh goluňda, tilleriň gybat bile,
Selläni baýyg orar sen, nebsi-bet yzzat bile,
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Sopy bolsaň sa:p bolgul, jürmi-usýan bolmasyn,
Köp günäler kylmagyl, köňlüň puşeýman bolmasyn,[1]
Jany-dilden ýyglagyl, magşarda ýalgan bolmasyn,
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Sopy men diýp, lap urar sen, suzy-efganyň kany?
Eşki-surh-u, ruýy-zerd-u, jismi-girýanyň kany?
Mürşidi kämil mükemmel, rahy merdanyň kany?
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Sopulygyň şertidir, tünler gopup, gan ýyglamak,
Her jepaga sabr edip, bilni mäkäm baglamak,
Talyby Alla bolup, bir ýagşy sözni sözlemek,
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Sopyýa tagat kylar sen, barçasy ujb-u-ryýa,
Jany-dil dünýäge magrur, dilleriňde ahy-wa,
Jan bererde bolguň ahyr, nury-imandan jyda,
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Sopyýa bigam ýörür sen, däneýi-tesbyh alyp,
Dünýäge magrur bolup, din işin arka salyp,

[1] «Tagat-u takwa kylyp, köňlüň perişan bolmasyn» diýen nusgasy hem bar.

Gorkgun imdi bir Hudaga ýalbaryban, daýanyp,
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Sopy bolmaý neýlesin, öýde kylarga işi ýok,
Sopulyk dagwa kylar, halka bererge aşy ýok,
Ahy wa-weýla urar, gözünde katra ýaşy ýok.
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Sopy bolup nebs üçin, her dem işige baka sen,
Nezr alyp geldiňmi diýp, el arkasyna kaka sen,
Allanyň näletini boýnuňga her dem daka sen,
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Sopy bolup, maly-kes almak üçin kyldyň jedel,
Zahyryň sopynemadyr, batynyň düwn-u-dagal,
Eý bihabar, eý, bihabar, şermendesen ruzy-ezel,
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Däneýi tesbih alyp, iliň gözüne sopy sen,
Nebsi-betniň alnynda, tersa-jöhidiň kowmy sen,
Zarlyk kylsaň Hudaga, Abu Hanypa Kufy sen.
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Sopyýa öz töwratyňa ýalňyz Hudaga bende sen,
Aslyňa baksaň ýene älem içinde gende sen,
Pürgünäh-u, pürhatar hem asy-ýu-şermende sen,
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Sopyýa kylsaň muhabbet dawasyn diwana bol,
Maly-mülk, hany-manyňdan geçiban bigäne bol,
Kim Hudadan sözlese müň örgülip, perwana bol.
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Sopyýa dawaýy yşk kyl, barçadan bizary bol,
Ukyny eýläp haram, tünler gopup bidary bol,
Derdi ýok bidertni görseň, durmagyl huşýary bol,
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

Ahmed-a sen sopy bolsaň, sopulyk asan imes,
Hak Resul sopy bolup, dünýä işin söýgen imes,
Dünýäni söýgen kişi, bişek biliň ynsan imes,
Sopynakş bolduň weli, hergiz musulman bolmadyň.

## 51

Eý-a dostlar, hasbu-halym beýan eýleý,
Ne sebäpden Hakdan gorkup, gara girdim.
Çyn dertlige bu sözleri aýan eýleý,
Ol sebäpden Hakdan gorkup, gara girdim.

Gar içinde gije-gündiz tagat kyldym,
Tetawwug namazyn okap, adat kyldym,
Her ne jepa degse oňa takat kyldym,
Ol sebäpden Hakdan gorkup, gara girdim.

Gar içinde Mustapany häzir gördüm,
Salam kylyp, edep birle bihut durdum,
Asy-japy ymmatlaryň halyn sordum,
Ol sebäpden Hakdan gorkup, gara girdim.

Gara girmek Resulalla sünnetleri,
Tagat kylmak Hak Resulnyň adatlary,
Garyplara rehim kylmak şyfkatlary,
Ol sebäpden Hakdan gorkup, gara girdim.

Ymmat bolsaň gije-gündiz dynmaý ýygla,
Bagryň bişip, öpkäň deşip, ýürek dagla,
Ajal gelse merdanawar biliň bagla,
Ol sebäpden Hakdan gorkup, gara girdim.

Bir gün seniň ömrüň bergi bolgaý hazan,
Ajal gelmeý toba kylgyl, eý-a nadan,
Şaýet saňa rehm eýlegeý Izim Ýezdan,
Ol sebäpden Hakdan gorkup, gara girdim.

Çyn dertliniň işi erer suz-u-güdaz,
Göz ýaşydyr Hak gaşynda töhwe-nyýaz,
Gije-gündiz dynmaý kylgyl, ruza-namaz,
Ol sebäpden Hakdan gorkup, gara girdim.

Eý-a perzent, ymmatlaryň derdi örtär,
Pysku-pujur günäleri dagdan artar,
Dinni goýup, dünýe malyn özne dartar,
Ol sebäpden Hakdan gorkup gara girdim.

Gul Hoja Ahmet, tekbir aýdyp söhbet başla,
Haýu-höwes, men-menligi yrak taşla,
Säherlerde çar-zarp urup, dynmaý işle,
Ol sebäpden Hakdan gorkup, gara girdim.



**Hoja Ahmet Ýasawynyň mübärek gabry. (Türkistan – Otrar)**

## ꕥ 52 ꕥ

Haktagala fazly birle perman kyldy,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.
Altmyş üçde sünnetlerin mäkäm tutup,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Ýer üstünde ölmes burun, tirik öldüm,
Altmyş üçde sünnet diýdi, eşdip bildim,
Ýer astynda janym bile gulluk kyldym,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Erenlerden faýzu-futuh alalmadym,
Ýüz ýigrimi bäşe girdim, bilelmedim,
Hak Tagala tagatlaryn kylalmadym,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Bolgaýmenmu Muhammediň has ymmaty,
Ymmat diýseň, asylaryň hoş döwleti,
Baldan datly erer maňa bu mähneti,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Bizler üçin janlar çekdi ol Muhammet,
Ymmat bolsaň gam iýmes sen, ýalgan ymmat,
Gije-gündiz hasyllaryň aýşu-eşret,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Elli ýaşda nida geldi, ölmek asan,
Şerti oldur, sende bolsa nury-iman,
Taňla barsaň didaryna kylar myhman,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Eý möminler, bu dünýäniň paýany ýok,
Çyn biler sen, hergiz munuň ýalany ýok,
Kim bilmese, walla onuň imany ýok,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Aslym toprak, neslim toprak, barçadan har,
Basyp ötseň murdar jismiň kylgusy ar,
Kim ar etse şeýtan kowmy höwesi bar,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Çyn zäkire Huda özi kyldy rehmet,
Taňla barsa, jennet içre berer hylgat,
Ruzy-magşar didar görüp, sorgaý döwlet,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Bende bolsaň mähnet dartgyl gapyl adam,
Akyl erseň ganymatdyr saňa şol dem,
Amanatdyr eziz janyň, ýörme bigam,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Altmyş üçde sünnet boldy ýere girmek,
Resul üçin iki älem berbat bermek,
Aşyklaryň sünnetidir diri ölmek,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Ymmat bolsaň, eşdip janyň bermesmu sen,
Mustapaga janyň gurban kylmasmu sen,
Jan ne bolgaý, imanyňy bermesmu sen,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Gul Hoja Ahmet altmyş üçde gaýyp boldy,
Edep saklap Mustapaga naýyp boldy,

Soltan boldy, mähnet dartyp taýýyp boldy,
Eşdip, okyp, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

## ꕥ 53 ꕥ

Köňül gözün ýarytmaýyn, tagat kylsa,
Dergähine makul imes, bildim men-ä.
Hakykatdan bu sözleri päk öwrenip,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Biribarym sapak berdi perde açyp,
Ýer-u Gökde duralmady şeýtan gaçyp,
Eşret kylyp, wahdat meýden doýa içip,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Yşk makamy dürli makam, aklyň ýetmes,
Başdan-aýak jebru-jepa, mähnet gitmes,
Melamatlar, ehanetler kylsa ötmes,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Yşk belasy başa düşse nalan kylar,
Aklyň alyp, bihuş edip haýran kylar,
Köňül gözi açylgan soň girýan kylar,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Ýyglar erdim, säher wagtda nida geldi,
«Didarymy görseteý» diýp, wada kyldy,
Aklym alyp, bihuş kylyp, yşkyn saldy,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Munda jepa çekenlere didar nagt,
Ruzy-magşar ata kylgaý hem tagtu-bagt,

Ýaradanda özi kylan aşyga äht,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Çöller gezip, halkdan bezip, yşkyn sorgul,
Bende bolsaň Hakdan gorkup, ýyglap ýörgül,
Didaryny talap kylsaň häzir bolgul,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Gözlerimden ganlar döküp ýat etmedim,
Ýüz-müň dürli mähnet saldyň, dat etmedim,
Senden gorkup, hasta köňlüm şat etmedim,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Alla derdi satgyn ermes, satgyn alsaň,
Piri-mugan hyzmatynda häk bolmasaň,
Hak ýoluna girip bolmas päk bolmasaň,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Eý ýaranlar, yşk derdine dowa bolmas,
Tä diri sen, yşk depderi eda bolmas,
Dar lahatda istihanyň jyda bolmas,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Yşk patyşa, aşyk pakyr, dem uralmas,
Hakdan rugsat bolmagynça sözleýilmes,
Hak pendini alan dünýä yzlabilmes,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Gul Hoja Ahmet, ýedi ýaşda sapak aldym,
Sekizimde dünýä ukbyn talak kyldym,
Dokuzymda Hudaýymy häzir bildim,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

## ꟷ 54 ꟷ

«Fäzkurullahe kesiren»[1] diýp, aýat geldi,
Zikrin aýdyp, zary kylyp, ýördüm men-ä.
Didaryny aşyklara wada kyldy,
Yşk ýolunda janym berip, ýördüm men-ä.

Çyn aşygy Alla söýüp «bendäm» diýdi,
Ara ýolda galmasyn diýip gamyn iýdi,
Ýalançylar didarymny görmes diýdi,
Yşk babynda mäkäm bolup, durdum men-ä.

Akyl erseň görüstandan habar algyl,
Men hem şundag bolar men diýp, ybrat algyl,
«Mutug kable ente mutug»ga amal kylgyl,
Bu hadysny pikir eýläban, öldüm men-ä.

Habar berer «Felizehu kalilen»[2] diýp,
Ýene aýdar «Weleýebku kesiren»[3] diýp,
Bu aýatnyň magnysyga amal kyl diýp,
Bu dünýäde hiç gülmeýin, ýördüm men-ä.

Amalsyzlar kah-kah güler, horram ýörer,
Permanyna boýun sungan, pürgam ýörer,
Gije-gündiz dideleri pürnem ýörer,
Göz ýaşymy derýa kylyp, ýördüm men-ä.

Nebsden geçip çyn aşyklar Alla diýdi,
Säher turup, çar-zarp urup, gözün oýdy,

---

[1] «Fäzkurullahe kesiren» - «Allany köp ýatlaň». Gurhandan bir aýat.
[2] «Felizehu kalilen» - «Az gülüp...»
[3] «Weleýebku kesiran» - «... köp aglaň!». Gurhandan bir aýat.

Rehm eýläban Alla özi nazar saldy,
Ondan soňra derýa bolup, daşdym men-ä.

Zalym nebsim hiç salmaýyn oda saldy,
Wujutlarym öz-özünden köýüp, ýandy,
Müşriklerniň imanyny şeýtan aldy,
Eguzibilläh, bissimilläh diýp, ýördüm men-ä.

Nebsim meni howa kyldy, türpe çaşdym,
Başym alyp piri-mugan sary gaçdym,
Gul Hoja Ahmet, ukbalardan ýelip-aşdym,
Uçan guş dek la mekanga aşdym men-ä.

**ꕥ 55 ꕥ**

Wadaryga, niçik kylgum garyplykga,
Garyplykda gurbat içre galdym men-ä.
Horasan-u, Şam-u, Yrak niýet kylyp,
Garyplygyň köp gadryny bildim men-ä.

Näler gelse görmek gerek ol Hudadan,
Ýusubyny aýyrdylar ol Kengandan,
Dogan ýerim ol mübärek Türküstandan,
Bagyrymga daşny urup geldim men-ä.

Gurbat degdi Mustapa dek erenlerge,
Otuz üç müň sahaba hem ýaranlarga,
Abubekr, Omar, Osman, Murtazaga,
Gurbat degdi, olarga hem aýdym men-ä.

Gurbat degse pugta kylar köp hamlarny,
Dana kylar, hem has kylar köp a:mlarny,

Geýer kir don, tapsa iýer tagamlarny,
Onuň üçin Türküstanga geldim men-ä.

Garyplykda ýüz ýyl dursa erer myhman,
Tagt-u bagt, bossanlary erer zyndan,
Garyplykda gul boldy ol Mahmyt Soltan,
Eý ýaranlar gurbat içre köýdüm men-ä.

Garyplykda Arslan babam yzlap tapdy,
Her syr görüp, perde birle bukup ýapdy,
«Bihamdylla, gördüm» diýdi, yzym öpdi,
Işbu syrny görüp haýran galdym men-ä.

Arzuwlyk men garyndaşlyk welaýatga,
Ulug babam ruzasy ol, ak türbetge,
Babamymnyň ruhy saldy bu gurbatga,
Hiç bilmes men, niçik tagsyr kyldym men-ä.

Gul Hoja Ahmet, sözlegeni Hakyň ýady,
Eşitmegen dostlaryna galsyn pendi,
Gurbatlanyp, öz şährine gaýdyp ýandy,
Türküstanda mazar bolup, galdym men-ä.

**❧ 56 ❧**

Kahhar atly gahryňdan, gorkup ýyglar, Hoja Ahmet.
Rahman atly rehmiňden, umyt tutar, Hoja Ahmet.

Günähim köp Ilähim, geçirgeý sen günähim,
Barça gullar içinde, asy guldur, Hoja Ahmet.

Mynapyklar ýörürler, pysku-pyjur kylarlar,
Haram şübhe iýerler, gorkup ýyglar, Hoja Ahmet.

Tarykatny bilmedim, hakykatga girmedim,
Pir buýrugyn kylmadym, uzry köpdür, Hoja Ahmet.

Ahyr zaman bolgandyr, patyşa zalym bolgandyr,
Haram şübhe dolgandyr, haýran bolar, Hoja Ahmet.

Şermende asy gul men, yşk ýolunda bilbil men,
Arslan babaga gul men, guluň bolar, Hoja Ahmet.

Gul Hoja Ahmet tagat kyl, ýyglamakny adat kyl,
Bela gelse takat kyl, hakdan bolar, Hoja Ahmet.

**57**

Nägehan turarymda köňlüm içre,
Hak möwlamnyň nazargähi düşdi bolgaý.
Kyrk ýyllyk zeňňar basgan köňül mülküm,
Hak ýadynyň nury birle açdy bolgaý.

Zäkirleri jemyg bolup düzülmişde,
Zikri-semagdan tahsyny gurulmyşda,
Boýun ukby dünýäsinden urulmyşda,
Köňül guşy Hezret taba uçdy bolgaý.

Hiç bilmes men, niçik bolgaý meniň işim,
Onuň üçin akar daýym gözde ýaşym,
Säherlerde gopup, Hakdan tilemişem,
Perişteler äminige düşdi bolgaý.

Munlug janga ýakyn turar Hak dergähi,
Nedamatda ýetermikän birer ahy,
Haýsy köňül bolsa Haknyň nazargähi,
Hak nazary içge dolup-daşdy bolgaý.

Hak işini Haklyk üçin buýurdylar,
Özlerini halklar era ýetirdiler,
Mähnetlerin nygmat ýanlyg göterdiler,
Bagry ganly, gözi ýaşly geçdi bolgaý.

Muhup gullar mahbubyna gaýryldylar,
Dünýä goýup, din işine öwrüldiler,
Aşyk gullar Alla diýu ýügürdiler,
Şeýtannyň zähri ýarylyp gaçdy bolgaý.

Alla diýgil, eý, Gul Ahmet, özüň bilgil,
Özüň bilmiş ylmyň birle amal kylgyl,
Ulug-kiçik ýaranlardan uzur kylgyl,
Sen bilmesde senden hata geçdi bolgaý.

**58**

Muhabbetiň bazarynda jöwlan kylyp,
Aşyklary söwda kylyp, ýörür bolgaý.
Magşargähni bozar men diýp, tugýan kylyp,
Hudaýyga gowga kylyp, ýörür bolgaý.

Alla aýdar: «Eger bendäm kylsa kylsyn,
Herne kylsa melaýyklar ikram kylsyn,
Yşksyz adam yşk makamyn görüp bilsin»,
Hak gudratdan efşa kylyp, ýörür bolgaý.

Çyn aşyklar kyýamat gün görgeý döwlet,
Hak gaşynda eziz gullar görgeý yzzat,
Hüýri-gulman gol gowşuryp kylgaý hormat,
Janu-dilin şeýda kylyp, ýörür bolgaý.

Bikarar-u biygtyýar ruzy-magşar,
Didaryny taparmy diýp, titräp gagşar,
Hiç kimsäge manend imes, kimge ogşar,
Derdi-halat peýda kylyp, ýörür bolgaý.

Makamlary belent makam, arşny gözlär,
Yşky galyp, özi talyp, Hakny yzlar,
Hakny aýgan diwanalar bihut sözlär,
Halka özün ryswa kylyp, ýörür bolgaý.

Ilden gaçyp dag-çölüni kylgaý watan,
Çöller era hemralary zagy-zagan,
Ryhlet kylsa hyrkalary oňa kepen,
Tuýur-wahyş hemra kylyp, ýörür bolgaý.

Mundag bolmaý jan magşugyn tapsa bolmas,
Bu ýollarnyň ukbasy köp, ötse bolmas,
Jandan geçmeý wahdat meýin datsa bolmas,
Meý noş edip, semag kylyp, ýörür bolgaý.

Janan tapgan kişi asla özün bilmes,
Älem halky talyp bolsa, gaçyp gelmes,
(Ýüz-müň nasyh bolsa onuň pendin almas),
Ilge özün hemra kylyp, ýörür bolgaý.

Aşyk eger ýüz-müň köýse bolar horram,
Hak ýadyny her kim etse bolar hemdem,

Ruzy-mahşar didaryga bolar mährem,
Jany-iman pida kylyp, ýörür bolgaý.

Alla üçin janyn bergen zaýyg galmas,
Iki älem oňa bossan, hergiz ölmes,
Eşki-surhun, reňgi-zerdin halk aňlamas,
Gözýaşyny güwäh kylyp, ýörür bolgaý.

Aşyk ölmes, garry bolmas, yşky juwan,
Halk içinde agzy handan, köýer pynhan,
Çöller gezip, ýyglap ýörgeý, Hak la mekan,
Hak yşkyny sena kylyp, ýörür bolgaý.

Güwşe istär, halaýyga ülpet bolmas,
Gije-gündiz mesti-haýran, özge kylmas,
Yşk bagyny gezgen aşyk janny bilmes,
Hak waslyny pena kylyp, ýörür bolgaý.

Kaýda görse yşksyzlarny nazar kylmas,
Çyn dertliler bidertlerni gözge almas,
Zahyt, abyt, salyklarny tilge almas,
Didaryga wepa kylyp, ýörür bolgaý.

Hak tomaşa kylyp ony rehmet kylgaý,
Gör içinde şefkat kylyp, pertow salgaý,
Ýetmiş paryk melaýyklar ülpet algaý,
Lutfy-kerem ata:  kylyp, ýörür bolgaý.

Eý-a dostlar, yşk ähliniň beýany ýok,
Dowa sormaň, yşk derdiniň dowasy ýok,
Bu ýollarda aşyk bolsa armany ýok,
Janyn tenden jyda kylyp, ýörür bolgaý.

Otga köýgen jany jyda, teni özge,
Kimni görse yzyn alyp, sürtgeý gözge,
Hikmet okap, talyp gulak edip sözge,
Akyl-huşun dana kylyp, ýörür bolgaý.

Bulhöwesniň teni köýse, jany köýmes,
Bul sebäbden yşk gadryga ýetebilmes,
Erenlerniň söhbetinden bähre almas,
Ruza, namaz ryýa kylyp, ýörür bolgaý.

Bu älemde söwda kylgan Alla özi,
Eý ymmatlar, hak Mustapa aýgan sözi,
Ruzy-magşar Haka bolgaý röwşen ýüzi,
Tillerini sapa kylyp, ýörür bolgaý.

Çyn aşyklar tirik olgaý bir janyga,
Perwaz kylyp uçaý diýse, saklar Alla,
Içmiş-iýmiş talaplary derdi-bela,
Yşkyn başa bela kylyp, ýörür bolgaý.

Yşk bagyny gezgen aşyk özni bilmes,
Gije-gündiz mesti-haýran özge bolmas,
Gözi istär halaýyga ülpet bolmas,
Hak waslyny pena kylyp, ýörür bolgaý.

Hüýru-gulman et-tahurdan alyp gelgeý,
Ryzwan melek kadah sunup, tagzym kylgaý,
Aşyklary gözün ýumup, bihuş bolgaý,
Wa-şowka diýp, gabyr içinde ýörür bolgaý.

Gul Hoja Ahmet, derwüş bolsaň bela degil,
Jebr-u-jepa, derdi-elemni istegil,

Ýüz-müň bela başa salsa eňrenmegil,
Alla özi sapa kylyp, ýörür bolgaý.

### ꕥ 59 ꕥ

Hoşlamaýdyr alymlar sizniň aýgan türküni,
Aryplardan eşitseň açar köňül mülküni.[1]

Aýat-hadys magnyga türki bolsa muwapyk,
Manysyga ýetgenler ýerge goýar börküni.

Kazy, müfti, mollalar şerigatyň rahyny,
Aryp-aşyk alypdyr, tarykatyň erkini.

Amal kylgan alymlar dinimizniň çyragy,
Byrak müner magşarda, egri goýar börküni.

Amal kylsa alymlar dini-aýyn ýarugy,
Görse bolar olarnyň reňgi, ruýy görküni.

Amal kylmaý «kal ylmyn», okyp bilmeý galanlar,
Arkasynda göterer, kyrk eşekniň ýüküni.

Hoja men diýp, lap urma, işbu dünýä bipaýan,
Bilermen diýip aýtma, köňüldäki çirkiňi.

Rahnemadyr Hoja Ahmet, gülüstany magrypet,
Sözler sözi hakykat, açar köňül mülküňi.

---

[1] Şu «Türküni» atly gazal käbir tapawutly görnüşde başga bir golýazmada Şemsi Uzkendiniň ady bilen gelýär. Munuň atdaş gazal bolmagy-da mümkin.

Misgin, zaýyf Hoja Ahmet, ýedi puştuňa rehmet,
Parsy dilni biliban, hup aýdadyr türküni.

**꧁ 60 ꧂**

Suhan Izim kalbymyza iman berdi,
Özün tanap gullugyny kylmak üçin.
Amanatyn goýdy janyň wujudyndan,
Ahyr bir gün senden ony almak üçin.

Mal-u perzent bu dünýäniň görki erer,
«Ez wäjukum äduwwän»[1] diýip habar berer,
Eger sizden, adam ogly görge girer,
Müňkür-Nekir jogabyny bermek üçin.

Müňkür-Nekir sowal kylsa aýgyl jogap,
Hasrat ody birle bolsun bagryň kebap,
Goýmas bir gün, içrer saňa möwti-şerap,
«Fämän ýagmäl»[2] mizanyny gurmak üçin.

Amal kylgyl, haýryň artyk bolsun şerden,
Ekmegiňçe nebsi bolmas gurak ýerden,
Gullugynda aşa durgul özgelerden,
«Azadalyk» bir adyny almak üçin.

Azadalyk bendelerge asan imes,
Hojam yrza bolmagynça azat imes,
Tekme nadan, hantamalar neýlär diýmes,
Dünýä alyp din ýoluna salmak üçin.

---

[1] «Ez wäjukum äduwwän» - «Siziň aýallaryňyz, siziň duşmanlaryňyzdyr». Gurhandan bir aýat.
[2] «Fämän ýagmyl» - «Eger etseňiz». Gurhandan bir aýat.

Dünýä üçin gam iýmegil a:kyl erseň,
Onda ata: kylar saňa, munda berseň,
Resul dünýä ýygmadylar bakyp görseň,
Ahyretniň esbabyny almak üçin.

Gul Hoja Ahmet, oýganyp sen özüňe bak,
Tagatyň ýok, gullugyň kem, diniň mutlak,
Gullugyňda işbu halat taksyr kylmak,
Ähli-aýal barçasyny salmak üçin.

**61**

Säherlerde irte gopup eňresem men,
Tapgaýmenmu, Hojam, seni tilesem men?
Sydkym birle ýakam tutup, ýyglasam men,
Tapgaýmenmu, Hojam, seni tilesem men?

Säherlerde bilbil kibi saýrasam men,
Azyp galgan botalar dek bozlasam men,
Daşgyn gelen derýalar dek gaýnasam men,
Tapgaýmenmu, Hojam, seni tilesem men?

Aşyklarny şeýda kylan Hojam ýady,
Kulhualla, Suhanalla aryg zaty,
Baldan datly berer gulga bu nygmaty,
Tapgaýmenmu, Hojam, seni tilesem men?

Garrylygym gabap geldi, imdi duýdum,
Ýigitlikde gaflat birle ýatyp, uýdum,
Muhabbetiň şowky urdy, dünýä goýdum,
Tapgaýmenmu, Hojam, seni tilesem men?

Muhabbetiň şowky birle tapsam rahat,
Aşyklaryň söhbetinde bolsam sagat,
Abdest alyp, aryg bolup, kylsam tagat,
Tapgaýmenmu, Hojam, seni tilesem men?

Meni ýoldan azgurdyrdy  dünýä gamy,
Tapmadym men dünýä era bir mähremi,
Bir enaýat bolgaýmykan pirden demi,
Tapgaýmenmu, Hojam, seni tilesem men?

Gul Hoja Ahmet, aýgyl imdi Hojam ýadyn,
Gije-gündiz dynmaý aýgyl, Alla ýadyn,
Pir istegil, Huda berer gul myradyn,
Tapgaýmenmu, Hojam, seni tilesem men?

**62**

Hoş gaýypdan häzir bolgan derwüşlerni,
Janym birle ýüwrüp myhman kylsammykan?!
Ýollaryga ýüzüm sürtüp, başym goýup,
Toprak bolup, faýzy-futuh alsammykan?!

Derwüşlerniň her bir sözi jana derman,
Derwüşlerniň biyhlasny söýmes Suhan,
Yhlasy ýok, biýedepler ýolda galgan,
Derwüşlerniň häki-paýy bolsammykan?!

Sydkyň birle Alla diýgil, häli pursat,
Hak zikrini wird eýlegil, dem ganymat,
Halka içre pygan kylgyl, bardyr nefgat,
Ýadyň edip janym gurban kylsammykan?!

Alla aýdyp, göwsüň deşip ýoluň tapgyl,
Ýagşylardan her syr görseň ony ýapgyl,
Kimni görseň Hydyr bilip golun öpgül,
Erenlerniň yzyn yzlap ýörsemmikän?!

Işbu ýola girdim erse, haýran boldum,
Başym gatyp, aklym azyp, haýran boldum,
Dana idim, pirsiz ýörüp nadan boldum,
Piri-mugan hyzmatynda bolsammykan?!

Syrat geçmez bende bolsaň kah-kah gülme,
Jennet girmeý, bu dünýede horram bolma,
Didar görmeý, ýyglamakny hergiz goýma,
Munda ýyglap, ahyretde gülsemmikän?!

Tünler gatsam tapgaýmenmu ýaryň waslyn,
Müň bir ady, päki zaty, aslyn-neslin,
On sekiz müň älem içre ýokdur misliň,
Gudratyga mahuw bolup, ýörsemmikän?!

Hälä dem bar, sydkyň birle gurgul söhbet,
Ýamandan gaç, ýagşylarga bolgul ülpet,
Zary kylyp, gije-gündiz tart ryýazat,
Ryýazatnyň botasynda köýsemmikän?!

Sözni aýdym, eşitgenler kylsyn amal,
Ymmat bolsa ýagşy ýolga kylsyn jedel,
Manysyga ýetgen alar gand-u-asal,
Çyndan gulluk bendelerge etsemmikän?!

Gul Hoja Ahmet, talyplara nasyh boldy,
Hakdan gorkup altmyş üçde ýerde galdy,

Edep saklap, Mustapaga ymmat boldy,
Ganlar ýyglap, bir söz aýdyp ötsemmikän?!

**❧ 63 ☙**

Her subhy-dem elim açyp, ýaşym döküp,
Hak Möwlamnyň dergähine barsammykan?!
Haktagala rehmetinden umyt tutup,
Säherlerde zary kylyp, tursammykan?!

Zary kylsaň Alla senden horram bolar,
Taňla barsaň didaryna mährem kylar,
Jan bererde aryg iman hemdem kylar,
Iman üçin janym gurban kylsammykan?!

Sydkyň birle Alla diýgil, makul bolsun,
Eý, möminler, doga kylyň, nebsiň ölsün,
Ondan soňra içu-daşyň nurga dolsun,
Daýym onuň nurun yzlap, ýörsemmikän?!

Bihut bolup raksy-semag urup ýörsem,
Beýebanlar gezip, Haka perýat kylsam,
Mansur sypat yşk darynda janym bersem,
Şibli kibi aşyk bolup, ýörsemmikän?!

Şibli aşyk sermest bolup, semag urdy,
Şerti oldur, dünýä ukbyn talak kyldy,
Hiç kim bilmeý onuň syryn, Alla bildi,
Eý ýaranlar taklyd kylyp, ýörsemmikän?!

Halal ermiş aşyklarga raksy-semag,
«Fezkuruni ezkurukum»[1] diýdi Alla,
Aýat hadys beýan kyldy hak Mustapa,
«Lä, lä» aýdyp, yşk dükanyn gursammykan?!

Alla üçin aşyklary janyn berdi,
Söhbet girip, sözleşiban dürler tirdi,
Onuň üçin soltanyndan ülüş gördi,
Şowkum birle köýüp-ýanyp ölsemmikän?!

Ondag eziz başy erer toprakdan har,
Ähiliýal, hany-mandan bolup bizar,
Tün uýkyny haram kylyp, bolup bidar,
Tapsam onuň yzyn gözge sürsemmikän?!

Melaýyklar tesbihiden bihut ýördi,
Magraç üzre Hak Mustapa bir çarh urdy,
Jebraýyly Mustapaga gaýdyp durdy,
Ymmat bolsam, men hem bir çarh ursammykan?!

«Haý-haý» diýdi, Hak Mustapa golun tutdy,
Ymmatlarnyň halyn görüp, özden gitdi,
Ene-ata diýmediler, bizni tutdy,
Gije ýatmaý zikr kalbyn etsemmikän?!

Halal boldy aşyklara ýürek gany,
Raks-u-semag aşyklarnyň köýer jany,
Nebs edasy, ruh guwwasy hem imany,
Hamdyn eşdip, şäkir bolup, ýörsemmikän?!

---

[1] «Fezkuruni ezkurukum» - «Siz meni ýatlaň, men hem sizi ýatlarys!». Gurhandan bir aýat.

Gul Hoja Ahmet, aşyk bolsaň şondag bolgul,
Hak Resulnyň kylgan işin sen hem kylgyl,
Köp ýyglaban, faýzy-futuh alagörgül,
Jandan geçip, faýzy-futuh alsammykan?!

**꧁ 64 ꧂**

Didaryny talap kylyp ýola girgen,
Imeksizin didaryny görgen barmy?!
Är edepsiz, tutmaý piriň etegini,
Işbu ýolnuň hataryndan ötgen barmy?!

Dünýä diýip, din işinden gurug galdym,
Rahylasyz ýola girip, azyp galdym,
Işbu ýolga girdim erse, haýran galdym,
Dünýä içre men dek haýran galgan barmy?!

Gyzyl ýüzni zagpyran dek sargartmaýyn,
Ýetmez aşyk maksadyna jan bermeýin,
Edhem sypat masuwany terk etmeýin,
Mansur sypat yşk daryga müngen barmy?!

Soltan Ahmet, aýtmyş sözüň barça güzap,
Takatyň ýok, bendeligiň barça silap,
Aşyklarnyň ody ýeter, bilgil tä Kap,
Ýolun sorap, takyk kylyp görgen barmy?!

**꧁ 65 ꧂**

Işbu syrny hiç bilmegen jahyl kişi,
Derwüşlerniň gadyryny haçan biler?!

Til ujundan ymmat men diýp, dagwa kylar,
Mustapanyň gadyryny haçan biler?!

Tarykatyň lezzetini datgan kişi,
Dünýäsini dini üçin satgan kişi,
Gije-gündiz gözde ýaşyn saçgan kişi,
Bu dünýäniň gadyryny haçan biler?!

Gije-gündiz ruza kylyp oşol aşyk,
Bu dünýäde Alla üçin dartyp harlyk,
Derwüşlerni gybat kylan ol mynapyk,
Magrypetniň gadyryny haçan biler?!

Dünýä malyn ýygyp ýolny ýitirgenler,
Essiz ömrün küpr içinde geçirgenler,
Ýol azaşyp, beýewanda ýörügenler,
Muhabbetiň gadyryny haçan biler?!

Köp kişiler dawa kylyp, nebs göz edip,
Iýip-içip haýwan kibi tünler ýatyp,
Ruza, namaz, zekat bermes hem ol gaýdyp,
Haktagallaň gadyryny haçan biler?!

«Külli muttaky aly men»[1] diýp, aýdy Resul,
Eý Gul Ahmet, bul hadysny kylgyl kabul,
Söwer halky mähnet kylyp, boldy melul,
Awam halky pir gadryny haçan biler?

[1] «Külli muttaky aly men» - «Bar takwa (dindar) adam - meniň neslimdir!). Gurhandan bir aýat.

## ꕥ 66 ꕥ

Hoş gaýypdan ýetişdi, ýagşy sözüm teperrik,
Aşyk bolsaň eý, talyp, ryýazatda biliň bük,
Tün gijeler uklamaý ýaş ornuna ganyň dök,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Arslan Babam aýdylar, talyplarda ýok yhlas,
Piriň häzir bolanda, ne hajat Hydyr-Ylýas,
Pire gadam goýaňda ýal aýtma, gowsul-gyýas,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Talyp men diýp aýdarlar, walla-billä naýynsap,
Nämähreme bakarlar, gözlerinde ýok ynsap,
Kişi malyn iýerler, çün dilleri imes sap,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

«Pir hyzmatyn kyldyk» diýp, «Talyp men» diýp ýörerler,
Iýip haram-harysny, gülberine urarlar,
Gözlerinde nemi ýok, halka içre girerler,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Zäkir men diýp zor urar, çykmaz gözünden ýaşy,
Dillerinde gamy ýok, näge agyrgaý başy?
Mekr-u-hile kylarlar, mälim Hudaga işi,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Talyp men diýp aýdarlar, köňlünde ýok zerre-nur,
Çyn talyby sorsaňyz içi-daşy göwher, dür,
Haka aýan syrlary iýmişleri sapa-nur,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Suratlary sopynakş, kyýamatdan gorkmaslar,
Pysk-u-pujur hasyly günälerden hürkmesler,
Däne-tesbih elinde, ýyglap ýaşyn dökmesler,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Ryýa-tesbih elinde, zünnar ýagşy bilseňiz,
Hak ryzasy bu durar, yşk söwdasyn kylsaňyz,
Yşkyn alyp magşarda ryswa bolup dursaňyz,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Yşka gadam goýanlar Hak didaryn görerler,
Musa sypat magşarda Hakdan sowal sorarlar,
Sermest bolup waslyna «Hüw» zikrini gurarlar,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

«Enşalla» aýdany Hakdan diläp alar men,
Şeýtan ýolundan alyp, Hak ýoluna salar men,
Medet kylsa Mustapa, günälerin dilär men,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Arslan Bapny sorsaňyz, Pygambere ygtybar,
Sahabalar ulugy, has bendeýi-kirdigär,
Ýatan ýeri nähemwar bir kazaýy hary-zar,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Çarşenbe gün eşidip, nägäh Hezret bardylar,
Arslan Bapnyň öýüne ol gün myhman boldular,
Ýatan ýeri nähemwar, görüp haýran galdylar,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Ol Muhammet Mustapa durup doga kyldylar,
Melaýyklar «Ämin!» diýp, elin açyp durdular,

«Şundag ymmat berdiň» diýp, Hak şükrüni kyldylar,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Sahabalar aýdylar: «Arslan Bapdyr adyňyz,
Araplaryň ulugy, päkizedir zatyňyz,
Terbiýet-ten parz diýdi, «parça salyp ýatyňyz!»,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Ahyrzaman ymmatlar nagş kylar öýlerin,
Nebsi-howa guwanyp bozar her dem hüýlerin,
Şany-şöwketler bile berpa kylar boýlaryn,
Arslan Babam sözlerin, eşidiňiz teperrik.

Ahyrzaman ymmaty, dünýä pany bilmesler,
Gidenleri görüban, ondan ybrat almaslar,
Erenleriň kylanyn görüp göze ilmesler,
Arslan Babam sözlerin, eşidiňiz teperrik.

Ýagşy ýollardan azyp, ýaman ýola gowuşan,
Şeýtan lagyn pirim diýp, damanyna ýapyşan,
Azazyly pirim diýp, irte-agşam görüşen,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Iman yslamyn alyp, ölmeý men diýp, gülüşen,
Ölmeý men diýp, dünede Möwlam birle uruşan,
Gapyllyk birle her dem ömrün berbat berişen,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Wagty ýetse Ezraýyl, «amanaty ber» diýgeý,
Şeýtan lagyn pirim diýp, jan bererde görüngeý,
Iman yslamyn alyp, haly-dilin sormagaý,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Toba kylsa tobasyn Möwlam kabul kylmagaý,
Alla diýse Hojasy, golun tutup almagaý,
Jürmi-usýan girehni piri baryp çeçmegeý,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Ýedi ýaşda Arslan Bap Türküstana geldiler,
Başym goýup ýygladym, halym görüp güldüler,
Müň bir zikrin öwredip mähribanlyk kyldylar,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Kelam kyldym hurmadan, maňa wahşat kyldylar,
«Eý biýedep, kudek» diýp, asa alyp sürdüler,
Wahşatyndan gorkmadym, maňa bakyp durdular,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

«Agzyň açgyl eý, kudek, amanatyň bereýin,
Mazasyny ýuwtmadym, aç agzyňa salaýyn,
Hak Resulnyň buýrugyn, ymmat bolsam kylaýyn»,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Agzym açdym saldylar, hurma ysy kyldy mest,
Iki älemden geçip, walla boldum Hakperest,
Hoja, molla ýygyldy, alyp ýördi destbe-dest,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Babam aýdy: «Eý, balam, teklip kylmadyň maňa,
Bäş ýüz ýyldyr kämimde saklap erdim, men saňa»,
«Mazasyny Siz alyp, talhyn berdiňiz maňa»,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Babam aýdy: «Eý, balam, gaşymda dur, öleýin,
Jynazamy okap, göm, jan tasaddyk kylaýyn,

Medet kylsa Mustapa, yllyýunga gireýin»,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Ýyglap aýdym: «Eý, baba, ýaş kudek men, bilmes men,
Görüňizni gazar men, göterip sala bilmes men,
Hak Mustapa sünnetin, kudek men, bilelmes men»,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Babam aýdy: «Eý, balam, melaýyklar ýygylgaý,
Jebraýyl ymam bolup, özgeler tabyg bolgaý,
Mikaýyl-u Ysrapyl göterip görge salgaý»,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

Gul Hoja Ahmet sözüňni, nadanlara aýtmagyl,
Sözni aýdyp nadanga püçek-pula satmagyl,
Açdan ölseň namartdan hergiz minnet dartmagyl,
Arslan Babam sözlerin eşidiňiz teperrik.

**67**

Muhabbetiň jamyn içen diwanalar,
Kyýamat gün ot agyzdan saçar, dostlar.
Gudrat birle ýaradylan ýedi tamug,
Aşyklaryň nagrasyndan gaçar, dostlar.

Dowzah ýyglap, dat eýlegeý Hudaýyna,
«Takatym ýok aşyklaryň bir ahyna»,
Gaçyp bargaý, Hak tagala penahyna,
Aşyklaryň ýaşy birle öçer, dostlar.

Aşyklary yşk dükanyn barsa gurup,
Enşalla, dowzah gaçgaý ondan gorkup,

Ýaşyn saçyp, göwsün açyp, ýüzün sürtüp,
Ýedi asman takat kylmaý göçer, dostlar.

Rahman Eýäm saky bolup meý içirse,
Ähiliýal, hany-mandan päk geçirse,
Wujudymdan Azazylny Hak gaçyrsa,
Jürmi-usýan, girehleri açar, dostlar.

Yşk babyny Hak ýüzüne «wa» eýlese,
Has yşkyny köňül içre «ja» eýlese,
Lutf eýlese, iki älem «şa» eýlese,
Aşyklary Hak saryga, uçar, dostlar.

Suhan Eýäm bir katra meý kylsa engam,
Zikri-syrny aýda-aýda kylsam tamam,
Hüýri-gulman, jümle melek oňa gulam,
Uçmah içre haryr donlar biçer, dostlar.

Alla diýban, görden gopsa, älem köýer,
Has bendäm diýp, Rahman Eýäm ýalňyz söýer,
Ýaş ornuna ganyn döküp, ýüzni ýuwar,
Hamdyn etse, şeýtan-lagyn gaçar, dostlar.

Men aýtmadym, Alla özi wada kyldy,
Ýolsuz idim, lutf eýläban ýola saldy,
Garyp bolup nala kyldym, golum aldy,
Ondag aşyk şowk-şerabyn içer, dostlar.

Gul Hoja Ahmet, yşksyzlaryň işi duşwar,
Taňla barsa Hak görsetmes oňa didar,
Arşy-kürsi, lowhy-galam hemme bizar,
Yşksyzlara dowzah babyn açar, dostlar.

## ༄ 68 ༄

Asy-japy guluň geldi dergähiňe,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.
Erklik Kadyr, ýyglap geldim bargähiňe,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Tün gijeler daň atynça ýatmak işim,
Säher turup raz etmedi muňly başym,
Nedamatda akarmykan gözde ýaşym,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Ýolsuz ýola girdim dostlar, halym harap,
Halkdan sorsam, hiç kim bermes maňa jogap,
Halygym sen, ýol görsetgil, aly jenap,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Hyjalatda gorkup geldim günähimden,
Zaty-ulug Perwerdigär, Ilähimden,
Nida geldi, «namut goýmaý dergähimden»,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Ýyglap geldim hezretiňe, eý-a şahym,
Gabsap geldi garaňkylyk, çykgyl mahym,
Patşahym sen, Biribarym, tekegähim,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Başdan aýak boldy günä, kaýda baraý,
Ýol azaşan it dek bolup, kimden soraý,
Bu hal birle didaryňy kaýdan göreý,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Men berkitsem el-u-aýak jümle güwäh,
Rehmet edip, sen geçmeseň halym tebah,
Şermende men, dermende men, köpdür günäh,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Günä derdi bimar kyldy, tebibim sen,
Mahbubym sen, dermanym sen, habybym sen,
Ýolda galdym, halym sorar rapygym sen,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Pysky-pujur rehmetiňden namut imes,
Senden özge hiç kim meni ýola salmas,
Lutf etmeseň, müşgüllerim asan bolmas,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Hiç kişi ýok, ýerde-gökde sen-sen Kadyr,
Şekim ýokdur, bu sözümde özüň nazyr,
Hem ýeke sen, ýegana sen, bişek häzir,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Men ýoluňda baş bermedim, Kadyr Huda,
Baş ne bolgaý, garyp janym ýüz-müň pida,
Dert hem özüň, derman özüň, lutfuň dowa,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Jany-iman kazasydyr seniň zowkuň,
Janym berip, satyn algaý seniň yşkyň,
Ruzy magşar şapyg bolgaý, seniň şowkuň,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Kulhuwalla, Suhanalla din gamçysy,
Ruza-namaz, tesbih-tählil Hak ilçisi,

Piri-mugan talyplaryň ýolbaşçysy,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Entel-hady, entel-Hakyň zikrin aýtsam,
Hady bolsaň, egri ýoldan rasta gaýtsam,
Hüw zikrini dile alyp, nagra dartsam,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Entel-hady entel-Haknyň zikri kawy,
Piri-mugan sözlerinden alsa petwi,
Batynlary röwşen bolup, bolar gowy,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Gul Hoja Ahmet, rehmetinden umyt tutaý,
Hojam meni «bendäm» diýse, şükrün aýtaý,
Bendäm diýmeý ýüz öwürse niçik eteý,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

**69**

Hoş gudratly Perwerdigär Biribarym,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.
Zaty-ulug Rahman Eýäm hem Jepbarym,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Säher wagty ýyglap döksem ganlar gözden,
Köňlüm açyp, ägä bolaý ýagşy sözden,
Gudratyňa mahuw bolup, gideý özden,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Ejabeti ondan diläp, kyl mynajat,
Hajatyňy rowa kylgaý, kazy-hajat,

Rehmet derýa dolup-daşar, ýetse furat,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Eý, dat Eýäm, hiç ýetmedi saňa dadym,
Ýer-u gögi nalan kyldy bu perýadym,
Ruzy-magşar kyçgyrgaýmu «Gel, azadym!»,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Bende bolsaň zikrin aýtgyl, goluň alsyn,
Ýoldan azsaň rehber bolup, ýola salsyn,
Säherlerde zary kylgyl, rehmi gelsin,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Entel-hady, Entel-Hakyň zikri Allah,
Hak zikrini aýtgyl dynmaý, bolguň ägäh,
Rahym Möwlam nazar kylsa bolar nägäh,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Entel-hady, Entel-Hakyň zikri tilde,
Bilmes nadan zikrin edip zahyr dilde,
Men-men diýen şyhy-zaman aby-gilde,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Entel-hady, Entel-Hakyň zikri ulug,
Hak zikrini wird eýlegen köňül synyg,
Wird eýlemeý, şyh men diýse jaýy tamug,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Eý ýaranlar nebs elinden armanda men,
Usýan ýüki duta kyldy, dermende men,
Ejiz guluň herne kylsaň, permanda men,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

Gul Hoja Ahmet, nebsden uly bela bolmas,
Ýol üstünde toprak bolsaň, kapyr olmas,
Ýer-u gökden tugma berseň hergiz doýmas,
Golum tutup, ýola salgyl, entel-hady.

## ꕤ 70 ꕤ

«Kad alemnä ente fi külli umur»[1],
Ente käfi, ente afy, ýa Gapur.
«Käfi fil-gaýbi hüwe men fil-huzur»[2],
Ente käfi, ente afy, ýa Gapur.

Mustapa «der halaty nezg» erdiler,
Bir guruhy asy diýip, haýkyrdylar,
«Ymmatym, waý ymmatym!» diýp, aýdylar,
Ente käfi, ente afy, ýa Gapur.

Bizni söýdi, özgelerni söýmedi,
Hem ata-ýu, hem enesin diýmedi,
«Ýarlykadym» diýmeginçä, goýmady,
Ente käfi, ente afy, ýa Gapur.

Haktagaladan nida geldi oňa,
«Ymmatyň işin hawala kyl maňa,
Jümlesin bagyşlaýym, onda saňa»,
Ente käfi, ente afy, ýa Gapur.

[1] «Kad allemnä ente fi külli umur» - «Biz ähli işleri saňa öwretdik». Gurhandan bir aýat.
[2] «Käfi fil-gaýbi hüwe men fil-huzur» - «Gaýypdaky we huzurdaka ýetişiklik eden bir Alla». Gurhandan bir aýat.

Aýdy: «Menden soňra ymmat bolgusy,
Parz-u sünnetni goýup, pysk etgisi,
Ekseri ymmatdan iman gitgisi»,
Ente käfi, ente afy, ýa Gapur.

Ymmatym ymmatlar içre sapydyr,
Neýleýin, has köpi asy-japydyr,
Kadyrym öz wadasyna wapydyr,
Ente käfi, ente afy, ýa Gapur.

Misgin Ahmet, sen bu ýazyk zähriden,
Gutulgyň, içseň şeraby-mähriden,
Gerçe köp gorkym Ilähim gahrydan,
Ente käfi, ente afy, ýa Gapur.

**71**

Hudawend-a, meni salgyl öz ýoluňa,
Nebs elinde haryp eda boldum men-ä.
Pysky-pujur dolup-daşyp hetden aşdy,
Garkap bolup, usýan içre galdym men-ä.

Dünýä nejis, talyp bolup it dek ýördüm,
Istäp ony, arkasyndan tün-gün kowdum,
Emrin tutmaý, Hak ýolunda gözüm ýumdum,
Kaýda baraý, eý-a dostlar, nätgüm men-ä.

Nebsi-şeýtan ýesir kyldy adam oglun,
Şatyrlaýyn baglap aldy iki golun,
Ne müşgüldir öň-u-solmy, bilmeý ýolun,
Wadaryg-a, hasrat bile bargum men-ä.

Ýok meniň dek şum-u-bela älem era,
Hiç bolmady menden ryza halky-Huda,
Imdi boldy ahyr meniň ýüzüm gara,
Wa weýleta, owwal näge boldum men-ä.

Ata kylan eziz jany bilmedim men,
Zahyr-batyn häzir sen diýp, durmadym men,
Gara ýüzüm dergähiňe sürmedim men,
Ýa, Rebbenä, herne kylsaň geldim men-ä.

Takatym ýok, eger baksam günähime,
Kylaý toba, gaçyp geldim penahyňa,
Rehmet birle nazar kylgyl Hoja Ahmetge,
Herne kylsaň, men binowa geldim men-ä.

**72**

Rahman Eýäm, rehmetiňi jary kylgyl säherde,
Usýan laýyna batdym, ýary bergil säherde.

Estagfur-u istigfary kylgyl şeýtandan yrak,
Şeýtan ýoldan azdyrsa, pena bergil säherde.

Umyt birle gelip men, dergähiňe Ilähim,
Betkerdeýu-betkirdar, golum algyl säherde.

Toba-tagsyr tilimde, köňlüm gorkmas Hudadan,
Hem rehmet-u hem didar, ata: kylgyl säherde.

Ýolsuz ýola ýol ýördüm, gaflatda ömrüm ötdi,
Ýa Kadyry Züljelal, ýola salgyl säherde.

Sen-sen meniň penahym, gazap kylma Ilähim,
Ýa dana-ýu külli-hal, halym sorgul säherde.

Başdan-aýak günähim iki jahana sygmas,
Bendäň asy, günäkär, pynhan kylgyl säherde.

Dagdan agyr günähim, uzur aýdarga tilim ýok,
Günähimi bagyşlap ýegsan kylgyl säherde.

Günähime ykrar men, häzir sen-u, nazyr sen,
Golum alyp ýa Jepbar, ýola salgyl säherde.

Garyp men-u, bikes men, biçäre men hem pakyr,
Senden özge kimim bar, rehm eýlegil säherde.[1]

Gul Hoja Ahmet, Hakdan gork, kim gorkmasa iman ýok,
Alnyňdadyr ol tamug, häzir bolgul säherde.

## ꕥ 73 ꕥ

Rahym, Möwlam rehmi birle ýat eýlesem,
Ne ýüz birle Hezretige bargum men-ä.
Toba kylyp, egri ýoldan rasta gaýtsam,
Ne ýüz birle Hezretige bargum men-ä.

Hak bendesniň namalaryn gola berse,
Hak Ilähim rehmi birle rehmet kylsa,
Piri-mugan hady bolup, ýola salsa,
Ne ýüz birle Hezretige bargum men-ä.

---

[1] Käbir golýazmalarda munuň yzyndan şeýle setirler gelýär:
Men asy-ýu pürgünäh, hamd-u sena aýtmaý men,
Towuk janawerni görgül, sena aýdar säherde.

Bir gün bolup ajal wagty ýawuk ýetse,
Saňa-maňa asyl watan hökmün etse,
Ölmeý durup, jan ajygyň zährin datsa,
Ne ýüz birle Hezretige bargum men-ä.

Syrdaş bolan hemralaryň çaşyp gitdi,
Jedel kylyp ukbalardan aşyp gitdi,
Çar-zarp urup, derýalar dek daşyp gitdi,
Ne ýüz birle Hezretige bargum men-ä.

Wa weýleta, gije-gündiz kylmaý tagat,
Hak Resuly ymmat üçin iýmeý nygmat,
Içmiş-iýmiş nygmatlary gaýgy-mähnet,
Ne ýüz birle Hezretige bargum men-ä.

Hak Resuly dünýä üçin gaýgyrmady,
Ymmat diläp, özge söze dem urmady,
Dünýä içre lahza aram ol görmedi,
Ne ýüz birle Hezretige bargum men-ä.

Wadaryg-a, magşar güni zahyr bolsa,
Taňry özi kazy bolup, nazyr bolsa,
Ýaman işim, kylmyşlarym häzir bolsa,
Ne ýüz birle Hezretige bargum men-ä.

Gije-gündiz dynmaý ýygla, Gul Hoja Ahmet,
Durud aýdyp, Hak Resula bolgul ymmat,
Hady bolup, «ymmat» diýse hoş sagadat,
Ne ýüz birle Hezretige bargum men-ä.

## ꕤ 74 ꕤ

Ömrüm ahyr bolganda, ne kylgaý men, Huda-ýa!
Jan alguwjy gelgende, ne kylgaý men, Huda-ýa!

Jan bermek işi duşwar, asan kylgyl ýa, Jepbar,
Senden özge ýok gamhor, ne kylgaý men, Huda-ýa!

Jan bermegiň wehminden, azazylnyň zähminden,[1]
Şepkat bolmasa senden, ne kylgaý men, Huda-ýa!

Janym jyda bolganda, tenim munda galganda,
Tagta üzre alganda, ne kylgaý men, Huda-ýa!

Ejiz bolup ýatganda, perişteler girgende,
«Men rebbik» diýp sorganda, ne kylgaý men, Huda-ýa!

Eltip görge goýganda, ýedi gadam ýa:nganda,
Sorgujylar girgende, ne kylgaý men, Huda-ýa!

«Men Rebbik» diýp durganda, gara gündir o şonda,
«Rebbiň kimdir?» diýgende, ne kylgaý men, Huda-ýa!

Gul Hoja Ahmet, sen bende, nebs elinde şermende,
Magşar güni bolganda, ne kylgaý men, Huda-ýa!

---

[1] Azazylnyň zähminden - şeýtanyň derdeserinden, azaryndan. Bu setir käbir golýazmada «Ezraýylnyň zähminden» görnüşinde hem duşýar.

## ☙ 75 ❧

Kahhar atly gahryňdan, gorkup ýyglar Hoja Ahmet.
Rahman atly rehmiňden, umyt tutar Hoja Ahmet.

Günähim köp Ilähim, geçirgeý sen günähim,
Barça gullar içinde, asy guldur Hoja Ahmet.

Mynapyklar ýörerler, pysky-pujur kylarlar,
Haram-şübhe, iýerler, gorkup ýyglar Hoja Ahmet.

Tarykaty bilmedim, hakykata girmedim,
Pir buýrugyn tutmadym, uzry köpdür Hoja Ahmet.

Şermende asy gul men, yşk ýolunda bilbil men,
Arslan babaga gul men, guluň bolar Hoja Ahmet.

Gul Hoja Ahmet, tagat kyl, ýyglamakny adat kyl,
Bela gelse takat kyl, Hakdan bolar Hoja Ahmet.

## ☙ 76 ❧

Köňül guşy uçsa daýym ganat tokup,
Iki gözüm nedamatda ganlar döküp,
Ten öldürüp, ryýazatda dyzym büküp,
Ýa Ilähi, afu kylgyl günähimni.

Nadanlykda kylan işim barça-hata,
Toba, tagsyr eýlemedim, ýakam tuta,
Gerdenime towky ýaňlyg, saldym puta,
Ýa Ilähi, afu kylgyl günähimni.

Şum dünýäge köňül berip, kähil boldum,
Eşret birle wadaryg-a, jahyl boldum,
Bu dünýäniň öterini imdi bildim,
Ýa Ilähi, afu kylgyl günähimni.

Köňül mülkün tutmuş ogşar, zulmat tüni,
Köňlüm içre bidar bolar maýu-meni,
Pir hümmeti yrak kylar bizden ony,
Ýa Ilähi, afu kylgyl günähimni.

Dünýä söýüp, din söwdasyn ýitirip men,
Ýazyk ýükün eý-a dostlar, bitirip men,
Dergähiňe magsyýetler getirip men,
Ýa Ilähi, afu kylgyl günähimni.

Gul Hoja Ahmet, günähine kaýyl erer,
Erenleriň söhbetine maýyl erer,
Her kim Alla diýse, Haka oňa ýary berer,
Ýa Ilähi, afu kylgyl günähimni.

## 77

Müň tümen dürli hatalar, menden ötse, afu kyl,
Güftegüýu-närowalar menden ötse, afu kyl.

Ger tilawat kylmyşymda bu Kelamullahyny,
Sähwi-usýany hatalar, menden ötse, afu kyl.

Okyganda gapyl ötse, ýa galat, nogsan bile,
Her niçik bijaý bejalar menden ötse, afu kyl.

Met birle ref-u-teşditlerni tagýyr eýlesem,
Bu kelama her hatalar, menden ötse, afu kyl.

Fahş okasam bir kelimesin, ýa bir harpyny,
Munda nätäm dogalar, menden ötse, afu kyl.

Aýaty wagt-u-wagtyna kylmasam men tefrika,
Pähm kylmaý närseler, menden ötse, afu kyl.

Yzzat-u, ekram-u, Gurhanny beja geltürmesem,
Biýedeplik, biybalyk menden ötse, afu kyl.

Hezretinden men kibi gulnuň hatasy köp erer,
Rusyýalyk, her hatalar, menden ötse, afu kyl.

Hoja Ahmet misginniň, nogsany köpdür dünýäde,
Gerçe ýa Rep, müň hatalar menden ötse, afu kyl.

**78**

Ilähi Kadyr-a, Perwerdigär-a,
Rehm kyl bendäňe, eý, Kirdigär-a.

Sygyndym hezretiňge eý, Ilähi,
Ýaratgan jümle-älemniň penahy.

Ejabat senden-u, menden mynajat,
Eý Ilähi Züljelal, jümle hajat.

Ilähi, hajatymny sen rowa kyl,
Kerim sen lutf eýle, derdim dowa kyl.

Kerem birle geçirgil, eý, aryg zat,
Azaby ahyretden kylgyl azat.

Ilähi, şerri-şeýtandan sen ysra,
Kamug ýazyklarymdan hem sen ysra.

Kamug ýazyklarymdan toba kyldym,
Ki mest erdim, ki men ondan aýyldym.

Diýmeýdir men, meni jandan aýyrma,
Weli, ahyrda imandan aýyrma.

Ilähi, barçanyň perýadyga ýet,
Kamug biçärelerniň dadyga ýet!

Ilähi, sen geçirgil, takatym ýok,
Seniň alnyňda laýyk, tagatym ýok.

Ilähi, zaty-päkiň hormatyndan,
Aýyrgyl, bizni şeýtan zähmetinden.

Ilähi, barçany gulluga has et,
Meni-menden alyp, bir ýol halas et.

Maňa towpyk suwundan sen içirgil,
Kerem birle günähimni geçirgil.

Ki bilmesde günäni bisýar kyldym,
Köňüllerni bozup, köp azar kyldym.

Ki her asy erer rehmete laýyk,
Gel, eý, Ahmet, dogaga bol muwapyk.

## ꙳ 79 ꙳

Yşk ýolunda pena bolaý Hak Biribar,
Her ne kylsaň aşyk kylgyl, Perwerdigär.
Elim açyp, doga kylaý Izim Jepbar,
Her ne kylsaň aşyk kylgyl, Perwerdigär.

Gül yşkynyň köýünde men bilbil boldum,
Elwan-elwan tiller bile nalyş kyldym.
Barça işden aşyklygy duşwar bildim,
Her ne kylsaň aşyk kylgyl, Perwerdigär.

Yşky degse, köýdürgüsi janu-tenni,
Yşky degse, weýran kylar maýu-menni,
Yşk bolmasa tanap bolmas, Möwlam seni,
Her ne kylsaň aşyk kylgyl, Perwerdigär.

Yşk depderi sygmas dostlar, dergähine,
Jümle aşyk ýyglyp bargaý, bargähine,
Ýedi dowzah takat kylmas, bir ahyna,
Her ne kylsaň aşyk kylgyl, Perwerdigär.

Has yşkyňy görset maňa, şäkir bolaý,
Erre goýsa, Zekeriýa dek zäkir bolaý,
Eýýup sypat belasyna sabyr kylaý,
Her ne kylsaň aşyk kylgyl, Perwerdigär.

Jilwe kylgyl, telbe kylgyl, şeýda kylgyl,
Mejnun kylgyl, il-u halka ryswa kylgyl,
Şem görsedip, perwana dek ahgär kylgyl,
Her ne kylsaň aşyk kylgyl, Perwerdigär.

Yşk derdini talap kyldym, dermany ýok,
Yşk ýolunda jan bereniň armany ýok,
Bu ýollarda jan bermese imkany ýok,
Her ne kylsaň aşyk kylgyl, Perwerdigär.

Kaýdan tapaý, yşkyň düşdi kararym ýok,
Yşk senasyn tüni-güni goýarym ýok,
Dergähiňden özge ýere bararym ýok,
Herne kylsaň, aşyk kylgyl, Perwerdigär.

Yşk bazary ulug bazar, söwda haram,
Aşyklara senden özge gowga haram,
Yşk ýoluna girenlere dünýä haram,
Her ne kylsaň aşyk kylgyl, Perwerdigär.

Aşyklygy dawa kylyp ýörelmedim,
Nebsden geçip, men emrini kylalmadym,
Nadanlykda Hak emrini bilelmedim,
Her ne kylsaň aşyk kylgyl, Perwerdigär.

Gul Hoja Ahmet, yşkdan gaty bela bolmas,
Merhem, sürme, yşk derdine dowa bolmas,
Göz ýaşyňdan özge hiç kim güwä bolmas,
Her ne kylsaň aşyk kylgyl, Perwerdigär.

**80**

Eý-a şahy, du älemniň patyşahy,
Erer sen bendäniň puşt-u-penahy.

Diläp daýym seniň ol zaty-päkiň,
Şeýýatyň şerinden bergil penahy.

Bu şeýtan şerinden kime gaçar men.
Seniň alnyňdadyr serri-kemahy.

Hudawend-a, saňa men ýandym imdi,
Özüň sen, barçaga Razyk ilähi.

Keramyl-kätibeýn atly perişde,
Beýeban gumlaryndan köp günähi.

Muhammet kim erer, hadyýy-älem,
Oşol günde boladyr, dadhahy.

Okap namamy görsem hiç amalym ýok,
Başym küýi salyp bolgum tebahy.

Ki men diýr men, «bu işi kylganym ýok»,
Tamam agzalarym bolgaý güwähi.

Ölümiň destinden hiç kim gutulmas,
Galandar bol, başyňga geý külahy.

Jähennem üstünde dartyg syraty,
Görüp bende urar efsusy-ahy

Hoja Ahmet Ýasawy, sen ýygla daýym,
Yssyg kylmas saňa, taňlaky ahy.

**❧ 81 ☙**

Yşkyň kyldy şeýda meni,
Jümle älem bildi meni,

Gaýgym sen-sen tüni-güni,
Maňa sen Ok gerek, sen.

Tagalalla zehi many,
Sen ýaratdyň jismi-jany,
Gulluk kylam tüni-güni,
Maňa sen Ok gerek, sen.

Gözüm açdym, seni gördüm,
Gül köňülni saňa berdim,
Uruglarym terkin kyldym,
Maňa sen Ok gerek, sen.

Sözlesem men, tilimde sen,
Gözlesem men, gözümde sen,
Köňlümde hem janymda sen,
Maňa sen Ok gerek, sen.

Pida bolsun saňa janym,
Döker bolsaň, meniň ganym,
Men guluň men, sen soltanym,
Maňa sen Ok gerek, sen.

Alymlara kitap gerek,
Sopulara hytap gerek,
Mejnunlara Leýli gerek,
Maňa sen Ok gerek, sen.

Gapyllara dünýä gerek,
Akyllara ukba gerek,
Talyplara lukma gerek,
Maňa sen Ok gerek, sen.

Älem bary uçmah bolsa,
Jümle hüýrler garşy gelse,
Alla maňa ruzy kylsa,
Maňa sen Ok gerek, sen.

Uçmah girem, jöwlan kylam,
Ne hüýrlerge nazar kylam,
Ony-muny men ne kylam,
Maňa sen Ok gerek, sen.

Hoja Ahmet, meniň adym,
Tüni-güni ýanar odum,
Iki jahanda umydym,
Maňa sen Ok gerek, sen!

**82**

Muhammetni biliň, zaty arapdyr,
Tarykatnyň ýoly, külli edepdir.

Hakykat bilmegen adam imesdir,
Biliňiz, hiç nemäge ogşamasdyr.

Biliň, biçün erer hem biçügine,
We bişühbe erer, hem binemuna.

Gaharlansa kylar ýer bile ýegsan,
Boladyr zenzele ýer bile asman.

Berer bolsa tükenmes nygmaty bar,
Rehim kylsa, biliňiz rehmeti bar.

Muhammetni sypat kylsam kemine,
Enesiniň ady — bilgil, Emine.

Atasynyň ady — Abdylla ekendir,
Eneden dogmaýyn, ölgen ekendir.

Muhammetni babasy saklagandyr,
Ýalaňaç, açlaryny ýoklagandyr.

Babasyn bilseňiz Abdylmuttalyp,
Köňülde saklagaý siz ýagşy bilip.

Babasynyň atasy erdi Haşym,
Eşidende akadyr gözde ýaşym.

Biliň, dördünjisidir Abdylmennap,
Olarny bilse her kim, köňlüdir sap.

Resulnyň bilse her kim dört puştun,
Kyýamatda gezer sekiz behiştin.

Babasy ýedi ýaşynda ölüpdir,
Resulny ammasyna beripdir.

Abu Talyp Alynyň atasydyr,
Kamug araplarnyň hem atasydyr.

Abu Talyp bolandyr iş başynda,
Muhammet oturar, daýym gaşynda.

Muhammetniň ýaşy on ýedi boldy,
Ki ol wagtda Hatyja ony buldy.

Muhammetni biliň, kim misli şuňkar,
Hatyja ony görüp bolandyr zar.

Hatyja köňlünde ony söýendir,
Muhammet yşkynda içi köýendir.

Gije-gündiz tilär ony Hudadan,
Biliňiz, akybet tapdy myradyn.

Görüňizler Hudanyň şiwesini,
Muhammet bakan eken tiwesini.

Hatyjaga Resul çäkir bolupdyr,
Bu bagys birle bil, ony alypdyr.

Hatyjanyň Huda bagtyn açypdyr,
Resulnyň başyga dürler saçypdyr.

Resulnyň ýaşlary kyrka ýetipdir,
Ki ondan soň Hudadan wahyý ýetipdir.

Ki ondan soň Muhammet boldy patşa,
Resulnyň köňlünde ýar boldy Alla.

Muhammetniň işin Alla bitirdi,
Halaýyk barçasy iman getirdi.

Resulnyň başynda boldy emmama,
Kemal tapty otuz üç müň sahaba.

Resula barçasy hyzmat kyladyr,
Edep birle ýörüp, yzzat kyladyr.

Resul alnyna bir ýetim gelipdir,
«Garyby-mübtela men» diýp, aýdypdyr.

Rehm kyldy Resul onuň halyna,
Dilegenin onuň berdi goluna.

Resul aýdy oňa: «Men hem ýetim men»,
Ýetimlikden, garyplykdan ýetip men.

Muhammet aýdadyr: «Her kim ýetimdir,
Biliňler ol meniň has ymmatymdyr».

Ýetimi görseňiz agyrtmaňyzlar,
Garyby görseňiz dag etmäňizler.

Ýetimler bu jahanda har ekendir,
Garyplaryň işi duşwar ekendir.

Garyplaryň işi daýym solukdyr,
Tirik ermes garyp, misli ölükdir.

Hudaýyna garyplar bilgilükdir,
Garypny irte-agşam sorgulykdyr.

Sypat kylsam Aly şiri-Hudadyr,
Ki şemşir birle kapyrny gyradyr.

Kapyrlary kylar imana dagwat,
Beredir her zaman yslama kuwwat.

Ki mömin bolanyn alyp geledir,
Kabul kylmaganny, çapyp geledir.

Ki şemşir gola alyp münse Düldül,
Düşedir kowmy kapyrlarga gulgul.

Golundaky ýaragy Zülpükary,
Çapyşanda, uzalar kyrk gary.

Alynyň bar idi on sekiz ogly,
Onuň her kaýsysynyň goly tugly.

Aly yslam üçin ganlar ýuwtadyr,
Ki yslam tuguny mäkäm tutadyr.

Hoja Ahmet, bil, garyplyga düşüpdir,
Resul öwladyna sözler goşupdyr.

**ꕤ 83 ꕤ**

«El kezzab-u la ummaty»[1] diýdi biliň, Muhammet,
Ýalançylar kowmuny ymmat diýmes, Muhammet.

Dogry ýörgen guluny, yzlap Hakyň ýoluny,
Rast ýörgen guluny, ymmat diýen Muhammet.

Her kim ymmat men diýse, Resul işin goýmasa,
Şepagat güni bolsa, mahrum goýmas Muhammet.

Taňry Tagala sözün, Resulalla sünnetin,
Ynanmagan ymmatyn, ymmat diýmes Muhammet.

[1] «El kezzab-u la ummaty» - «Kezzaplar meniň ymmatymdan däldir». Gurhandan bir aýat.

Ymmat men diýp ýörer sen, buýrugyny kylmas sen,
Niçik umyt tutar sen, onda sormas Muhammet.

Müşgüldir asy bende, ymmat diýmese onda,
Ryswa bolar magşarda, ymmat diýmes Muhammet.

Ymmat diýer Muhammet, çyn sözlese Gul Ahmet,
Taňla bolsa kyýamat, mahrum goýmas Muhammet.

## 84

Nury-Huda, dosty-Huda ol Mustapa,
Kimler üçin geldi Resul, bildiňizmu?!
Durudy-Huda, wirdi-Huda Hak Mustapa,
Kimler üçin geldi Resul, bildiňizmu?!

Kimler üçin girýan kyldy gözlerini,
Ymmat üçin biryan kyldy özlerini,
Ymmat bolsaň aňla işbu sözlerini,
Kimler üçin geldi Resul, bildiňizmu?!

Ýyglaý-ýyglaý ýüz-gözleri çişdi görüň,
Kyýam durup, aýaklary çişdi, görüň,
Ymmat üçin gaýgy-mähnet çekdi, görüň,
Kimler üçin geldi Resul, bildiňizmu?!

Eý-a dostlar, muny biler ymmat kany?
Eger bilseň ondan artyk nygmat kany?
Kyýamat gün ondan ozal şefkat kany?
Kimler üçin geldi Resul, bildiňizmu?!

Ymmat bolup, Resul gadryn bildiňizmu?
Ten-jan birle sünnetlerin kyldyňyzmu?
Resul üçin zar eňräban ötdüňizmu?
Kimler üçin geldi Resul, bildiňizmu?!

Heýhat-heýhat, sagadatdyr ol Mustapa,
Heýhat-heýhat, ganymatdyr ol Mustapa,
Heýhat-heýhat, enaýatdyr ol Mustapa,
Kimler üçin geldi Resul, bildiňizmu?!

Gul Hoja Ahmet, sözlär sözün, dilim kapa,
Ymmatlarma kylgyl wepa, kylma jepa,
Ymmatyna mundag diýdi, Hak Mustapa,
Kimler üçin geldi Resul, bildiňizmu?!

**85**

Bizden durudy-bisýar, ýa Mustapa Muhammet,
Tahyýýaty-bişumar, ýa Mustapa Muhammet.

Ýa Seýýidil-murselin, ýa hatymin-nebiýýin,
Ýa hadi el-muzellin, ýa Mustapa Muhammet.

Ýa eýýuhel-muddesir, Hak aýdy: «Kum fe-enzir,
We rebbike fe-kebir»[1], ýa Mustapa Muhammet.

Hezretde sen muazzam, gurbatda sen mükerrem,
Enbiýaga mukatdam, ýa Mustapa Muhammet.

---

[1] «Kum fe-enzir we rebbike fe-kebir» - «Gal-da halka gorky ber we Perwerdigäriňe tekbir aýt». Gurhandan bir aýat.

Sen-sen habyby-halyk, Hak dergähine laýyk,
Hulasaýy-halaýyk, ýa Mustapa Muhammet.

Asly-wujudy-adam, mursal nebiýi-hatam,
Razy-nahana mährem, ýa Mustapa Muhammet.

Tubyýy kaby köwseýn, kamary bagy-köwneýn,
Barçaga kurraty-aýneýn, ýa Mustapa Muhammet.

Arş-u-kürsüden aşgan, Hezretine ulaşgan,
Togsan müň raz aýdyşgan, ýa Mustapa Muhammet.

Ýer-Gök erer mamuryň, sahabalar manzuryň,
Jümle ymmat magfuryň, ýa Mustapa Muhammet.

Her kime bolsa meýliň, göterer Hak azabyň,
Älem seniň tufeýliň, ýa Mustapa Muhammet.

Her kim saňa sygynar, tamugdan ol gutular,
Uçmah sary ulanar, ýa Mustapa Muhammet.

Janym pidasy kylsam, hoşnutlygyny alsam,
Arman ýok erdi ölsem, ýa Mustapa Muhammet.

Gerçe köpdür günähim, geçirgeý sen Ilähim,
Sen-sen meniň penahym, ýa Mustapa Muhammet.

Ýa Reb, niçik kylgaý men, şepagatyň golgaý men,
Ymmatyňdan bolgaý men, ýa Mustapa Muhammet.

Ymmatyňdan bolganlar, şepagatyň golganlar,
Ähli-behişt bolgaýlar, ýa Mustapa Muhammet.

Ahmet myrady sen-sen, zikriýu ýady sen-sen,
Işler, küşady sen-sen, ýa Mustapa Muhammet.

### ℘ 86 ℘

On sekiz müň älemge serwer bolgan Muhammet,
Otuz üç müň eshabga, rehber bolgan Muhammet.

Ýalaňaj-u açlyga, kanagatly Muhammet,
Asy-japy ymmatga, şepagatly Muhammet.

Tünler ýatyp uýumas, tilawetli Muhammet,
Garyp birle ýetimge, mürrewwetli Muhammet.

Ýoldan azgan gümraha, hedaýatly Muhammet,
Möhüm düşse her kimge, kipaýatly Muhammet.

Abujähl-u Lahapga, syýasatlyg Muhammet,
Melamatnyň sabyny, salamatlyg Muhammet.

Namaz, ruza kylgujy, ybadatly Muhammet,
Dynmaý tesbih aýtgujy, ryýazatly Muhammet.

Melgun lagyn şeýtanga, syýasatly Muhammet,
Şerigatyň ýoluna, enaýatly Muhammet.

Tarykata rahnema, eradatly Muhammet,
Hakykata muktada, ejazatly Muhammet,

Dogalary mustejap, ejabatly Muhammet,
Ýamanlyga ýagşylyk, keramatly Muhammet.

Towpyk beren zalymga, jelalatly Muhammet,
Sežde kylgan egilip, itagatly Muhammet.

Bäş wagt namaz kylganda, ymamatlyg Muhammet,
Magraç aşyp barganda, şahadatly Muhammet.

Arş-u kürsi, bazary, enaýatly Muhammet,
Sekiz behişt eýesi, welaýatly Muhammet.

Misgin Ahmet guluna kitabetli Muhammet,
Ýetim, pakyr, garyba, sahawatly Muhammet.

**∞ 87 ∞**

Başyma düşüp, nagraýy-söwdaýy Muhammet,
Men onuň üçin köýünde, şeýdaýy Muhammet.

Kim ymmatydyr hamd-u-sena dynmaýyn aýdar,
Päk-a, samed-a, kyl meni ryswaýy Muhammet.

Köňlüme salyp yşkyň muhabbetin Ilähim,
Kylgyl meni sen aşygy-ýektaýy Muhammet.

Manendeýi-Mejnuny geçirip iki jahandan,
Diwana kylyp, kyl meni, ryswaýy Muhammet.

Öldürgil, köýdürgil, her mähnetni salgyl,
Ol ruzy-jeza kyl meni, şeýdaýy Muhammet.

Daýym gamy-ymmat, iýdi-u, iýmedi nygmat,
Keramatydyr sen gany, gamhaýy Muhammet.

Ymmat diýiban gije ýu-gündiz iýdi hasrat,
Göwsüden çykarar pürhuny, dilhaýy Muhammet.

Ymmat günähini diläp ol şahy-şahynşa,
Ol ruzy-jeza bolar, ol dadhaýy Muhammet.

Geçgil hemmeden, yzla Muhammetniň ryzasyn,
Walla, bola sen lahzada, güwäýi Muhammet.

Senden dilegim budur, eý, halyky-biçün,
Salgyl gulagyma meniň, gowgaýy Muhammet.

Men örgüleýin hoş, keremiňden seniň Alla,
Bir katra dadyrgyl maňa, derýaýy Muhammet.

Ýol bergiji Rahmany, Rahym-u, Gapur-u, Setdar,
Kylma meni şermendeýi, gümraýy Muhammet.

Bir katraýy-meý, ol jamy-elestden maňa engam,
Kylgyl, bolaýyn hamdyňa danaýy Muhammet.

Ruýy-syýahyňy sür, gadamy piri-muganga,
Lutf etse berer, dideýu-binaýy Muhammet.

Maksadyma ýetir meni eý, halyky-biçün,
Men dertalaby zülpi, semen saýy Muhammet.

Ýüzden göterip perdäni, Ahmet saryga bakgyl,
Men bendeýi ol muýy syýah paýy Muhammet.

Misgin Ýasawy, arzuwy-rowzaýy-hezretdir,
Bolgaýmu miýesser, häki käfi paýy Muhammet.

## ꧁ 88 ꧂

Bir gün geldi Abu Bekir Selman bile,
Hak Mustapa razyn açdy Rahman bile,
Barça barar bu dünýäden arman bile,
Elkin bolup, Haka wasyl bolmak üçin.

Ezraýyly bir gün geldi perman bile,
Fatyma salam berdi, ikram bile,
Hak Mustapa meşgul boldy iman bile,
Yssyg tenden eziz janny bermek üçin.

Resul aýdy: «Sahabalar byhyl boluň,
Ahyrete ulandyk, siz, anyk biliň,
Ruza tutuň, namaz okaň, zekat beriň,
Jähennemden özni azat kylmak üçin».

Duşenbe gün Hak Mustapa dünýe goýdy,
Hak Tagala permanyna boýun sundy,
Ibni Abbas suw akyzdy, Aly ýuwdy,
Uçmah içre hülle donlar geýmek üçin.

Alla diýban sahabalar deprendiler,
Pygamberiň jynazasyn göterdiler,
Ol Sidretül-muntahaga aşyrdylar,
Arş üstüne ýetiriban goýmak üçin.

Asmandaky perişteler ýere indi,
Pygamberiň nury birle älem doldy,
Babam diýu Fatyma (hem) girýan galdy,
Babasyndan ýetim bolup galmak üçin.

Gul Hoja Ahmet göwher ýaňlyg hikmet aýdy,
Erenlere hyzmat kylyp, nazar tapdy,
Togsan dokuz müň hikmet aýdyp, dessan etdi,
Dessan kylyp, bossan içre ýörmek üçin.

## ꕤ 89 ꕤ

Owwal «elestu-birebbiküm»[1] diýgeninde,
«Kalu, bela!»[2] diýgenimi bilelmes men.
«We ma dinekum»[3] diýban ýene soranynda,
«Dinim yslam» diýgenimi bilelmes men.

Ilähimden ýene üç ýol geldi hytap,
Mömün erwah «Rebbim sen» diýp, berdi jowap,
Aýtmagany kapyr kyldy, Izim Wahhap,
Men hem jogap aýtganymy bilelmes men.

Jümle ruha şol sagatda perman geldi,
Perman bolgaç, dem ötmeýin sap guruldy,
Kapyr çepde, mömin bende öňde durdy,
Kaýsy tarap durganymny bilelmes men.

«Sežde kyl» diýp, Hakdan ýene perman boldy,
Sežde kylyp barça mömin ülüş aldy,
Sežde kylmaý galanlary kapyr boldy,
Men hem sežde kylganymny bilelmes men.

Eý möminler, wehmi birle boldum girýan,
Bu gam birle aklym haýran, ýüregim gan,

---

[1] «Elestu-birebbiküm» - «Men siziň Hudaýyňyz dälmi?». Gurhandan bir aýat.
[2] «Kalu, bela» - «Hawa» diýdiler. Gurhandan bir aýat.
[3] «We ma dinekum» - «Diniňiz näme?». Gurhandan bir aýat.

Tenden ötüp, dilden ötüp, örtedi jan,
Niçik alaç ederimni bilelmes men.

Hudaýymnyň gudratyga ýetip bolmas,
Şaky Sagyt emr kyldy, bilip bolmas,
Takat kylyp, halk içinde durup bolmas,
Haýsy tarap giderimni bilelmes men.

Birni gebr-u, birni tersa, jöhit kyldy,
Birni mömin, birni kapyr, ýehut kyldy,
Azazylny dergähinden merdut kyldy,
Ne sebäpden kylganyny bilelmes men.

Günähim köp dagdan agyr, tagatym az,
Tagat kylmaý ömrüm ötdi gyş-u hem ýaz,
Dergähine barar bolsam ýokdur nyýaz,
Ne ýüz birle bararymny bilelmes men.

Jandan geçgen çyn aşyklar özün gördi,
Ruzy-ezel ýene birni aşyk kyldy,
Lutfy-kerem eýläp oňa yşkyn saldy,
Onda didar görerimni bilelmes men.

Zahyt kyldy, ýene birni tagat üçin,
Zahyt ýene tagat kylmyş rahat üçin,
Hüýri-gulman, tuby-wildan jennet üçin,
Zahyt didar görerimni bilelmes men.

Ahyretniň ýaragyny kylalmadym,
Ýollar uzak, ýol azygyn alalmadym,
Jandan geçip, Hak emrini kylalmadym,
Azyksyzyn, bararymny bilelmes men.

Duýmaý galdym, dem ötmeýin ömrüm ötdi,
Melekül-möwt gelmegi hem ýawuk ýetdi,
Eý-a dostlar, amalsyz men, başym gatdy,
Ne hal birle giderimni bilelmes men.

Bir pursatda ýetip gelgeý, ötmeý sagat,
Haýbatyna ýer-u gökler kylmas takat,
Perman bolsa Ilähimden Melekül-möwt,
Niçik takat kylarymny bilelmes men.

Jan alarga ol Ezraýyl gelip dursa,
«Janyň ber» diýp, haýbat birle bir çeňk ursa,
Üç ýüz altmyş damarlarym titrär bolsa,
Ne hal birle bararymny bilelmes men.

Ähl-u-aýal ýüzün sary bakyp durgaý,
Bakyp durup, söz aýdarga tiliň gelmeý,
Rehm etmese, ýakyn işiň yrak bolgaý,
Haýran bolup näderimni bilelmes men.

Hudaýymnyň emri birle janym alsa,
Janym onda baryp, tenim munda galsa,
Reňkim misli bergi-hazan ýaňlyg solsa,
Iman birle bararymny bilelmes men.

Ähl-u-aýal gurşap durgaý, ýyglap seni,
Ýuwgujylar tagta üzre algaý seni,
Suwny guýup, päk eýlegeý zahyrymny,
Batynymy ýuwganyny bilelmes men.

Ondan soňra kepen donun geýdirgeýler,
Päg-u-näpäk, meni salyp çolgagaýlar,

Baş-aýagym mäkem tutup baglagaýlar,
Toba donun geýenimni bilelmes men.

Dört aýakly tabydymny getirgeýler,
Meni salyp dört tarapdan götergeýler,
Sena aýdyp, jynazamny okygaýlar,
Men hem sena aýdarymny bilelmes men.

Ondan soňra meni salyp rowan bolsa,
Ýetmiş iki ýerde menden sowal sorsa,
«Jogap ber» diýp, perişteler wahşet kylsa,
Niçik jogap bererimni bilelmes men.

Tabyt birle alyp dursa gör başynda,
Ýaranlarym ýyglap durgaý köp gaşymda,
Ýalňyz ýyglap, pürgam bolup, ýol başynda,
Onda niçik kylarymny bilelmes men.

Meni goýup, ýedi gadam gider bolsa,
Münkir-Nekir oşol demde girip gelse,
«Men Rebbik?» diýp, perişteler bakyp dursa,
«Rebbim Alla» diýgenimni bilelmes men.

Gul Hoja Ahmet, menzil hatar, ýollar yrak,
Barar ýeriň ýawuk turar, barmy ýarak,
Toba kylyp, özüň birle algyl ýarak,
Men hem toba kylganymny bilelmes men.

**90**

Muhabbetiň derýasynda guwwas bolup,
Magrypetiň göwherini algum geler.

Tarykatyň meýdanynda perwaz kylyp,
Ol Tuby daragtyna gongum geler.

Ol Tuby daragtyny ekse bitmes,
Alla diýen aşyk guldan tagsyr gitmes,
Çyndan aşyk erse hergiz ýolda ýatmas,
Aşyk bolup, Alla ýadyn aýgum geler.

Aşyk gullar Hak ýadyndan haly imes,
Hakykatlyg bu dünýäge meýil kylmas,
Çyn aşyklar dünýä ukbyn göze almas,
Men hem taky, bu dünýäni goýgum geler.

Tejelliniň nury birle akly çaşan,
Alla diýu, köňül baglap Turga aşan,
Muhabbetiň ody birle gaýnap-daşan,
Men hem taky, Alla diýu bargum geler.

Alla ýady köňülleri kyldy horram,
Balh mülküni taşlap, kilim geýdi Edhem,
Kilim geýip, hedaýatga urdy gadam,
Hedaýatga ondag gadam urgum geler.

Kilim geýen ol ezizler Haka bakar,
Çün syrlary, dükan içre Haky tapar,
Ah-laryndan telim daglar syzyp akar,
Selim bolup, ol kilimni geýgüm geler.

Selim bolup, safy boldy Jüneýt, Şibli,
Nebsin depip, gahar kyldy Hasan Basry,
Halky goýup, pena boldy Zunnun Müsri,
Ezizlere mutabegat kylgum geler.

Alla ýady tekepbiriň öýün bozdy,
Meşaýyhlar bu halkany görklük düzdi,
Çün «hüw» diýdim, magsyýetler düzge tozdy,
Men hem taky, ol halkada bolgum geler.

Şowk şerabyn içdim erse kyldy harap,
Muhabbetiň ody birle bagrym kebap,
Didaryny ruzy kylsa Izim Wahhap,
Daryssalam saraýyna girgüm geler.

Gul Hoja Ahmet göwher ýaňlyg hikmet aýdy,
Ezizlerniň medhi birle sözün ýaýdy,
Uzyn tünni Güne ulap, kyýam durdy,
Doga okap, rowan hikmet aýgum geler.



**Hoja Ahmet Ýasawynyň hormatyna teýmirleňiň we Abdylla hanyň gurduran türbesi.**

## ☙ 91 ❧

Muhabbetiň bossanynda bilbil kibi,
Säherlerde nala efgan kylgum geler,
Oşol wagtda Ilähimiň jemalyny,
Many gözi birle aýan görgüm geler.

Merdan erer Hak ýolunyň başçylary,
Mürit birle Huda ara ilçileri,
Wahdanyýet derýasynyň ýolçulary,
Astanyda baryp derban bolgum geler.

Hak wysalyn dilegenler tüni-güni,
Dynmaý jany birle aýdar «hüw» zikrini,
Hakdan ylham ýetip geler, bilseň muny,
Ahyretiň azygyny algum geler.

Muwetdetiň asasyny gola alyp,
Sagadatyň hyrkasyny tene geýip,
Muhabbetiň ýüňi birle ganatlanyp,
Magrypetiň pudagyna gongum geler.

Erenleri bardy barça, boldy mazar,
Gatyglanyp eý, dostlarym, bolgul bidar,
Musa sypat Tur dagynda görüp didar,
«Rebbi enzur ileýýe»[1] diýip aýgum geler.

Ah, daryga, essiz ömrüm berdim ýele,
Ybadatdan hiç näme ýok, baksam gola,

[1] «Rebbi enzur ileýýe» - «Eý bar Hudaý-a, maňa seret!». Gurhandan bir aýat.

Gulluk kurun giç bagladym imdi bile,
Hümmet kylyp, hyzmatyna bargum geler.

Hoş mugjyza berdi, iman atasyny,
Tenim, janym ruhum eder söwdasyny,
Syr gulagna alyp, nala nidasyny,
Nida eşdip, janym pida kylgum geler.

Gul Hoja Ahmet, sözi anyň taň ermes ol,
Ryýazatsyz hiç älemin görkezmes ol,
Alla diýmek mömin gula ar imes ol,
Hak ýadyna janym gurban kylgum geler.

**ꕤ 92 ꕤ**

Muhabbetiň bazarynda jöwlan kylyp,
Ahyretiň söwdasyny başlasam men.
Bu dünýäniň yzzatlarny arka taşlap,
Horluk-zarlyk ýollaryny hoşlasam men.

Bu ýollarda horluk, zarlyk derkar imiş,
Tesbih-tählil, sowgy-namaz, bikär imiş,
Ýalançydan Huda Resul bizar imiş,
Ýalan namaz ryýalarny taşlasam men.

Çyn köňülden namaz kylgyl, Huda bilsin,
Halk içinde ryswa bolgul, älem gülsün,
Toprak sypat horluk dartgyl, nebsiň ölsün,
Hümmet tapsam, nebsi urup taşlasam men.

Dostlar meni ryswa kyldy nebsi-howa,
Onuň üçin şeýtan lagyn kylar gowga,

Lutf eýlese, men-menlikden bolsam jyda,
Ryýazatda janym gynap işlesem men.

Yşk ýolunda katra-katra ganlar ýuwtaý,
Rahman atly rehmetiňden umyt tutaý,
Jamy şerap doýa berseň, jandan öteý,
Hesretiňde iki gözi ýaşlasam men.

Nebsim meniň ot dek ýanyp, ýolum urdy,
Ýüz-müň dürli tagam diläp, dükan gurdy,
Agzyn açyp, her işige meni sürdi,
Hümmet berse, it nebsimi muşlasam men.

Yşkym jaşdy, ruhum gaçdy, kaýdan tapaý,
Arkasyndan yşk atyny münüp çapaý,
Kimi görsem Hydyr bilip, golun tutaý,
Hydyr-Ylýas myrat kylsa, uşlasam men.

Günähim köp, ýere sygmas, kime aýdaý,
Toba kylyp, egri ýoldan rasta gaýdaý,
Nedamat ýip, öz etimi üzüp dartaý,
Daryg-a diýp, barmaklarym dişlesem men.

Günä kylyp, toba kylmaý hetden aşdym,
Nebsim meniň tugýan kyldy, türpe çaşdym,
Bihamdylla, piri-mugan sary gaçdym,
Gola alyp, nebs bedenni dişlesem men.

Gul Hoja Ahmet, her bir sözüň derde derman,
Talyplara aýan kylsam galmaz arman,
Dört müň dört ýüz hikmet boldy Hakdan perman,
Perman bolsa, tä ölünçäm sözlesem men.

## ཧ 93 ཨ

Wahdat humy açyldy, meýhanaga girdim men,
Bir jam içip şol meýden, mesti-haýran boldum men.

Oşol meýiň mazasy iç bagrymy gan kyldy,
Bagyr ganyn akyzyp, janan sary bardym men.

Saky sundy her nepes keýpiýetiň şerabyn,
Sermest bolup oşol dem, nala-perýat kyldym men.

Ynsaniýet nykabyn şowk ataşy köýdürdi,
Wahdaniýet derýasyn oşol demde sordum men.

Ol derýanyň möwjünden, çümmeý guwwas dür almas,
Jandan geçip dür üçin, ol derýaga çümdüm men.

Hoja Ahmediň humynda, muhabbetiň şeraby,
Aşyklara şol meýden, myradymça berdim men.

## 94

Alla diýen bendäniň jaýyn jennetde gördüm,
Hüýri-gulman jümlesin, garşy alnynda gördüm.

«Fezkurune» üýnüni aýdan gullar daýym-a,
Ýalawaçlar hemrasyn, behişt ornunda gördüm.

Tüni-güni uklamaý, «Hüw» zikrini aýganlar,
Melaýyklar hemrasyn, arşyň üstünde gördüm,

Haýyr-sahwa kylganlar, ýetim köňlün alganlar,
Çaryýarlar hemrasyn, Köwser abynda gördüm.

Amal kylgan alymlar, ýola girgen samylar,
Oşol ylmul-alymy, Daressalamda gördüm.

Kazy bolgan alymlar, rişwet alyp ýygganlar,
Ondag alym jaýyny, nary-Sakarda gördüm.

Müfti bolgan alymlar, ýalan pitwa bergenler,
Ondag müfti jaýyny, Syrat köprüde gördüm.

Jemagata barmaýyn, terki namaz kylganyn,
Şeýtan birle bir ýerde, derki-esfelde gördüm.

Zalym bolup zulm eden, mazlumlary agyrdan,
Gara ýüzli magşarda, golun arkada gördüm.

Gul Hoja Ahmet kän açdy, dürri-göwherni saçdy,
Diňlemegen bu sözni, gaflat içinde gördüm.

**95**

Ýola girip, erenleriň ýolun sormaý,
Eý möminler, ýyglamaýmu, hata kyldym.
Hak zikrini gije-gündiz wird eýlemeý,
Eý-a dostlar, öz janymga jepa kyldym.

Alla ýady — köňülleri röwşen kylan,
Aşyklara Huda özi wada kylan,
Yşk nesimi Mustapaga töhwe gelen,
Ol sebäpden gözýaşymny güwä kyldym.

Alla aýdar: «Aşyklarym Byrak suwar,
Hak zikrini aýtganlara rehmet ýagar,
Köp ýyglagan wysalymy bişek görer,
Ruzy magşar didarymny ata kyldym.

Wada kyldy aşyklara ýüz-müň Byrak,
Älem halknyň melamaty ondan yrak,
Bu älemde il gözüne ýangan çyrak,
Behişt içre ýüz-müň köşkler bina kyldym.

Dertsiz adam adam imes, muny aňlaň,
Yşksyz adam haýwan jynsy, muny taňlaň,
Köňlüňizde yşk bolmasa, maňa ýyglaň,
Girýanlara has yşkymny rowa kyldym.

Bende bolsaň men-menlikni zynhar taşla,
Säherlerde janyň gynap, dynmaý işle,
Ýoldan azgan gümralary ýola başla,
Bir nazarda dillerini sapa kyldym.

Çyn dertlige özüm daruw, özüm derman,
Hem aşykmen, hem magşuk men, özüm Janan,
Rehm eýleýim, atym Rahman, zatym Suhan,
Bir nazarda batynlaryn zyýa kyldym».

Daň atynça Hak ýadyny aýtgan kişi,
Dag-u-çölni bossan kylar, gözde ýaşy,
Alla aýdar: «Özge birle ýokdur işi,
Ol aşygy halaýykdan jyda kyldym.

Yşk ýadyny ýere salsam, ýer götermes,
Depder kylsam, tä tirik sen, eda bolmas,

Haky bilen beg-u, han-u halky bilmes,
Ol bendämi öz ýolumda duta kyldym.

Mal-mülküni perwa kylmas aşyk kişi,
Ýol üstünde toprak bolar eziz başy,
Ondan soňra nura dolar içi-daşy,
Taňla barsa, magşar güni patşa kyldym.

Hakdan gorkup, mal-mülküni söýmegeni,
Haky aýdyp, bir dem ýatyp uýmagany,
Ýatsa, gopsa, Hak zikrini goýmagany,
Açdym, batyn gözlerini bina kyldym.

Ruza tutup, halka ryýa kylganlary,
Namaz okap, gola tesbih alganlary,
«Şyh men» diýp, özge bina goýganlary,
Ahyr demde imanyndan jyda kyldym».

Haka aşyk bolup aýdy Gul Hoja Ahmet,
Sydky birle eşidenge ýüz-müň rehmet,
Doga kylaý, hiç görmesin mähnet, zähmet,
Akyl erseň, bir söz bilen eda kyldym.

## ꙮ 96 ꙮ

Izim ýady ulug ýatdyr, aýdar bolsam,
Asal ýaňlyg süýjük erer tilim meniň.
Özüm hakyr, boldum pakyr, geldim mukyr,
Ganat kakyr, uçar guş dek golum[1] meniň.

[1] Şu söz käbir golýazmalarda «köňlüm» gönüşinde gelýär.

Dürli aýşym, dürli işim, muňly başym,
Aýyrdy janym, akyzdy ýaşym, gitdi huşum,
Ýazyk doldy tükel iç-u-daşym,
Binyýazym, açybersin ýolum meniň.

Gözüm düşdi, köňlüm uçdy, arşa aşdy,
Ömrüm geçdi, nebsim gaçdy, bahrym daşdy,
Kerwen göçdi, menzil açdy, aryp düşdi,
Syr ulaşdy, niçik bolgaý halym meniň.

Surat munda, Syrat onda, gudratynda,
Uzak tünde, ýaryk günde, köňlüm onda,
Ýöräp tünde, bolup bende, bary kanda?
Sorsa onda, ýazyk köpdür, telim meniň.

Içdim şerap, boldum harap, aslym turap,
Geldim küräp, köňlüm syrap, yşka esräp,
Hakdan hytap gelse gullar görmes azap,
Bulak ýanlyg, akar gözde silim[1] meniň.

Düşdüm yrak, tozar Byrak, dünýä bazar,
Dünýä bazary içre görer gullar azar,
Başym bizar, ýaşym syzar, ganym gyzar,
Adym Ahmet, Türküstandyr ilim meniň.

**97**

Dynmaýyn men hezretige Alla diýsem,
Zar eňräban zäkir bolup Rebbim diýsem,

[1] Şu söz hem käbir golýazmalarda «ýaşym» görnüşinde ýazylypdyr.

Guly bolup gullugynda boýun sunsam,
Bu iş birle ýa Rebb, seni tapgaý menmu?!

Zekerýa dek bu başyma erre goýsam,
Eýýup kibi bu tenimge gurtny salsam,
Musa kibi Tur tagynda tagat kylsam,
Bu iş birle ýa Rebb, seni tapgaýmenmu?!

Ýunus kibi derýa içre balyk bolsam,
Ýusup kibi guduk içre gulluk kylsam,
Ýakup ýaňlyg Ýusup üçin zar eňrensem,
Bu iş birle ýa Rebb, seni tapgaýmenmu?!

Şibli kibi aşyk bolup semag ursam,
Mansur kibi jandan geçip dara münsem,
Dar üzüre şowklanyban Hakny aýsam,
Bu iş birle ýa Rebb, seni tapgaýmenmu?

Magruplar dek işbu ýola gadam goýsam,
Baýezit dek tün-gün ýörüp, Käbä barsam,
Käbe içre başym goýup zar eňrensem,
Bu iş birle ýa Rebb, seni tapgaýmenmu?!

Gul Hoja Ahmet gulluk içre sabyt bolsam,
Zäkir bolup, zikrin aýdyp, Rebbim diýsem,
Zikrin edip, şowklanyban köýüp, ýansam,
Bu iş birle ýa Rebb, seni tapgaýmenmu?!

## ꕥ 98 ꕥ

Allahymy yzlar men, yzyn alyp gider men,
Daýym seni aýdar men, «Lä iläha illallah»[1].

Kaýdan ony tapar men, janym gurban kylar men,
Gurban bolup gider men, «Lä iläha illallah».

Jan-u dilim bereýin, berip bakyp duraýyn,
Janym birle aýdaýyn, «Lä iläha illallah».

Aşyk ili bisaman, ýokdur derdine derman,
Aýdaweriň biarman, «Lä iläha ilallah».

Ahmet ibni Ybraýym, işbu sözni hup aýdy,
Aýdagörüň janlarym, «Lä iläha ilallah».

## ꕥ 99 ꕥ

Eý-a dostlar, ýürek-bagrym boldy kebap,
Hakykatlyk çyn aşyklar ötdi bolgaý.
Yşk pertöwi köňül mülkün kyldy harap,
Ol sebäpden akyl-huşum gitdi bolgaý.

Yşky düşdi bu başyma, haýran boldum,
Hany-mandan geçip taky, weýran boldum,
Iki älem berbat urup, urýan boldum,
Çykan ahym, bu pelege ýetdi bolgaý.

---

[1] «Lä iläha illallah» - «Alladan başga Taňry ýokdur». Gurhandan bir aýat.

Yşksyz kişi adam ermes aňlasaňyz,
Bimuhabbet şeýtan kowmy diňleseňiz,
Yşkdan özge sözi eger sözleseňiz,
Goluňyzdan iman, yslam gitdi bolgaý.

Akyl erseň Hakdan özge sözler haram,
Tä tirik sen, pir hyzmatyn kylgyl mydam,
Alla diýseň şeýtan lagyn saňa gulam,
Alla diýmes, dinlerini satdy bolgaý.

Meýhanaga girgen aşyk syrry-aýan,
Bagryn deşip, nalyş çekip, kylar efgan,
Bihut ýörer, kaýda barsa hana weýran,
Bişek biliň, wahdat meýden datdy bolgaý.

Ömrün zaýyg ötürgenler yşky bilmes,
Jandan geçen diwanany gözge almas,
Hak zikrini gurlan ýere gaçyp gelmes,
Jany-köňli daşdan beter gatdy bolgaý.

Alla söýgen bende daýym ýyglap ýörer,
Hakdan gorkup, razyn aýdyp, säher turar,
Ýahýa sypat, dynmaý ýyglap, matam gurar,
Bu dünýäni arka taşlap atdy bolgaý.

Aşyklaryň işi erer suz-u-güdaz,
Aşyklaryň hajatlary ruza, namaz,
Ruzy-magşar gözýaşydyr Haka nyýaz,
Aryp aşyk derdi-elem dartdy bolgaý.

Aşyklaryň ýüzi handan, gözi giryan,
Alla üçin gözde ýaşy, bagry biryan,

Jany zäkir, köňli şäkir, pikri janan,
Enşaalla gyl köprüden ötdi bolgaý.

Aşyklary halk içinde köýüp ýyglar,
Zahyrynda batynlary ýürek daglar,
Ajal istäp, ölmek üçin bilin baglar,
Magşugyna arzy-halyn aýdy bolgaý.

Aşyklary melamatdan gaçmas bolar,
Nadanlara batyn syryn açmas bolar,
Her namarda dürri-göwher satmas bolar,
Özi okap, huny-zerdap ýuwtdy bolgaý.

Piri-mugan söýgen aşyk, höwäsi ýok,
Ýüz-müň dürli tagat kylsa binasy ýok,
Eý, dostlarym, yşk derdiniň dowasy ýok,
Tünler gopup, pir etegin tutdy bolgaý.

Piri-mugan söýgen aşyk bergeý dowa,
Haýu-höwes, maýu-menlik bolgaý jyda,
Ondan soňra şeýtan lagyn senden jyda,
Dar lahatda iman birle ýatdy bolgaý.

Gul Hoja Ahmet Hak sözüni sözlär mydam,
Hakdan özge sözler bary, ermiş haram,
Ruzy kylsa orny bolgaý Daryssalam,
Magpyretiň derýasyna batdy bolgaý.

**100**

Haktagala pertöw saldy, janym köýdi,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli,

Säher wagtda piri-mugan meýni sundy,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Zäkirlere wada kyldy Kadyr Huda,
Gör içinde ata kylgaý hüýrilyka,
Zäkirleriň durar ýeri darylbaka,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Zäkir bolsa, şäkir bolsa ýeri jennet,
Gözlerinden ganlar aksa, kylmas minnet,
Ymmat bolsaň zikrin aýtmak sizge sünnet,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Zäkirleri Huda özi rehmet kyldy,
«Fezkuruni ezkurukum»[1] aýat geldi,
Firdöws atly jennet içre mahzar geldi,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Zäkir gullar her nepesde zikrin aýdar,
Toba kylyp, egri ýoldan rasta gaýdar,
Zikr aýtsa asta-asta şowky artar,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Zäkir gullar zikrin edip pertöw görer,
Onuň üçin halka içre özün urar,
Magşugyny gören zaman janyn berer,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Ýalan aşyk magşugyndan janyn aýar,
Ukba işin arka taşlap, dünýä söýer,

[1] «Fezkuruny ezkurukum» - «Meni ýatlasaňyz, men-de Sizi ýatlaryn!». Gurhandan bir aýat.

Ýola giren talyplary ýolun duýar,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

«El-kezzabu lä ymmaty»[1] diýdi serwer,
Ýol bergüji ýolsuzlara Hady rahber,
Ýalançyny ymmat diýmes, ol pygamber,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Zäkir gullar zikrin edip nala kylar,
Göz ýaşyny akyzyban jala kylar,
Beýebanlar gezip özün wala kylar,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Zäkir gullar Hak permanyn mäkäm tutar,
Şowky birle «Alla» diýu ganlar ýutar.
Halka içre girgen wagtda jandan öter,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Bitehäret zikr edene lagnat ýagar,
Oşol güni bolan perzent şeýtan dogar,
Öler wagtda owwal gelip şeýtan bogar,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Bitehäret zikrin eden, iman etmes,
Öler wagtda hak Mustapa golun tutmas,
Suhan Eýäm günähini hergiz ötmes,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Mömün bolsaň bitehäret zikrin aýtma,
Keramatlar edip, halka diniň satma,

[1] «El-kezzabu lä ymmaty» - «Ýalançylar, meniň ymmatymdan däldir!». Gurhandan bir aýat.

Musulmanlyk dawa kylyp, kapyr gitme,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Zäkir bolsaň, zikrin edip hergiz ýatma,
Nadan birle näjynslara hiç söz gatma,
Mynapyklar halyň sorsa, syryň aýtma,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Çyn zäkiriň Rahman Eýäm ýolun açgaý,
Muhabbetiň şowky birle ýaşyn saçgaý,
Alla diýban kaýda barsa şeýtan gaçgaý,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

Gul Hoja Ahmet, ýamanlaryň ýamany sen,
Barça bugdaý, el tutmagan samany sen,
Ýoldan azan talyplaryň ýamany sen,
Geliň, ýyglyň, zäkir gullar, zikr edeli.

**101**

Yşk oduny pynhan tutup, esrär erdim,
Jan köýdürip, ýürek-bagrym kebap etdi.
Pirden medet bolmas bolsa imdi maňa,
Bu dert bizi dostlar, bihet harap etdi.

Yşk syryny her namarda aýdyp bolmas,
Näçe ýaksaň batlyk ýerde çyrag ýanmas,
Ýolun tapan merdanlary bilse bolmas,
Ýyglaý-ýyglaý göz ýaşyny seýlap etdi.

Çyn aşyklar geçgen ermiş janyn taşlap,
Edhem sypat berhem urup, malyn taşlap,

«Hüw-hüw» diýu, Hak zikrini aýdyp, hoşlap,
Iman tassyk kylyp, bagryn kebap etdi.

Ybrat algyl, ýola giren merdanlardan,
Janny-janga peýwent kylyp ýörenlerden,
Ýolny sorap, ýoldan azyp baranlardan,
Ondag gullar halyn bihet harap etdi.

Gul Hoja Ahmet nebs dagyndan çykyp, aşdy,
Ýürek-bagry joş uruban, gaýnap daşdy,
Byhamdylla, ýolun tapyp, ýawuklaşdy,
Iç ganyndan öz-özüne kebap etdi.

**102**

Halykymny yzlar men, tün-gün jahan içinde.
Dört ýanyma ýöneldim, köwn-u-mekan içinde.

Dörtden ýedige ýetdim, dokuzny güzer etdim,
Ondan ikige tekdim, çarhy keýwan içinde.

Üç ýüz altmyş suw geçdim, dört ýüz kyrk dört dag aşdym,
Wahdat şerabyn içdim, duşdum meýdan içinde.

Ýedi derýany gezdim, göwheri kände gördüm,
Aýanyny yzlaban, bahry-umman içinde.

Guwwas bahryga girdim, wujut şährini gezdim,
Dürni sadapda gördüm, göwherni kän içinde.

Arş-u kürüsni ýördüm, lowhy-galamny gördüm,
Wujud şährini gezdim, aýdym bu jan içinde.

Janany janda gördüm, yşkny meýdanda gördüm,
Aşyklarnyň mekany, oşol meýdan içinde.

Çünki meýdana düşdüm, meýdanny doly gördüm,
Ýüz-müň arypny sordum, jümle jöwlan içinde.

Çün olarga ergeşdim, istedigim soraşdym,
«Barçasy seňde» diýdi, galdym haýran içinde.

Haýran boluban galdym, bihuş boluban taldym,
Özümni derde saldym, tapdym derman içinde.

Seýir istärmi bilbil, açylypdyr gyzyl gül,
Her gülni haly görme, gülni gülzar içinde.

Misgin Hoja Ahmet jany, hem göwherdir, hem käni,
Jümle onuň mekany, ol La mekan içinde.

**103**

Säherlerde gopup, ýyglap doga kylsam,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!
Ýaş ornuna ganym döküp, güwä kylsam,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

Dergähine başym goýup nala kylsam,
Göz ýaşymy akyzyban jala kylsam,
Beýebanlar gezip, özüm wala kylsam,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

Kaýda barsam ýadyn edip, ýyglasam men,
Hyzmatynda bilim mäkäm baglasam men,

Hasratynda ýürek-bagrym daglasam men,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?

Her gün ýüz-müň golum açyp, «ämin» diýsem,
Musa sypat Tur dagynda razyn aýsam,
Togsan dokuz adyň aýdyp, janym bersem,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?

Alla diýip, derdi birle ölüp gitsem,
Baýezit dek ýetmiş ýola özüm satsam,
Ryýazatda aryp-aşyp, ezip-gatsam,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

Alla üçin perzentlerim ýetim kylsam,
Ryýazatda biwelerge rehm kylsam,
Ähl-i aýal, hany-manym ganym kylsam,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

Alla diýen bendeleriň guly bolsam,
Aşyklarnyň köýüp-öçgen küli bolsam,
Ýol üstünde toprak sypat ýoly bolsam,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?

Alla, Alla, janym Alla, dilim Alla,
Senden özge penahym ýok walla-billä,
Ýyglap gelsem işigiňe şeýhi-lilla,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

Ýagşylaryň söhbetinde zäkir bolsam,
Her ne jepa degse maňa, şäkir bolsam,
Eýýup sypat belasyna sabyr kylsam,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

Astanyga başym goýup, toba kylsam,
Gybat kylan dillerimni ýüz-müň dilsem,
Günä kylan bedenlerim para kylsam,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

Toba kyldym, toba kyldym, kabul kylgyl,
Tobam kabul kylmas bolsaň, janym algyl,
Ýolda galdym, ýolda galdym, golum algyl,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

Alla üçin merdanawar janym bersem,
Ähl-i aýal, hany-manym taşlap barsam,
Jan ne bolgaý, imanymdan belki ötsem,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

Säherlerde irte gopup, Haka ýansam,
Ulug-kiçik günälerden toba kylsam,
Toba kylyp, Hezretige boýun sunsam,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

Daşgyn gelen derýalarda ýüzlesem men,[1]
Azyp galan botalar dek bozlasam men,
Öler wagtda müň bir adyň sözlesem men,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

Wa weýleta, nedamat diýp, gorkup gopsam,
Piri-mugan dergähini dynmaý öpsem,
Ýagşylaryň häk-i paýy bolup, ötsem,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

---

[1] Munuň: «Daşgyn gelen derýalar dek gaýnasam men» diýen nusgasy-da bar.

Daň atynça ýyglap, dynmaý gorkup çyksam,
Suhanalla wirdi birle eňräp çyksam,
Toprak sypat ejiz bolup, harlyk dartsam,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

Gul Hoja Ahmet, janyň bergil merdanawar,
Jandan geçip, ýola girseň görgüň didar,
Myradyňy berer saňa Perwerdigär,
Dostlar, meni Hojam bendäm diýgeýmikän?!

**104**

Bu älemde Hakdan gorkup zar eňresem,
Ahyretde ruhum aram alarmykan?!
Erenleriň basan yzyn göze sürsem,
Pir-i mugan meni ýola salarmykan?!

Başym berip, bilim baglap, kylsam yhlas,
Nebsi-şeýtan çaňňalyndan bolsam halas,
Jan bererde medet kylsa Hydyr-Ylýas,
Kowsul-Kyýas hatmy-ýasyn kylarmykan?!

Dagy-çöller günähimden kylmas takat,
Her gün ýüz-müň jürmi-usýan maňa adat,
Bu iş birle ahyretde barmy rahat,
Toba kylsam adatlarym galarmykan?!

Astanaga başym goýup, zary kylsam,
Garyp, ýetim başyn sylyp, doga alsam,
Hakdan gorkup, dünýä işin arka salsam,
Hojam meniň haly-dilim sorarmykan?!

Adam sapy sünnetlerin dile alsam,
«Ýa Rebbenä, zalemnä»[1] diýp, nala kylsam,
Beýewanda göz ýaşymy jala kylsam,
Biribarym meni ýola salarmykan?!

Säherlerde zary kylyp, ýyglasam men,
Jan bererde bilim mäkäm baglasam men,
Şowky birle ýürek-bagrym daglasam men,
Hak çyragy gabrym içre ýanarmykan?!

Başym, tenim toprak kylyp, pena bolsam,
Didar diläp, hasratynda eda bolsam,
Ähl-u aýal, hany-mandan jyda bolsam,
Dostlar, Hojaň maňa rehmi gelermikän?

Şeýtan lagyn ýoldan urdy, halym teba,
Ýyglamaýmy, nebsim meni kyldy howa,
Älem halky basyp ötse, meni rowa,
Kapyr nebsim Azazyldan dänermikän?!

Garyp janym Hak ýolunda nezr eýlesem,
Şa Hüseýn dek Kerbelada şehit bolsam,
Hak şerabyn içer men diýp, teşne galsam,
Onda barsam, suwsuzlygym ganarmykan?!

Eshaplar dek din dalaşyp, başym bersem,
Şähriban-u ymamlar dek ýyglap ýörsem,
Alla üçin kapyrlara ýesir bolsam,
Rahman Eýäm maňa makul bolarmykan?!

[1] «Ýa Rebbenä, zalemnä» - «Eý bar Hudaý-a, özümize sütem etdik». Gurhandan bir aýat.

Dermende men, şermende men, golum algyl,
Ýoldan azan dermende men, ýola salgyl,
Alla diýban, pena boldum, rehm eýlegil,
Asylara faýzy-futuh berermikän?!

Eý asylar, toba kylgyl, Hak eşitsin,
Nalaňyzdan ýer-u gökler nala kylsyn,
Melaýyklar Hakdan diläp, ülüş bersin,
Ülüş alan gulnuň gamy bolarmykan?!

Aklym haýran, gözüm girýan, hana weýran,
Hak ýoluny bilelmes men, özüm nadan,
Eý talyplar, bitakat men, kaýda Janan,
Jananymdan hiç kim habar bilermikän?!

Jananymy tapaý diýseň, säher turgul,
Aşyklaryň mejlisine özüň urgul,
Haky yzlap, ýyglap-ýörüp, matam gurgul,
Matam gurmaý, tarykata girermikän?!

Hak waslyna ýeteý diýseň, zary kylgyl,
Zikrin edip, erenlere ýary bergil,
Jepa dartyp, erenlerden ülüş algyl,
Ülüş almaý, didaryny görermikän?!

Gul Hoja Ahmet, herne diýr sen, bulhöwes sen,
Hakdan gorkup, ahyrete gam iýmes sen,
Başyň birle tünler gatyp, «hüw» diýmes sen,
Bulhöwesi Hojam kabul kylarmykan?!

## ꕥ 105 ꕥ

Her subhy-dem boýnum gysyp, «Rebbim» diýsem,
Rebbim meniň myradymny berermikän?!
Ganlar döküp gözlerimden, zar eňresem,
Taňrym meniň jany-dilim sorarmykan?!

Muhabbetiň meýdanynda jan oýnatsam,
Mansur sypat janym berip dar oýnatsam,
Ýüz-müň dürli jepa dartyp, jan gynatsam,
Ejiz guluň jemalyňny görermikän?!

«Ýa, Rebbenä» zikriň edip, zäkir bolsam,
Sansyz mähnet başa alyp, şäkir bolsam,
Ýagşylaryň söhbetinde häzir bolsam,
Misgin bendäň faýzy-futuh alarmykan?

Zahytlar dek namaz okap, tagat kylsam,
Aşyklar dek ýyglamagy adat bilsem,
Öz ýerimde garyplygy rahat bilsem,
Dergähinde Hojam kabul kylarmykan?!

Ýigitlikde tagat kylyp egilmedim,
Haryp çökdüm, ryýazatda bükülmedim,
Lä ilähä illallany aýdalmadym,
Hydyr babam öz ýoluna salarmykan?!

Bu dünýäde men dek asy hergiz bolmas,
Mundag günän kapyr, jöhüt, tersa kylmas,
Ölüp barsam, dowzah içre orun bermes,
Toba kylsam, Hojam kabul kylarmykan?!

Hajat diläp dergähiňe ýyglap geldim,
Jandan geçip, bilim mäkäm baglap geldim,
Aýp ýapgyjy Setdarlygyň aňlap geldim,
Gan ýyglasam, hajat rowa bolarmykan?!

Gyzyl ýüzüm ryýazatda sargartmadym,
Säherlerde garyp janym eňretmedim,
Her gün depip, it nebsimi owratmadym,
Alla diýsem, kapyr nebsim ölermikän?

«Kalu bela» diýdim saňa, sözüm ýalan,
Hak permanyn mäkäm tutmaý ýolda galan,
Janym ölen, dilim ölen, nebs direlen,
Hak gahryndan gorksam, reňkim solarmykan?!

Gul Hoja Ahmet, köňül gözi açylgaýmu?
Dillerimden dürri-göwher saçylgaýmu?
Köp ýyglasam, günälerim dökülgeýmu?
Oşol wagtny maňa ata kylarmykan?!

## ꧁ 106 ꧂

«Sensiň meniň penahym» diýp, ýola girsem,
Biribarym meniň ýolum açarmykan?!
Haram şühbe, garaňkylyk basan köňlüm,
Röwşen bolup dürri-göwher saçarmykan?!

Nazar kylsa, hasta köňlüm röwşen bolar,
Ýüz-müň hata, ýazyklarym aýan bolar,
Lutf eýlese, ýüz-müň asy handan bolar,
Nazar tapan çyrag hergiz öçermikän?!

«Aguzubillä himineş-şeýtan ir-rejim»[1] diýsem,
Tagat birle süňeklerim hylm kylsam,
Ähiliýal, hanymanym, ganym kylsam,
Şeýtan lagyn menden yrak gaçarmykan?!

Ýol üstünde eziz başym toprak kylsam,
Jany-dilim Hak zikrine muştak kylsam,
Zikrin edip, murdar tenim ap-ak kylsam,
Elest hamryn misgin bendäň içermikän?!

Alla diýip, Hezretiňe sygnyp barsam,
Muhabbetiň şowky birle göwsüm ýarsam,
Hamdyň aýdyp, derdiň dartyp, açlyp barsam,
Wujudymdan bu ukbalar geçermikän?!

Dagdan agyr usýanym bar öteý diýsem,
Günähim köp, ýere sygmas, tapaý diýsem,
Başym alyp, beýewanlar gideý diýsem,
Rahman Eýäm günähimden ötermikän?!

Tarykatyň bazarynda söwda kylsam,
Mansur ýaňlyg «Enel Hak» diýp, gowga kylsam,
Hyzmat kylyp, derd-u halat beýan kylsam,
Göwsümdäki girehlerim açarmykan?!

Öler wagtda Arslan babam bir ýol görsem,
Kudeklikde bilelmedim, janym bersem,
Piri-mugan yzlaryny sürme kylsam,
Göwsümdäki girehleri açarmykan?![2]

---

[1] «Aguzubillä himineş-şeýtan ir-rejim» - «Daşlanyp kowulan şeýtanyň şerinden Allaga penalanýaryn!». Gurhana giriş.
[2] Bu bent asyl nusgada ýok, başga nusgadan alyndy.

Gul Hoja Ahmet, metjit girip, zahyt bolsam,
Haby-gaflat haram kylyp, gaýym bolsam,
Tesbih alyp, kyýamatdan gorkup dursam,
Uçmah içre hüýri-gulman guçarmykan?!

## ꕥ 107 ꕥ

Niýet kyldyk Käbäge, ryza boluň, dostlarym.
Ýa ölgeýmiz, gelgeýmiz, ryza boluň, dostlarym.

Niýet kyldyk barmaga, Hak Mustapa rowzaga,
Nesip kylgaý barçaga, ryza boluň, dostlarym.

Inşalla bargaýmyz, nesip bolsa gelgeýmiz,
Ajal ýetse ölgeýmiz, ryza boluň, dostlarym.

Razy boluň özümden, ýagşy-ýaman sözümden,
Ötüň meniň ýüzümden, ryza boluň, dostlarym.

Gudrat bolsa ýörüňiz, giç bolmasa turuňyz,
Doga kylagörüňiz, ryza boluň, dostlarym.

Dostlar bizi ýoklagaý, pasyklar köp uklagaý,
Metjit sary gelmegeý, ryza boluň, dostlarym.

Pirden boldy yşarat, munda kyldyk ymarat,
Kylgaý Resul şepagat, ryza boluň, dostlarym.

Arslan bapdan beşarat, pirden diläp ejazat.
Dostlar kylgaý ybadat, ryza boluň, dostlarym.

Käbe sary göçeliň, zalymlardan gaçalyň,
Ogul-gyzdan geçeliň, ryza boluň, dostlarym.

Dilim sorsam karar ýok, garyp ölsem sorar ýok,
Iýmişlerde hylal ýok, ryza boluň, dostlarym.

Geçdi guluň janyndan, çykdy halkyň sanyndan,
Dostlar bargaý soňundan, ryza boluň, dostlarym.

Hoja Ahmet, ýum gözüňni, halka aýtgyl sözüňni,
Käbäge sürt ýüzüňni, ryza boluň, dostlarym.

**108**

Eý-a dostlar, haraplykda gatdy başym,
Kylaý indi hasby-halym beýan imdi.
Kerwen gitdi, çusty-çabuk menzil aşdy,
Teşne bolgaç, kyldyň ah-u-efgan imdi.

Merkep ýagyr, ýüküm agyr, özüm gamgyn,
Hesret birle akyl-huşum gitdi temgin,
Ötüp kerwen, gözden gaýyp boldy säkin,
Barar jaýym bilelmes men, kaýan imdi.

Abas ötdi essiz ömrüm ryswalykda,
Hiç bolmadym zaman tersi Hudalykda,
Daýym ýördüm nebsim üçin gedalykda,
Herne kylan söwdalarym zyýan imdi.

Bu halatda ol Ezraýyl gelse nägä,
Yssy tenden janny alsa bergil pena,

Şeýtan alyp imanyňny kylsa ryswa,
Byradarlar, ara ýolda galgan imdi.

Bu halatda söz aýdarga ýokdur perman,
Öçüp galgaý wujut içre şemgi-iman,
Gyzyl gül dek işbu ýüzüň bolar saman,
Ýakyn bolgul, ýer astyna nyhan imdi.

Zen-u-perzent, aga-iniň ýyglap durgaý,[1]
Miras diýban mal-u-mülküň bölüp algaý,
Eltip, südräp, gara ýere seni gömgeý,
Lukma kylgaý, Haryş atly ýylan imdi.

Gel, eý, hatyp, bu işlerden habar algyl,
Toba kylyp, dünýä goýup, Haky söýgül,[2]
Gul Hoja Ahmet, bu dünýäden ötüp, ýangyl,
Şaýat kylgaý nazar, piri-mugan imdi.

## 109

Ukba habaryn eşdip, dünýäni salyp giderin.
Düşdüm erenler bahryna, dünýäni salyp giderin.

Erenler dünýä diýmedi, dünýäniň gamyn iýmedi,
Hakdan özgäni diýmedi, dünýäni salyp giderin.

Musaýy Ymran galmady, tagty-Süleýman galmady,
Müň ýaşly Lukman galmady, dünýäni salyp giderin.

---

[1] Munuň: «Zen-u perzent, aga-iniň ýyglyp gelgeý» diýen nusgasy-da bar.
[2] Bu setiriň hem: «Toba kylyp, daýym Alla sary bargyl» diýen görnüşi bar.

Dünýä diýen azar ermiş, akyl gullar bizar ermiş,
Jahyllar birle ýar ermiş, dünýäni salyp giderin.

Hoja Ahmet Ýasawy soltan, aýdy bu hikmetni tamam,
Eşitsin diýp, jümle-jahan, dünýäni salyp giderin.

**☙ 110 ❧**

Eý dostlarym, ölsem men, bilmen ki halym ne bolar?
Göre girip ýatsam men, bilmen ki halym ne bolar?

Eltip lahatga goýsalar, arkaga bakmaý ýa:nsalar,
Sorag-sowalym sorsalar, bilmen ki halym ne bolar?

Girse Haryş atly ýylan, çolansa tene şol zaman,
Galmas bütin bar istihan, bilmen ki halym ne bolar?

Jümle ýygylyp mur-y mar, etrapymyzda niş urar,
Müşgül erer bes käri-bar, bilmen ki halym ne bolar?

Hiç gelmedi menden sogap, onda ne bergümdir jogap,
Ger kylsalar ýüz-müň azap, bilmen ki halym ne bolar?

Bolsa kyýamatnyň güni, häzir bolar barçalary,
Kylgan amallaryň kany, bilmen ki halym ne bolar?

Eý Hoja Ahmet, sen bu gün, kylgyl ybadat tüni-gün,
Diýmegil, ömrümdir uzyn, bilmen ki halym ne bolar?

## ꧁ 111 ꧂

Hylwat girip dostlarym, zikr ediňiz daýyma,
Muhabbetniň şerabyn, noş ediňiz daýyma.

Muhabbetniň şerabyn hiç kimsäge bermesler,
Bagyr ganyn akyzyp, aşyk içer daýyma.

Muhabbetniň şerabyn içgen aşyk nyşany,
Wala bolup bu ýolda, perýat kylar daýyma.

Müritlerden terbiýet, günde ýüz-müň magrypet,
Özleri çopan sypat, çopan kylar daýyma.

Müridige pür-asal, okap ýörer hasbu-hal,
Göreý diýban ol didar, jöwlan kylar daýyma.

Erenler halka gurup, Alla zikrin başlasa,
Ol Zekeriýa pygamber häzir bolar daýyma.

Muhabbetniň şerabyn golga alyp Muhammet,
Zäkirlerge sunuban, saky bolar daýyma.

Ondan soňra Hak nurun, aşyklarga saçarlar,
Melaýyklar sap tutup, zikrin başlar daýyma.

Muhabbetniň şerabyn, her kim içse Hoja Ahmet,
Arş üstüge gonuban, perwaz eder daýyma.

## ꧁ 112 ꧂

Niçe ýyllyk mähribanym erenlerdir, dostlarym,
Bu wujudym şährini pany kyladyr, dostlarym.

Bu kapasnyň totusy, perwaz kyladyr uçgaly,
Bir garaňky şöhlesiz, ýerge baradyr, dostlarym.

Eý meniň ýaranlarym, hümmet tutuň imanyma,
Duşmanym imanyma, zähmet beredir, dostlarym.

Işbu jan siziň birle niçe ýyllar ýar idi,
Hak Tagala hökmi birle, azm ededir, dostlarym.

Bu meniň agzalarym janym birle şadman idi,
Jan giderde külli agzam, titreşedir, dostlarym.

Emri Haka barça halky-älemin boldy ryza,
Ol hakykat bendeler, daýym ryzadyr, dostlarym.

Gul Hoja Ahmet, totusy perwaz ededir uçgaly,
Neýlesin misgin garyp, emri Hudadyr, dostlarym.

## ꧁ 113 ꧂

Ömrüm zaýa gaflat birle ýel dek ötdi,
Hasratynda gözde ýaşym gan dek gitdi,
Bildim, dostlar, çün aklyma imdi ýetdi,
Säherlerde gopup, tagat kylgum geler.

Säherlerde Gurhan okap, sena kylsam,
Hezretiňe gol göterip, doga kylsam,

Zary kylyp bu janymy pida kylsam,
Säherlerde gopup tagat kylgum geler.

Hyrsy-howa, nebs ýoluny goýmak gerek,
Mansur ýaňlyg dar üstüne ýetmek gerek,
Nesim darda jan ajygyn çekmek gerek,
Säherlerde gopup tagat kylgum geler.

«Fezkuruny ezkurukum» aýatyndan,
Iman bulban Haktagalaň tagatyndan,
Geçmek gerek işbu nebsiň rahatyndan,
Säherlerde gopup tagat kylgum geler.

Zahytlara zuhd-u-amal, takwa gerek,
Ryýazatlyk aşyklara pitwa gerek,
Ol tarykat är bolana dagwa gerek,
Säherlerde gopup tagat kylgum geler.

Ary tutar, dil zeňgaryn «Hüw-hüw» ýady,
Aşyklaryň gije-gündiz «Hüw» myrady,
«Hüw-hüw» diýip, jan bereý sen, Gul Ahmedi,
Säherlerde gopup tagat kylgum geler.

**⁂ 114 ⁂**

Hiç bilmedim niçik geçdi ömrüm meniň,
Sorar bolsa, men gul onda ne aýgaý men.[1]
Ne bolgaý kim, ýola salsa men asyny,
Sorar bolsa, men gul onda ne aýgaý men.

---

[1] Bu hikmetiň ahyry: «Sorar bolsa men gul anda ne kylgaý men» diýen görnüşde gelýäni-de bar.

Ýoldan çykyp, azanymy bilmedim men,
Hak sözüni gulagyma almadym men,
Bu dünýäden giderimni bilmedim men,
Sorar bolsa, men gul onda ne aýgaý men.

Ötenlerden ybrat almaý, ýola girmeý,
Nowha-perýat kylyp özüm oda salmaý,
Ýörüpdir men, gije-gündiz özni bilmeý,
Sorar bolsa, men gul onda ne aýgaý men.

Janyň çykyp, teniň ýatar dar lahatda,
Sorguwçylar girip gelse bu halatda,
Akar ýaşyň, gider huşuň oşol wagtda,
Sorar bolsa, men gul onda ne aýgaý men.

Ne gullukda ýörüdiň sen, it dek çaşyp,
Teniň ýatar dar lahatda köýüp, çişip,
Iş kylmas sen, Hojasyga köýüp-bişip,[1]
Sorar bolsa, men gul onda ne aýgaý men.

Gul Hoja Ahmet, bu dünýäde toba kylgyl,
Toba kylyp, ýol başyna baryp durgul,
Has gullar dek azygyňny alyp ýörgül,
Sorar bolsa, men gul onda ne aýgaý men.

**115**

Her kim kylsa tarykatyň dagwasyny,
Owwal ähli-şerigaty bilmek gerek.[2]

[1] Bu setiriň: «Iş kylmadyň sen Taňryga göwsüň deşip» diýen nusgasy hem bar.
[2] Bu setiriň hem: «Owwal gadam, şerigata goýmak gerek» diýen nusgasy bar.

Şerigatnyň işlerini eda kylyp,
Ondan soňra bu dagwany kylmak gerek.

Şerigatsyz dem urmaslar tarykatga,
Tarykatsyz dem urmaslar hakykatga,
Işbu sözler mälim bolar şerigatga,
Jümle işi şerigatdan sormak gerek.

Ondan soňra bir pir gerek eradatly,
Şerigata rast muwapyk, keramatly,
Bolmuş bolsa ol bir ärden ejazatly,
Oşol ärniň etegini tutmak gerek.

Her kim geçmeý bu ýollarny «şyh men» diýse,
Keramatdan, welaýatga habar berse,
Batyl erer, eger «ruhul-emin» bolsa,
Özüň ondag batyllardan saçmak gerek.[1]

Eradatsyz, ejazatsyz mürşit bolmas,
Tarykatyň nyşanasyn her kim bilmes,
Mübtadydyr, eradata laýyk imes,
Ondaglardan yrak-yrak gaçmak gerek.

Eradaty bergil ähli ejazata,
Gaýym bolgul, tüni-güni ryýazata,
Salyp onuň gullugyny ybadata,
Gullugynda bilni baglap, durmak gerek.

---

[1] Bu setirler «Eger ynsan özüni Ruhul-Emin, ýagny Jebraýyl perişde hasap edýän bolsa, onda onuň bu pikiri hakykata ters gelýän, nädogry düşünjelerdir, özüňi bu zeýilli adamlardan «saçmak» aýyrmak, bölmek gerek diýen manylary berýär.

Ondan soňra mujahyda donun geýip,
Ryýazatyň botasynda erip-akyp,
Men-menlikden ötüp, özüňni sarp kylyp,
Rahatny satyp harlyk almak gerek.

Işbu turar, erenleriň kylganlary,
Talyplara bilsin diýip, aýganlary,
Hakdyr, biliň, bir zerre ýok ýalganlary,
Jan gulagy birle muny bilmek gerek.

Sydky birle her kim kabul kylsa muny,
Ygtykady birle bolup ýolda, güni,
Ýady birle meşgul bolup Ýelda tüni,
Erenlerden hümmet ýary kylmak gerek.

Eradatsyz işbu ýola girmediler,
Enabatsyz ýola gadam goýmadylar,
Ejazatsyz, birer nepes urmadylar,
Mürit bolan bu sypatly bolmak gerek.

Her kim girse işbu ýola bilin baglap,
Gul Hoja Ahmet, gerek özni hadym eýläp,
Niýetini Hudaýyna dürüs eýläp,
Töwejjuhny ezizlere kylmak gerek.

**116**

Şerigatyň şeraýybyn bilgen aşyk,
Tarykatyň makamyny biler, dostlar,
Tarykatyň işlerini eda kylyp,
Hakykatyň derýasyna batar, dostlar.

Didaryny görüp bolmas tün-gün uýup,
Päk yşkyny gola almaý bolmas ýörüp,
Hakykatyň derýasyna batyp, çümüp,
Hiç uklamaý, didaryny görer, dostlar.

Eý-a aşyk, bu dünýäde mähnet görgül,
Dartgan jebri-jepalarňy rahat bilgil,
«Hüw» söhbetin gurlan ýere özüň urgul,
Urgan aşyk myradyna ýeter, dostlar.

Bu ýollaryň gazasydyr gaýgy-mähnet,
Mähnet dartyp jepa çeken görer rahat,
Säherlerde zary kylgan hoş sagadat,
«Hüw-hüw» diýu, bu dünýäden öter, dostlar.

Çyn dil birle ýyglaganlar görgeý lyka,
Suhan Eýäm didaryny kylgaý ata,
Kylawuzsyz ýola girmek aýny-hata,
Ýola giren menzillerden öter, dostlar.

Wadaryg-a, ötdi ömrüm, bilmeý galdym,
Bu dünýäniň esbabyny gola aldym,
Dünýä yzlap, din işini artga saldym,
Bilelmes men, halym niçik bolar, dostlar?

Muhabbetniň şerabyndan datmaganlar,
Baýezit dek her gün özün satmaganlar,
Bu dünýäniň yzzatyndan ötmegenler,
Haýwan erer, belki ondan beter, dostlar.

Aşyk bolsaň yşk ýoluna goýgul gadam,
Dünýä ukbyn talak goýgul, misli Edhem,

Akyl erseň, dünýä üçin iýmegil gam,
Kyýamat gün jezalaryn berer dostlar.

Syr şerabyn içgen aşyk özni bilmes,
Bu dünýäniň yzzatlaryn gözge almas,
Ýüz-müň dana nasyh bolsa, pendin almas,
«Wa şowka» diýp, özün bilmeý, ýörer dostlar.

«Ruzy elest» - Huda özi nida kylan,
«Kalu bela» diýiban ruhlar jogap beren,
Hezret taba ruhlar uçup, garşy gelen,
Ondag aşyk Hak jemalyn görer dostlar.

Gul Hoja Ahmet, aşyk bolsaň dünýä goýgul,
Ahyretiň azabyndan gaýgy iýgil,
Erenleriň kylganlaryn sen hem kylgyl,
Hyzmat kylan ahyr myrat tapar, dostlar.

**117**

Eý-a, dostlar, beýan eýleý Hak Resuldan,
Ymmat bolsaň eşdip durud aýdyň, dostlar.
Ol «Rähmetel li älemin»[1] sözi gülden,
Ymmat bolsaň, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Hudawendim ata: kyldy oňa Magraç,
Rehmet bahry dolup-daşyp urdy möwwaç,
Goýdy onuň başy üzre löwläki täç,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

---

[1] «Rähmetel li älemin» - «Bütin älemleriň rehimdary». Gurhandan bir aýat.

Owwal Jebril alyp geldi oňa Byrak,
Byrak münüp, geldi hezret müň tumturak,
Byrak uçup, perwaz kyldy Hind-u Yrak,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Aksa baryp düşdi görüň onda Serwer,
Ýygladylar jümle ruhlar ol pygamber,
Mübärek bat kyldy ruhlar onda ýekser,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Jebril alyp, ol Hezretni kyldy perwaz,
Ol Sidretül-muntehaga ýetdiler baz,
Mustapany Jebril kyldy hup serefraz,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Makamyndan ötelmeýin Jebril galdy,
Jylawyny ol Mikaýyl gelip aldy,
Ahyr demde ol Mikaýyl haryp galdy,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Soň Ysrapyl ony alyp uçdy çinan,
Ol makamda Resul kyldy ajap jöwlan,
Ol hem galdy makamynda, kylyp efgan,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Arşa garap gadam goýdy Resulalla,
«Nagleýnini salaý» diýdi, Hak Mustapa,
Nida geldi, nagleýin birle sen goýgul pa,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Hak sarydan nida geldi, «Erni meni!»[1],
«Eý, Habybym, maňa garap gelgil bäri,
Mährem kylaý, has syrymga imdi seni,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Haka garap goýdy gadam Resululla,
Hakdan özge hiç kim ýokdur onda hemra,
Mundag makam hiç kime ýok walla-billä,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Çyn ymmat sen, bu sözleri hup bilip al,
Işbu sözler has ymmatga manendi-bal,
Mynapyga ýakmas bu söz, gelgeý melal,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Taňla dowzah damagyndan çykar bil düýt,
Mynapyklar şek getirip, boldy merdut,
Soňra kylan puşeýmandan saňa ne sut,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Mustapanyň Magrajyna salgyl gulak,
Kim eşitse, köňli bolgaý hup suwdan ak,
Çyn ymmat sen, eşdip ýygla misli-bulak,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Huda aýdy: «Myhman bolup gelgil maňa,
Kança bolsa hajatyňny aýgyl maňa,
Kylyp hoşnut, hajatyňy bereý saňa»,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

[1] «Erni meni» - «Maňa seret-de maňa garşy gel!». Hadysdan.

Resul aýdy: «Dilegenim asy ymmat,
Belagatdan kyrk ýaşyny kylgyl Rehmet,
Eý Huda-ýa, senden rehmet, menden şefket»,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

«Dilegeniň kabul kyldym, ýa Hak Resul,
Sen aýtganyň kabul kyldym, bolma melul,
Köp-köp tile, hajatyňny kylaý kabul»,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

«Kyrkdan ary elli ýaşy kyldym talap,
Bikes ýetim, ýyglap geldim, saňa garap,
Gözüm dikdim ýa Ilähi, saňa ýyglap»,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Elli ýaşy berdim saňa, ýa Mustapa,
Gaýdyp dile, men erer men hajat-rowa,
Köpräk dile, her ne diýseň bereý saňa»,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Ýa Ilähi, altmyş ýaşy aýdym saňa,
Sen towana, men natuwan, geldim saňa,
Boýun sunup geldim seniň dergähiňe!»,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Huda aýdy: «Hajatyňny aýdyň maňa,
Hoşnut bolgul, imdi menden, ýa Mustapa,
Men razy men, sen hem menden bolgul ryza»,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Resul aýdy: «Imdi dileý ýetmiş ýaşy,
Gam laýyna batyp galan aralaşy,

Ymmatym diýp, men içmedim doýup aşy»,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

«Ýetmiş ýaşyň howalasyn kylgyl maňa,
Kyýamat gün rhmetimni saçaý oňa,
Köňlüň dynsyn, enaýatym imdi saňa»,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

«Ýetmiş ýyldyr maňa bende, saňa ymmat,
Zen-u-perzent üçin çeken renji-külpet,
Ol bendäme men bermes men, asla zähmet»,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Ýetmiş, segsen, togsan ýaşa ýetse bendäm,
Geçip onuň günäsini kylgum adem,
Ymmatymnyň gamy gitsin, bolgul bigam,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň dostlar.

Gul garrasa Hoja berer hatty-berat,
Bendäm berse, men bermesem maňa uýat,
Eý habybym, hoşnut bolgul, sen bolgul şat»,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Eý byradar, möwris sözi ýalgan aýmas,
Dini susrak mynapyklar näler diýmes,
Ol ezelden tire-bagtdyr, özge gelmes,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Eý byradar, mynapyga bolma ülpet,
Kim ülpetdir, başy üzre ýüz-müň külpet,
Başdan-aýak mynapyklar zyýan, zähmet,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

Hikmet kyldy magraç sözün Gul Hoja Ahmet,
Şükür Alla, Mustapaga kyldy perzent,
Arslan Babam hurma berip, kyldy hursent,
Çyn ymmat sen, eşdip durud aýdyň, dostlar.

### ꟷ 118 ꟷ

Didar üçin janny gurban kylmagynça,
Ysmaýyl dek didar talap kylmaň, dostlar.
Jandan geçip tarykata girmeginçä,
Aşyk men diýip, ýalgan dawa kylmaň, dostlar.

Aşyklyk bir ulug dawa, kylsaň muny,
Mähnet birle synar ermiş, Möwlam seni,
Renji-mähnet birle bolsaň tüni-güni,
Magşugyndan köňül özge kylmaň, dostlar.

Menlik birle tarykata girmediler,
Jandan geçmeý ýola gadam goýmadylar,
Nebs öldürmeý teslim pena bolmadylar,
Hantamalyk birle ýola girmäň, dostlar.

Işbu yşkyň ýoly telim, bulmak turar,
Munda ýyglap, ahyretde gülmek turar,
Gül reňleri zagpyran dek solmak turar,
Mundag bolmaý, aşykdyr men diýmäň, dostlar.

Mürşitleriň hyzmatyny kyl ygtyýar,
Özlügimden ýola girdim, diýme zynhar,
Ýagşy bilseň, tarykatyň hatary bar.
Kylawuzsyz işbu ýola girmäň, dostlar.

Mürşitlere hyzmat kylsaň nebse apat,
Tekme nadan bu ýollarda kylmas takat,
Sadyk gullar bu ýollary biler rahat,
Tirik ölmeý, didar arzuw kylmaň, dostlar.

«El-kezzab-u la ymmaty»[1] diýdi sizge,
Bul Muhammet Hak resuly erdi bizge,
Ýalançyga jennet ýokdur, weýla oňa,
Ýalan sözläp imansyzyn gitmäň, dostlar.

Hany-manyn terk etmeýin, görmes didar,
Didar göreý diýen aşyk bolar bidar,
Ondag aşyk ahyr görgeý onda didar,
Didar görmeý syrdan habar duýmaň, dostlar.

Syrdan many duýmaganlar biganedir,
Ol aşygyň mekanlary weýranadyr,
Yşk ýolunda jan berenler jananadyr,
Jandan geçmeý, Jandan habar bilmäň, dostlar.

Gul Hoja Ahmet, özden geçmeý dawa kylma,
Halk içinde aşyk men diýp, dile alma,
Aşyklyk bir ulug işdir, gapyl bolma,
Gapyl bolup, Hak didaryn görmäň, dostlar.

**119**

Haka ýanyp, mömin bolsaň tagat kylgyl,
Tagat kylan, Hak didaryn görer dostlar,

[1] «El kezzebu lä ymmati» - «Ýalançylar meniň ymmatymdan däldir!». Gurhandan bir aýat.

Ýüz-müň bela başa düşse eňrenmegil,
Ondan soňra yşk syryny biler, dostlar.

Aşyklary zar eňräban ýola girdi,
Herne jepa degse ony Hakdan bildi,
Razy bolup, ýer astyna häzir boldy,
Zar ýyglaban säherlerde gopar, dostlar.

Eý-a dostlar, hiç bilmedim, men ýolumy,
Sagadata baglamadym men bilimi,
Gybat sözden hiç ýygmadym, men tilimi,
Nadanlygym meni ryswa kylar, dostlar.

Gije-gündiz bigam ýördüm zikrin aýtmaý,
Jäht eýläban tüni-güni pikrin etmeý,
Muhabbetiň bazarynda özni satmaý,
Nebsim meniň ýüz-müň tagam tilär, dostlar.

Nebsiňi sen öz raýyna goýma, zynhar,
Iýmeý-içmeý tagat birle bolgul bidar,
Ahyr bir gün görsetgüsi saňa didar,
Bidar bolan onda didar görer, dostlar.

Eý-a gapyl, Hak zikrini dilden goýma,
Dünýälikden bir zerräni gola alma,
Erenleriň arkasyndan hergiz galma,
Ýola giren ahyr myrat tapar, dostlar.

Wadaryg-a, arman bile ömrüm geçdi,
Nebsim meni tugýan kyldy, hetden aşdy,
Janym guşy perwaz kylsa, ruhum gaçdy,
Gapyl ýören, ömrün ýele satar, dostlar.

Didar göreý diýen gullar bidar bolar,
Ýörse-dursa, ýatsa-gopsa zikrin eder,
Ondag guluň içi-daşy nurga dolar,
Alla nurun ondag gula saçar, dostlar.

Aryp aşyk öz janyny oda ýakmas,
Bidertlere yşk çakmagyn ýakyp, çakmas,
Dünýä gelip, jilwe kylsa, gyýa bakmas,
Yşksyz kişi bahaýymdan beter, dostlar.

Gul Hoja Ahmet, bende bolsaň, ýyglap ýörgül,
Muhabbetiň mejlisine özüň urgul,
Kyýamatyň şitdetinden matam gurgul,
Matam guran syrdan habar alar, dostlar.

**120**

Muhabbetiň jamyn içip, raks eýlegen,
Diwanalyk makamyna girdi, dostlar,
Aj-u-dokluk, sud-u-zyýan hiç görmegen,
Sermest bolup, raksy-semag urdy, dostlar.

Raksy-semag urganlara dünýä haram,
Ähliýal, hany-mandan geçdi tamam,
Säher wagty Haka sygnyp, ýyglap mydam,
Ondan soňra, raksy-semag urdy, dostlar.

Raksy-semag urgan aşyk özün bilmes,
Bihuş ýörer dünýä malyn gola almas,
Ýüz müň adam tagsyr diýse, magrur bolmas,
Dünýä depip raksy-semag urdy, dostlar.

Dünýä depmeý raksy-semag urgan jahyl,
Hak ýadyny bir dem aýtmaý, ýörer gapyl,
Derwüş men diýr, dünýä sary köňli maýyl,
Dünýä üçin raksy-semag urdy, dostlar.

Özden gitmeý raksy-semag urmak hata,
Suhan Eýäm oňa kylmas iman ata:,
Tagat kylsa dillerini kylmas sapa,
Ryýa kylyp, raksy-semag urdy, dostlar.

Waý o şondag nadanlardan umyt kylmaň,
Paýzy-putuh alar men diýp, ýügrüp ýörmäň,
Nebsi uly, şeri bozugy weli bilmäň,
Şeýtan lagyn nogta urmaý mündi, dostlar.

Özden gitmeý raks eýlese, Alla bizar,
Semagyndan ýer tebrenip, dartgaý azar,
Doga kylaý, görsetmesin oňa didar,
Dinden geçip raksy-semag urdy, dostlar.

Diwanalyk kylyp gelmeý, semag urar,
Hak Mustapa, çaryýarlar bizar ýörer,
Başdan-aýak günäleri häzir turar,
Günä tiläp, raksy-semag urdy, dostlar.

Şibli aşyk semag urdy, pertöw görüp,
Mustapany häzir görüp, sowal sorup,
Dünýä ukbyn arka taşlap, gözün ýumup,
Ondag gullar raksy-semag urdy, dostlar.

Şibli aşyk ýyglap aýdy: «Eý-a Resul,
Bitakat men, semag urmasam men melul»,

Resul aýdy: «Enşalla, kylgaý kabul»,
Rugsat diläp, raksy-semag urdy, dostlar.

Gul Hoja Ahmet, raksy-semag her kimge ýok,
Taglyt kylyp, semag ursa, girgeý tamug,
Bu rowaýat pynhan erer, bitsem kamug,
Haky tapyp, raksy-semag urdy, dostlar.

**❧ 121 ❧**

Öwlüýäler aýtgan wada, geldi bolgaý,
Kyýamatnyň güni ýawuk boldy, dostlar.
Akyl gullar bolganyny bildi bolgaý,
Halk-u ilden mähri-şyfkat gitdi, dostlar.

Ulug-kiçi ýaranlardan edep gitdi,
Gyz-u-zaýyp, juwanlardan haýa gitdi,
«El haýa-u minel iman»[1] diýp, Resul aýdy,
Haýasyzlar ajap kowm boldy dostlar.

Musulmanlar musulmany kyldy katyl,
Nähak tutup, hak işlerin kyldy batyl,
Mürit pire kylmadylar ýüz-u-hatyr,
Ajap şumluk zamanalar boldy, dostlar.

Ähli-dünýä halkymyzda sahawat ýok,
Patşalarda, wezirlerde adalat ýok,
Derwüşleriň dogasynda ejabat ýok,
Dürli bela halk üstüne ýagdy, dostlar.

[1] «El haýa-u minel iman» - «Utanç imandandyr!» Gurhandan bir aýat.

Ahyrzaman alymlary zalym boldy,
Hoşamatyn aýtgujylar alym boldy,
Haky aýdan derwüşlere ganym boldy,
Ajap şumluk zamanalar boldy, dostlar.

Kyýamat gün ýawuk ýetdi, galgany ýok,
Gul Ahmediň aýtgan sözün, algany ýok,
Öz-özüne bir nesihat kylgany ýok,
Nesihatyn halka aýdyp gitdi, dostlar.

**122**

Bizden salam dostlara, talap ýolun goýmasyn,
Didar talap kylsalar, hergiz gapyl bolmasyn.

Gapyl tapmas Hak ýolun, onda tapmaslar orun,
Içi-daşy köýüban, säherlerde ýatmasyn.

Ýady birle bolsalar, didar arzuw kylsalar,
Her çent harlyk görseler, köňül özge bolmasyn.

Aşyklara dünýäde, harlyk-zarlyk melamat,
Melamatsyz, mähnetsiz, aşyk men diýp, aýtmasyn.

Şerigatda tejritdir, dünýäsini terk etmek,
Terk etmeýen dünýäni, Hakny söýdüm diýmesin.

Tarykatda ten-janyn, terk etmeklik müşgüldir,
Terk etmeýen ten-janyn, tejrit boldum diýmesin.

Hakykatda haramdyr, bir Hudaýdan özgesi,
Ondag bolmaý aşyklar, didar arzuw kylmasyn.

Ondag Resul Mustapa dünýä malyn söýmedi,
Ymmat bolan Resulga, dünýä malyn söýmesin.

Misgin Ahmet Ýasawy salam aýdy dostlarga,
Işbu sözüň magnysyn, talyp bolsa aňlasyn.

**ഇ 123 ൽ**

Didaryny talap kylsaň, eý, zäkirler,
Jandan geçip, halka içre görüň didar.
Şowkuň birle Alla diýip, rastga gaýdyp,
Tün ukusyn haram eýläp, bolgul bidar,

Bidarlara Hak rehmeti bolar ýawuk,
Bidarlaryň köňli synyk, gözi ýaşlyg,
Men-menligiň jezasyny bergeý tamug,
Tekepbiriň dowzah içre haly duşwar.

Senden burun ýaranlaryň kaýan gitdi,
Bu dünýäge köňül bermeý, ýyglap ötdi,
Ömrüň ahyr boldy, nobat saňa ýetdi,
Günähiňe toba kylgyl, eý, betkirdar.

Nebsiň seniň bakyp dursaň, näler diýmes,
Zary kylsaň, Alla sary boýun sunmas,
Gola alsaň, ýaban guş dek gola gonmas,
Gola alyp, tün ukusyn kylgyl bidar.

Nebs ýoluna girgen kişi ryswa bolar,
Ýoldan azyp, taýyp-tozup gümra bolar,
Ýatsa-gopsa, şeýtan birle hemra bolar,
Nebsi depgil, nebsi depgil, eý, betkirdar.

Nebsiň seni ahyr demde geda kylgaý,
Din öýüni garat kylyp, eda kylgaý,
Öler wagtda imanyňdan jyda kylgaý,
Akyl erseň, nebsi-betden bolgul bizar.

Pyrgaun, Karun şeýtan sözün mäkäm tutdy,
Bul sebäpden ýer ýaryldy, ony ýuwtdy,
Musa Kelim nasyh bolup, sözler aýdy,
Gulak tutmaý, ol ikisi öldi murdar.

Günähiňe toba kylyp, ýyglap ýörgül,
Gider men diýp, ýol başyna baryp durgul,
Gidenleri görüp sen hem ybrat algyl,
Ybrat alsaň, ýatmyş ýeriň bolar gülzar.

Mömün gullar derdi-halat peýda kyldy,
Hak ýolunda jan-u-dilni şeýda kyldy,
Dünýä taşlap, ahyretni söwda kyldy,
Söwda kylsaň, hüýri-gulman bary taýýar.

Gul Hoja Ahmet, nebs elinden kylar men dat,
Piri-mugan bolgaýmykan oňa jellat,
Bihabarlar eşitmesler dady-peryat,
Gan ýyglagyl, eşitsin ol Perwerdigär.

**124**

Owwal «Hüw!», ahyr «Hüw!» diýip, bihut bolgul,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý,
Zahyr «Hüw», batyn «Hüw» diýp, ýola girgil,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý,

«Lä ilähe ilalla» diýp, zary kylgyl,
Hak zikrini her kim etse, ýary bergil,
Piri-mugan hyzmatyna ýügrüp ýörgül,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Dile algyl, «Lä iläha illallah»,
Içe salgyl, her nepesde bolgul ägäh,
Piri-mugan nazar kylgaý saňa nägäh,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Edhem sypat sowa bolup, dünýä depgil,
Kimi görseň Hydyr bilip, golun öpgül,
Jemalyny göreý diýseň säher gopgul,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Alla diýen bendeleriň guly bolgul,
Toprak sypat ýol üstünde ýoly bolgul,
Aşyklaryň köýüp-öçgen küli bolgul,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý,

Zäkir bolup, şäkir bolup, Hakny söýgül,
Säher wagtda gopup nebsiň gözün oýgul,
Baýezit dek aşyk bolup, dünýä goýgul,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Ýörseň-tursaň, ýatsaň-gopsaň, Haky aýtsaň,
Zäkir bolup, şäkir bolup, jandan ötseň,
Alla-billä, dünýä haram, taşlap atsaň,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý,

Hak waslyna ýeteý diýseň, säher ýygla,
Alla diýu ýürek-bagryň oda dagla,

Hümmet kuryn jan biline mäkäm bagla,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Edhem sypat bu dünýäden köňül üzgül,
Hyrsy-howa, tekepbiriň öýün bozgul,
Muhabbetiň derýasyna çümüp, ýüzgül,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Gije-gündiz ahyretniň gamyn iýgil,
Tün ukyny haram kylyp, tagat kylgyl,
Muhabbetiň şowky birle, göwsüň ýargyl,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Ähli howa, men-menlikden gaçyp ýörgül,
Ähin tapsaň, gözde ýaşyň saçyp ýörgül,
Muhabbetiň şerabyndan içip ýörgül,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Eý-a dostlar, bu dünýäden ýyglap ötüň,
Pany durar, bu dünýäden geçip gidiň,
Muhabbetiň jamyn alyp, meý noş ediň,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Gije Alla, gündiz Alla dynmaý aýtgyl,
Gijeleri bidar bolup, ganlar ýuwtgul,
Bu dünýäniň yzzatlaryn taşlap ötgül,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Piri-mugan etegini mäkäm tutgul,
Magrypetiň bazarynda özüň satgyl,
Meý noş edip, semag kylyp, zikrin aýtgyl,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

«Ýa Rebbenä, zalemna» diýp, nala kylgyl,
Göz ýaşyňny her tarapda jala kylgyl,
Hak ýadyny aýdyp, özüň wala kylgyl,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Derdi-halat peýda kylyp, ýola girgil,
Perwana dek, şemni görüp, özüň urgul,
Kaýda barsaň, zikrin edip, dükan gurgul,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Muhabbetiň meýdanynda baş oýnatsaň,
«Hüw-hüw» diýu, zikrin edip, jan gynatsaň,
Didar tiläp, gan ýaş döküp, zar eňrenseň,
Hak jemalyň görsetmese, zamyn bolaý.

Erenleriň astanasyn saklap ýatgyl,
Säherlerde çar-zarp urup, irte gopgul,
Zary kylyp, pena bolup, jandan ötgül,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Toprak sypat harlyk dartgyl, nebsiň ölsün,
Halk içinde ryswa bolgul, älem gülsün,
Çyn köňülden ýyglap görgül, Huda bilsin,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Göz ýaşyňny derýa kylgyl, rehmi gelsin,
Garyp bolup, ýolda ýatgyl, goluň alsyn,
Pynhan ýörüp, tagat kylgyl, Taňry bilsin,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Hijran tüni ahyň birle otlar ýakgyl,
Gözýaşyňnyň barky birle, çakmak çakgyl,

Erenleriň söhbetinde eräp, akgyl,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Eý naýynsap, dünýä pany, Haka gaýtgyl,
Bende bolsaň Hak zikrini dynmaý aýtgyl,
Piri-mugan hyzmatynda jepa dartgyl,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Alla diýu pena bolgul, bagryň köýsün,
Tünler gopup tagat kylgyl, Taňry söýsün,
Ondan soňra has buzruklar nazar kylsyn,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Tün-gijeler bidar bolup säher turgul,
Aşyk bolsaň, Ysmaýyl dek janyň bergil,
Gol-aýagyň mäkäm bogup, emrin tutgul,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Ryýazatny gatyg dartyp, janlar gyna,
Meýdan içre başyň berip, başyň oýna,
Aýşdan geçip, mal ornuna zakgum çeýne,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Perhat sypat mähnet dartyp daglar kesgil,
Baýezit dek tünler gopup, özüň asgyl,
Jüneýit dek çöller gezip, harlar basgyl,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Hak rehmeti ulug derýa, bir katra bes,
Katrasyndan bähre alan kylmas höwes,
Maýu-menlik senden gider, misli meges,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Hak rehmeti ulug derýa, kabyl bolgul,
Talyp iseň Hak saryga maýyl bolgul,
Zuhdy-takwa daýym kylyp, nadyl bolgul,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

«Lä, lä» aýdyp, «illallaga» şeýda bolgul,
Mansur sypat «enel-hak» diýp, gowga kylgyl,
Girýan bolup, gözýaşyňny jala kylgyl,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Eý, bihabar, gaflat birle uýkuda sen,
Dünýä tiläp, gije-gündiz gaýguda sen,
Tagat kylmaý sözler sözläp, bihuda sen,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Daşdan düşek-ýassyk kylyp, takat kylsaň,
Hak emrine razy bolup, boýun sunsaň,
Öler wagtda aryg iman gola alsaň,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

Gul Hoja Ahmet, nesihatny özüňge kyl,
Eý bihabar, halkny goýup, özüňni bil,
Dagdan agyr günähiň bar, özüňge gel,
Hak jemalyn görsetmese, zamyn bolaý.

**❧ 125 ☙**

On sekiz müň älemde, haýran bolgan aşyklar.
Tapmaý magşuk soragyn, sersaň bolgan aşyklar.

Her dem başy örgülip, Haka gözi telmuryp,
«Hüw-hüw» diýu, hürkülip, girýan bolgan aşyklar.

Köýüp-ýanyp kül bolgan, yşkynda bilbil bolgan,
Kimni görse gul bolgan, nalan bolgan aşyklar.

Ýol üstünde häk bolgan, synalary çäk bolgan,
Zikrin edip päk bolgan, merdan bolgan aşyklar.

Hümmet kurun baglagan, ýürek-bagryn daglagan,
Perýat urup ýyglagan, girýan bolgan aşyklar.

Gähi ýüzi sargaryp, gähi ýolunda haryp,
Tesbihleri ýa Habyp, jöwlan bolgan aşyklar.

Ahmet, sen hem aşyk bol, sydkyň birle sadyk bol,
Dergähine laýyk bol, janan bolgan aşyklar.

**❧ 126 ❧**

Hak gullary derwüşler, hakykatny bilmişler,
Haka aşyk bolganlar, Hak ýoluna girmişler.

Hak ýoluna girgenler, Alla diýu ýörgenler,
Erenler yzyn yzlap, memleketden geçmişler.

Älem pahry Mustapa, ondag idi merhaba,
Magraç tüni ätdi pa, pakyr ýolun almyşlar.

Köňül bermeý dünýäge, şurug kylmaý haramga,
Haky söýgen aşyklar, halaýykdan geçmişler.

Dünýä meniň diýgenler, jahan malyn alganlar,
Kerkes guş dek boluban, ol haramga batmyşlar.

Molla, müfti bolganlar, nähak dawa kylganlar,
Agy-gara kylganlar, ol tamugga girmişler.

Kazy, ymam bolganlar, nähak dawa kylganlar,
Ol hymar dek boluban, ýük astynda galmyşlar.

Haram ýyggan häkimler, rişwet alyp iýgenler,
Öz barmagyn dişläban, gorkup, durup galmyşlar.

Datly-datly iýgenler, dürli-dürli geýgenler,
Altyn tagt oturganlar, toprak astyn galmyşlar.

Mömin gullar, sadyklar, sydky birle durganlar,
Dünýäligin sarp edip, uçmah hüýrün guçmuşlar.

Gul Hoja Ahmet, bilmiş sen, Hak ýoluna girmiş sen,
Hak ýoluna girgenler, Hak didaryn görmüşler.

**127**

Garyplykda garyp bolgan garyplar,
Garyplar halyny bilgen garyplar.

Sebäp birle yrak ýerge baryban,
Garyndaş gadryny bilgen garyplar.

Suwsaganda suwga mätäç boluban,
Diri teşnelikde ölgen garyplar.

Kişi bilmes, garyplar haly nedir,
Meger bilgen, garyp bolgan garyplar.

Garyplyk gatyg işdir, eý, ezizim,
Kim ol, bir bigadyr olan garyplar.

Gel, imdi Ahmed-a, özüňge bakgyl,
Garyp sen, sen garyp, misgin garyplar.

**෴ 128 ෴**

Suhan Izim perman kylsa gudrat bile,
Aşyklary gowga kylyp, ýörür bolgaý.
Magşargähde efgan kylyp, ýaşyn döküp,
Ile özün gümra kylyp, ýörür bolgaý.

Halk içinde ryswa ýörer, özün bilmes,
Nadanlaryň söhbetinden gaçyp bilmes,
Ol sebäpden, erenleriň buýy gelmes,
Gözde ýaşyn nowa kylyp, ýörür bolgaý.

Aşyklaryň Hak gaşynda ýüz näzi bar,
Nagra dartsa, zerre hergiz galmas, ýanar,
Ruza, namaz, tesbihleri Perwerdigär,
Batynlary göýä kylyp, ýörür bolgaý.

Haky yzlap, hemralary zag-u-zagan,
Hajat ermes aşyklara bag-u-çemen,
Ryhlat eýläp, çöller era kylsa Watan,
Hydr-u-Ylýas hemra kylyp, ýörür bolgaý.

Aşyklaryň gözýaşydyr bagy-bossan,
Onda saýrar alatdowam hezar dessan,
Zahyrlaryn bozup ýörär, hana weýran,
Hak gudratyn inşa kylyp, ýörür bolgaý.

Bihut bolup, köýüp ýörer, mest-u-haýran,
Alla diýu gözde ýaşy, bagry bürýan,
Nagra urup, perýat edip, kylar efgan,
Alla ýadyn sena kylyp, ýörür bolgaý.

Kadyr Eýäm gudrat birle sulh eýlese,
Jennet içre girer aşyk, emr eýlese,
Nagra dartyp, perýat edip, wird eýlese,
Meý noş edip, semag kylyp, ýörür bolgaý.

Gije-gündiz ýygla daýym, bir dem dynmaý,
Tilden Alla ýadyn aýdyp, haryp galmaý,
Gözde ýaşy akmas hergiz, bagry köýmeý,
Ýaşyn alyp, güwä kylyp, ýörür bolgaý.

Muhabbetiň Byragyny münüp ýören,
Ondag aşyk tarykatda jöwlan kylan,
Syr şerabyn içip ezel, ruhy ganan,
Yşk babynda nida kylyp, ýörür bolgaý.

Dowzah içre girse aşyk, perwa kylmas,
Görüp-bilip, mal-u-mülki gola almas,
Hüýr-u-kusur, gulmanlary göze ilmes,
Perýat edip, gowga kylyp, ýörür bolgaý.

Gahhar Eýäm gudrat birle nida kylsa,
Didar üçin köýgenlerim «gel-gel» diýse,
Gözýaşyny akuzyban, perýat kylsa,
Akly-huşun dana kylyp, ýörür bolgaý.

Rahman Eýäm rehmi birle nida kylgaý,
Hazyn nida eşdip aşyk jany girgeý,

Saffan-saffan bolup aşyk baş götergeý,
Yşk özüni ýekta kylyp, ýörür bolgaý.

Rahman Eýäm rehmi birle nida kylgaý,
Asy-japy ymmatlarnyň halyn sorgaý,
Ruzy-magşar didaryny ata: kylgaý,
Jany-dilni pida kylyp, ýörür bolgaý.

**129**

Hakny tapan diwanalar bihut sözlär,
Derdi-halat peýda kylyp, ýörür bolgaý.
Makamlary belent makam, arşny gözlär,
Halka özün ryswa kylyp, ýörür bolgaý.

Ilden gaçyp, dag-u-çölni kylgaý Watan,
Çöller era, hemralary zag-u-zagan,
Gider bolsa, çüýrük tiken oňa kepen,
Dürli wagşy hemra kylyp, ýörür bolgaý.

Mundag bolmaý jan magşugyn tapyp bolmas,
Bu ýollaryň ukbasy köp, aşyp bolmas,
Jandan geçmeý, wahdat meýden içip bolmas,
Meý noş edip, semag kylyp ýörür bolgaý.

Jananyny tapgan aşyk özün bilmes,
Älem halky talyp bolsa, gaçyp gelmes,
Ýüz-müň nasyh bolsa onuň pendin almas,
Ile özün ryswa kylyp, ýörür bolgaý.

Ýüz-müň aşyk ýansa-köýse bolar horram,
Hak ýadyny her kim aýtsa bolar hemdem,

Ruzy-magşar didaryna bolar mährem,
Jany-iman pida kylyp, ýörür bolgaý.

Alla üçin janyn beren zaýyg galmas,
Iki älem oňa bossan, hergiz ölmes,
Çyn aşygyň syry pynhan, halk bilelmes,
Göz ýaşyny güwä kylyp, ýörür bolgaý.

Aşyk ölmes, garry bolmas, yşky juwan,
Halk içinde agzy handan, köýer pynhan,
Çöller gezip, ýollar ýörüp, «Hak La mekan»,
Hak yşkyny sena kylyp, ýörür bolgaý.

Yşk bagyny gezgen aşyk, özün bilmes,
Gije-gündiz mest-u-haýran, özge kylmas,
Gözi istär halaýyga ülpet bolmas,
Hak waslyny pena kylyp, ýörür bolgaý.

Çyn dertliler, bidertlini gözge almas,
Zahyt, abyt, mesleklerin dile almas,
Peýda görse, yşksyzlara nazar kylmas,
Çyn dertlige dowa kylyp, ýörür bolgaý.

Aşyklaryň bilgenlerin halk bilelmes,
Hüýri-gulman, jümle melek, hel kylalmas,
«Zekahüm Rebbihümni»[1] arzuw kylmas,
Didaryna wepa kylyp, ýörür bolgaý.

Hüýri-gulman «entahur»dan alyp gelgeý,
Ryzwan melek kadah sunup, tagzym kylgaý,

---

[1] «Zekahüm Rebbihüm» - «Olary Perwerdigärleri päkledi». Gurhandan bir aýat.

Aşyklary gözün ýumup, bihuş bolgaý,
«Wa üstüka» diýp, içinde ýörür bolgaý.

Hak tomaşa kylyp oňa, rehmet kylgaý,
Gör içinde pertöw salyp, şepkat kylgaý,
Ýetmiş peri, melaýygy ülpet kylgaý,
Lutfy kerem, ata: kylyp, ýörür bolgaý.

Aşyk köýer, jandan doýar, Hakny söýer,
Alla üçin dünýä ukbyn talak goýar,
Bagryn deşip, başdan-aýak gana boýar,
Çarh uruban, ýekta kylyp, ýörür bolgaý.

Eý-a dostlar, yşk ähliniň samany ýok,
Dowa sormaň, yşk derdiniň dowasy ýok,
Bu ýollarda aşyk bolsa, tawany ýok,
Janny tenden jyda kylyp, ýörür bolgaý.

Teni jyda, otda köýgen, jany özge,
Hikmet okar talyp bolup, ýetse sözge,
Kimi görse yzyn alyp, sürer gözge,
Akly-huşun dana kylyp, ýörür bolgaý.

Bulhöwesniň teni köýse, jany köýmes,
Ol sebäpden yşk gadryna ýetip bilmes,
Erenleriň söhbetine gaçyp gelmes,
Zikri-doga ryýa kylyp, ýörür bolgaý.

Bu älemden sowa kylgan Allaň özi,
Eý ymmatlar, Hak Mustapaň aýgan sözi,
Ruzy-magşar röwşen bolgaý, Haka ýüzi,
Din dillazyn röwşen kylyp, ýörür bolgaý.

Aşyklary diri ölgen, jany jyda,
Perwaz kylyp uçaý diýse, saklar Huda,
Din-dillazyn röwşen tutup, kylsa bina,
Aşyklary haýran bolup, ýörür bolgaý.

Aşyk bolup hikmet aýdy Gul Hoja Ahmet,
Sydky birle eşidenge ýüz-müň rehmet,
Iman ata: kylgaý Taňrym, täji-döwlet,
Aşyk dilin sapy kylyp, ýörür bolgaý.

**130**

Köňül guşy daýym uçar ganat kakyp,
Iki gözüm nedamatda ganlar döküp,
Ten ol turar ryýazatda dyzyn büküp,
Ýa Ilähi, afu kylgyl günähimni.

Nadanlykda kylgan işim aýny-hata,
Toba-tagsyr eýlemedim, ýakam tuta,
Gerdenimge towky ýanlyg saldym puta,
Ýa Ilähi, afu kylgyl günähimni.

Şum dünýäge köňül berip, gapyl bolduk,
Eşret birle wadaryga, jahyl bolduk,
Bu dünýäniň ötereni imdi bildik,
Ýa Ilähi, afu kylgyl günähimni.

Köňül mülkün tutmuş, ogşar zulmat tüni,
Köňlüm içre bidar bolar maýu-meni,
Pir hümmeti yrak kylar bizden ony,
Ýa Ilähi, afu kylgyl günähimni.

Dünýä söýüp din söwdasyn ýitirip men,
Ýazyk ýükün eý-a dostlar, bitirip men,
Dergähiňe magsyýetler getirip men,
Ýa Ilähi, afu kylgyl günähimni.

Gul Hoja Ahmet, günähige kaýyl erer,
Erenleriň söhbetine laýyk erer,
Her kim Alla diýse Haka wasyl bolar,
Ýa Ilähi, afu kylgyl günähimni.

**⁂ 131 ⁂**

Eý-a dostlar, köp ýyglaňyz, gözge toprak dolmas burun,
Tagat, ybadat eýläňiz, bu dünýäden ötmes burun.

Bu dünýäde barça öler, gül dek teni toprak bolar,
Agmalyny bir-bir sorar, zaryňyzy diýmes burun.

Aýgyl günähiňni çöküp, ýaş ornuga ganlar döküp,
Uzr eýlegil dyzyň büküp, gara ýere girmes burun.

Taşla bu dünýä eşretin, kylgyl erenler hyzmatyn,
Içgil muhabbet şerbetin, müňkir-Nekir görmes burun.

Misgin Hoja Ahmet hüwperest, köp sözleme, Allaha bes,
Zikr eýledim her bir nepes, ysrapyl sur urmas burun.

**⁂ 132 ⁂**

«Hüw» söhbeti guruldy, eý, derwüşler, gelinler,
Hak suprasy ýaýyldy, ondan ülüş alyňlar.

Kal ylymny okaban, hal ylmyga ýetiban,
Harlyk içre ýatyban, barlyklardan alyňlar.

Ýokluk içre yzzat bar, barlyk içre apat bar,
Harlyk içre rahat bar, işbu bişek biliňler.

Ýyrtyp şöwket perdesin, tiläp didar wadasyn,
Açyp köňül didesin, muşahyda kylyňlar.

«Hüw-hüw» diýe ýörüň zar, «hüw diýmekde» magny bar,
Didaryga umydwar, rehmetinden  alyňlar.

«Hüw» erresin alyban, nebs başyga salyban,
Tüni-güni talyplar, janny gurban kylyňlar.

Misgin Ahmet gul bolgan, ýol üstünde ýol bolgan,
Sopylarga gul bolgan, ondan ybrat alyňlar.

**133**

Ýaratgan Biribarym, Izim Jepbar,
Esen-aman öz ilimge bargummykan?!
Howalarda uçar guş ornuga bolup,
Türküstannyň daragtyga gongummykan?!

Hezar dessan uçar daýym gülüstanda,
Gongan ýerim ol mübärek Türküstanda,
Niçik ýatgaý, muňlug başym harystanda,
Baryp, ilim içre jöwlan kylgummykan?!

Barmykan Türküstanda zeragatlar,
Emgek birle ol goparlan ymaratlar,

Zehi hoşhan, zehi aly ymaratlar,
Bir baryp muňlug zarym aýgummykan?!

Ulug, aryg babamyznyň ol mazary,
Zaty ulug Türküstannyň din bazary,
Ýyglaýyn men garyplykda bolup zary,
Men ýene-de şat boluban gülgümmikän?!

Hupbul watan minel-iman diýer habar,
Mekgeden ol Medinäge kyldy sapar,
«Men mäte garyben»[1] diýp, kelamy bar,
«Fakad mäte şehiden»[2] diýp, ölgümmikän?!

Ýörüdim men ala daglar aşagynça,
Garyplygyň oky ötdi, taşygynça,
Garyplykda üç ýüz altmyş ýaşagança,
Öz ýerimde üç gün ýatyp, ölgümmikän?!

Garyplykda bolar ondag janga hatar,
Garyplarga günmi dogar, daňmy atar?
Garyplarnyň müň nyýazy arşga ýeter,
Garyplygyň lybasyny salgummykan?!

Gul Hoja Ahmet, ýyglaýyr men garyp bolup,
Bargaýmykan Türküstanga gaýta ýanyp?
Ýok ererse, hezar arman birle ölüp,
Bir garyba mazar bolup ýatgummykan?!

[1] «Men mäte garyben» - «Ýekelikde (garyp-hossarsyz) ölen...». Hadysdan.
[2] «Fakad mäte şehiden» - «... ýekelikde Hudaý diýip ölen kişi şehitdir». Hadysdan.

## ꕥ 134 ꕥ

Eý, akylsyz adamy, taňla ne diýr sen, Taňryga?!
Işiň ryýa, güýjüň ryýa, ýaryn ne diýr sen, Taňryga?!

Namalaryň golga berip, kazy bolup, sorasa sowal,
«Bendäm ne kyldyň?» diýgende, onda ne diýr sen, Taňryga?!

Bir günde bäş wagt buýrugyn, kylma kaza, kylgyl eda,
Her kim namaz kylsa kaza, şermende bolar Taňryga.

Misgin Hoja Ahmet Ýasawy, yşk elinde bolduň harap,
Pikr ediban tapmas jowap, onda ne diýr sen, Taňryga?!

## ꕥ 135 ꕥ

Eý, bende, gapyl bolmagyl, Hak ýadyny aýgyl mydam.
Özüňni jahyl kylmagyl, Hak ýadyny aýgyl mydam.

Gam iýmegil dünýä üçin, gaýgyrmagyl iman üçin,
Baryş kyl ol Janan üçin, Hak ýadyny aýgyl mydam.

Baryşmagyl şeýtan üçin, baryş kyl ol Rahman üçin,
Taňryny söýgül Jan üçin, Hak ýadyny aýgyl mydam.

Akyl kişi pürnür erer, gapyl kişi dilgir erer,
Dünýesinden mamur erer, Hak ýadyny aýgyl mydam.

Hoja Ahmet, ne işde sen, el urmadyň bir işe sen,
Çün kylmadyň bir pişe sen, Hak ýadyny aýgyl mydam.

## ꕥ 136 ꕥ

Muhabbetiň şowky birle ýar istegil,
Ruza, namaz Oganymga parzy bolgaý.
Magşargähde adly birle sorar bolsa,
Aşyklaryň Hudaýyna arzy bolgaý.

Arzy şoldur Hudaýyna müň dat eder,
«Halym gör» diýp, ýaşyn saçyp, perýat eder,
Başa düşen jepalaryn binýat eder,[1]
Aşyklaryň ahy-dili arzy bolgaý.

Çyn aşyklar tirik turar, ölgen imes,
Erwahlary ýer astyga girgen imes,
Zahyt, abyt bu magnyny bilgen imes,
Çyn aşyklar halaýygyň Hydyry bolgaý.

Ýazyklardan gorkup özi ýyglap turar,
Ruz-y magşar nädermen diýp, ganlar ýutar,
Syrat atlyg güzergähde başy gatar,
Hojasyna şikestelik arzy bolgaý.

Aşyk ýanar, Haka aýdar daýym razy,
Aşyklygy arzuw kylar, şehit gazy,
Hak gaşynda hajat ermes, köpi-azy,
Katra ýaşy Hak Möwlama nezri bolgaý.

Zerre yşky kime düşse, nalan kylar,
Göz ýaşyny akyzyban umman kylar,
Herne tapsa Hak ýolunda yhsan kylar,
Bahyllaryň adawatlyk bugzy bolgaý.

---

[1] Munuň: «Nagra dartyp, magşargähni abat eder» diýen görnüşi-de bar.

Aşyklaryň ýaş ornuna gany akgaý,
Melaýyklar her tarapdan otlar ýakgaý,
Gapyl bolsa «häzir bol» diýp, özi bakgaý,
Çyn aşyklar iki älem Hydyry bolgaý.

Ähiliýal, hany-mandan perwasy ýok,[1]
Ruhy tenha, iman-yslam hemrasy ýok,
Tarykatda ýol azaşan hiç rahy ýok,
«Bende men» diýp, tili birle agzy bolgaý.

Yşk badasy mest eýlese bihut bolgaý,
Bigäneler ony görüp kah-kah gülgeý,
Ähli-many ýaşyn döküp, köp ýyglagaý,
Ähli-many, dini yslam magzy bolgaý.

Gije Alla, gündiz Alla dynmaý ýörer,
Hak şemgyne, perwana dek özün urar,
Leýli-Mejnun, Perhat-Şirin döwrün sürer,
Hak Tagala aşyklaryň sözi bolgaý.

Aşyk köýse has magşugy birle köýer,
Mejazylar köýmeý durup, jandan doýar,
Çyn aşyklar köýgen sary pür-nur bolar,
Ol sebäpden magşugyna näzi bolgaý.

Oda salsa otdan tänmes, aşyk kişi,
Ýer-u-gökni nalan kylgaý, akan ýaşy,
Alla diýse bişek ýa:rur içi-daşy,
Köýmek, ýanmak aşyklara bazy bolgaý.

[1] Munuň: «Ähli dünýä ahyretden perwasy ýok» diýen görnýşi-de bar.

Jümle aşyk ýüwrüp bargaý dergähine,
Ýaşyn saçyp, efgan kylar bargähine,
Ýedi dowzah takat kylmas, bir ahyna,
Suhan Eýäm aşyklara kazy bolgaý.

Sulh eýlese aşyklary kabul kylmas,
Hüýri-gulman jennet berse, göze ilmes,
Didar tiläp, başlaryny ýerden almas,
Didar görüp, aşyklary razy bolgaý.

Aşyklaryň ýedi göge ýeter ahy,
Alla diýse ýegsan bolar, her günähi,
Aşyklaryň Rahman Eýäm tekýegähi,
Eziz başy halaýygyň nezri bolgaý.

Aşyklary köp köýdürgen Hak didary,
Onuň üçin dynmaý ýyglap, kylar zary,
Wada kylgan aşyklary görer ýary,
Hak jemaly göz ýaşynyň muzdy bolgaý.

Aşyklary çöller gezip, nagra dartar,
Melaýyklar töhfe kylyp, Haka aýdar,
Şowk şerabyn içgen sary şowky artar,
Şury-efgan halaýygyň näzi bolgaý.

Meýi-janbagş içen aşyk onda soltan,
Onuň üçin Janynyna jany gurban,
Güfran içre didaryny görgeý aýan,[1]
Zemistanda meý içerse, ýazy bolgaý.

[1] Munuň: «Taňla barsa didaryna kylar myhman» diýen görnüşi-de bar.

Pynhan ýörür, kimge baksa aşyk kylar,
Lutf eýlese, kezzaplary sadyk kylar,
Hakdan tilär, dergähine laýyk kylar,
Zahyr agma, batyn içre gözi bolgaý.

Junun içre başy ýaryk, gany jary,
Onuň üçin dynmaý ýyglar, kylar zary,[1]
Säherlerde gan ýyglamak käri-bary,
Aşyklary her gün ýüz-müň gazy bolgaý.

Hoja Ahmediň maly ýokdur, nezri başy,
Taňla barsa Hojasyna töhfe ýaşy,
Ajz-u nyýaz, şikestelik kylgan işi,
Eşki-surhy, ruýy-zerdi üzri bolgaý.

**꧁ 137 ꧂**

Şerigatda mürşit bolan garyp gullar,
Şerigatdan alar menzil, alar bolgaý.
Namazyna şurug kylgan mömin gullar,
Uçmah öýün umyt tutup durar bolgaý.

Melekül-möwt perman birle janym alsa,
Aga, ini barça ýyglyp, köýüp-ýansa,
Ýedi gadam basandan soň galar bolsa,
Müňkür-Nekir girip, sowal sorar bolgaý.

Müňkür-Nekir girip, sowal sorar bolsa,
Ol amudy otlar birle urar bolsa,
Başym köýüp, janym-tenim oda ýansa,
Gynap janym, dar lahatda köýer bolgaý.

---

[1] Munuň: «Zikrin aýtsa Alla özi Biribary» diýen nusgasy hem bar.

Dört ýüz kyrk dört pygamberi mursal-nebi,
Galmady ol bu jahandan, ötdi bary,
«Külli nefsin zäikätül möwt»[1] aýaty,
Gurhan içre ondan habar berer bolgaý.

Şerigatdan, tarykatdan beýan boldy,
Hakykatdan Gurhan sözi kelam boldy,
Bu jahana Muhammediň nury doldy,
Ol nur birle iki jahan ýa:rur bolgaý.

Hoş döwletdir welaýatda patşa bolsa,
Adyl bolup, bir mömini kazy kylsa,
Oşol kazy barça halky razy kylsa,
Razylykdan uçmah öýün alar bolgaý.

Mömün gullar namaz okap, bolsa paryg,
Oşol gulnuň reňgi bolgaý mundag saryg,
Ol hyzmaty Hak gaşynda bolsa laýyk,
Hüýr gyzlary garşy gelip, durar bolgaý.

Jahyl kişi namaz gadryn haçan biler,
Her namazda iman başdan täze bolar,
«Salät» diýse, gapyl başyn büräp uýar,
Gapyllykdan ömrün ýele satar bolgaý.

Gul Hoja Ahmet, gul men diýseň, tagat kylgyl,
Kyýamatnyň gelmegini ýakyn bilgil,
Haka ýawuk bolaý diýseň, takat kylgyl,
Takat kylan, Haka ýawuk bolar bolgaý.

---

[1] «Külli nefsin zäikätül möwt» - «Her bir nebs ölüm şerbetini dadyjydyr». Gurhandan bir aýat.

## ꕥ 138 ꕥ

Ezraýyl bir gün geler şitdet birle,
Yssyg tenden eziz janny bermek gerek.
Bäş günlük ömür nagdyn elden berip,
Çäre tapmaý ahyr bir gün ölmek gerek.

Ogul-gyzyň aglap galsa perýat urup,
Maly-mülküň munda galsa haýran bolup,
Duşmanlaryň guwanyşar seni görüp,
Boýun sunup, uzalyban ýatmak gerek.

Miras diýban gol-aýagyň baglagaýlar,
Yssyg suwny başdan guýyp, çaýkagaýlar,
Dört tarapdan asta-asta uşlagaýlar,
Alty gary bizden kepen kylmak gerek.

Jynazaňny uly-kiçi göterseler,
Görüstanga sary garap ýörütseler,
Ýetmiş ýerde sowal sorsa, perişteler,
Bir-bir onuň jogabyny bermek gerek.

Halaýygyň mazarynda yşaraty,
Görgüň onda ajap dürli alamaty,
Lahat atly derwezesiz ymaraty,
Syýasatlyk öýe baryp girmek gerek.

Girip görseň garaňkylyk, ýokdur çyrag,
Içi doly hesret erer, otly pyrag,
Ýalňyz saňa kim kylgusy, onda ýarag,
Kyýamatnyň daňy atynça ýatmak gerek.

Ömrüň ahyr bolgusydyr bir gün tamam,
Bu iş birle barsaň gerek Daryssalam,
Halal goýup, iýgen bolsaň daýym haram,
Azabyny onda baryp, datmak gerek.

Gul Hoja Ahmet, toba kylgyl, ölmes burun,
Gyzyl ýüzüň onda baryp, solmas burun,
Ýylan-içýan gör içine dolmas burun,
Kaza gelse, yrza bolup durmak gerek.

**❧ 139 ☙**

Gara gündür oşol sagat, ki dünýäden sapar kylsaň,
Zen-u perzent, maly-mülküň barysyndan güzer kylsaň.

Seni goýmas ajal hergiz, niçe hökmüň rowan bolsa,
Hökümet birle älemni, eger zir-u ziber kylsaň.

Mahasyldyr halaýyga, ajal misli sypahlar dek,
Gazap birle alar janyň, niçeme zarylar kylsaň.

Bolupdyr barçaga perman, ölümniň şerbetin içmek,
Gaçyp ondan gutulmas sen, niçe ondan heder kylsaň.

Halaýygyň mazaryna, baryp bir-bir tomaşa kyl,
Ölülerden alyp ybrat, gerek bagryň kebap kylsaň.

Hemişe ýagşylyk kylgyl, gider sen işbu dünýäden,
Kyýamat aby-ruýyga gerek huny-jiger kylsaň.

Huda permanyny tutgan, bolar ol öwlüýälerden,
Bolar sen öwlüýälerden, ryýazat köpüräk kylsaň.

Guwanma maly-mülküňe, guradar bu ajal ahyr,
Gara ýere girer sen ahyr, nijeme kerru-per kylsaň.

Hoja Ahmet, magsyýet birle, haýatyň kylmagyl zaýyg,
Bolar sen laýygy Hezret, eger tagat säher kylsaň.

## ☙ 140 ❧

Tarykata şerigatsyz girgenleriň,
Şeýtan gelip, imanyny alar ermiş.
Işbu ýoly pirsiz dagwa kylganlary,
Sersam bolup, ara ýolda galar ermiş.

Tarykata syýasatlyg mürşit gerek,
Ol mürşide ygtykatlyg mürit gerek,
Hyzmat kylyp, pir ryzasyn tapmak gerek,
Mundag aşyk Hakdan ülüş alar ermiş.

Pir ryzasy, Hak ryzasy bolar dostlar,
Hak tagala rehmetinden alar dostlar,
Ryýazatda syr sözünden biler dostlar,
Ondag gullar Haka ýawuk bolar ermiş.

Işbu ýola, eý, byradar, pirsiz girme,
Hak ýadyndan lahza gapyl bolup ýörme,
Masuwaga akyl erseň köňül berme,
Şeýtan lagyn öz ýoluna salar ermiş.

Eý-a dostlar, hiç bilmedim men ýolumny,
Sagadatga baglamadym men bilimni,
Masuwadan hiç ýygmadym men tilimni,
Nadanlygym, meni ryswa kylar ermiş.

Şerigaty, tarykaty bileý diýseň,
Tarykaty hakykata ulaý diýseň,
Bu derýadan dürri-göwher alaý diýseň,
Jandan geçen has gullary alar ermiş.

Aşyk gullar gije-gündiz hergiz dynmas,
Bir sagaty Hak ýadyndan gapyl bolmas,
Ondag guly Suhan Eýäm zaýyg goýmas,
Doga kylsa ejabatly bolar ermiş.

Wadaryg-a, geçdi ömrüm gaflat bile,
Sen geçirgil günälerim, rehmet bile,
Gul Hoja Ahmet, saňa ýa:ndy hasrat bile,
Öz-özüne özi ýanyp, köýer ermiş.

**ꕥ 141 ꕥ**

Bu dünýäde ýaradylgan mahluklara,
Imdi bildim, tiriklik has bolmaz ermiş.
Bu ölümniň şerbetidir, ajy şerbet,
Jümle adam içmeý ondan, galmaz ermiş.

Ýola gadam goýsaň dostlar, azyk alyp,
Ajal gelse yssy kylmas, sakal ýolup,
Bu dünýäde mallaryny hasyl kylyp,
Rişwet berseň, melekül-möwt almaz ermiş.

Kerwen eger göçer bolsa, azyk alar,
Sudy-zyýan bolganyny onda biler,
Azyksyzyn ýola girgen, ýolda galar,
Ýükün ýükläp, ýola girgen galmaz ermiş.

Ýükün ýükläp, ýola girgen merdan bolar,
Kylawuzsyz ýola girgen haýran bolar,
Kylawuzly ýolun görgen kerwen bolar,
Ýolny görmeý, kerwen gadam goýmaz bolar.

Ajal gelse yssy kylmas, sakal ýolsaň,
Öň-u soňda janyň para-para berseň,
Dünýä üçin eziz ömrüň eda kylsaň,
Melekül-möwt gelse pursat goýmaz ermiş.

Bu dünýäde patşa men diýp, göwsün geren,
Hem alnynda kürsi goýup, haýma guran,
Nije ýyllar haýly-haşam çerik salan,
Ajal gelse biri wepa kylmaz ermiş.

Niçe müňler çerik ýygan hanlar hany?
Bu sözleriň her birisi magny-käni,
Wepasy ýok, biwepadyr, dünýä pany,
Gapyl adam görüp, ybrat almaz ermiş.

Bu dünýäde ýüwrük ata münüjiler,
Harb gününde mubaryzlyk kylyjylar,
Almaz polat, gylyçgirni çalyjylar,
Ajal gelse, beg-u hanny goýmaz ermiş.

Bu dünýäde tebip men diýp, dagwa kylan.
Dagwalary batyl erer, sözi ýalan,
Halaýyklar yllatyna daru kylan,
Ajal gelse, darusyny bilmez ermiş.

Bende näçe ýaş ýaşasa, ölmegi bar,
Görer göze bir gün toprak dolmagy bar,

Bu dünýäde sapar kylgan, gelmegi bar,
Ahyrete sapar kylan, gelmez ermiş.

Dirilikde din nobatyn ýagşy urgul,
Ahyretiň esbabyny munda gurgul,
Gul Hoja Ahmet, iman üzre taýýyp bolgul,
Iman bile baran gullar, ölmez ermiş.

**ꕥ 142 ꕥ**

«Külli men aleýhe fan»[1] aýatynda,
Bir Hudadan özge mahluk öler ermiş.
Ysrapyl surun alyp, hürgeninde,
Görden ýene turuzyban, gopar ermiş.

Elli müň ýyl gör başynda durganynda,
Ondan keýin arasada sürgeninde,
Ýalaň baş-u, ýalaň aýak ýörgeninde,
Adam ogly bihuş ýanlyg bolar ermiş.

Owwal hasap eýlegeý ol tehäretden,
Ikilenji hasap eýlär, namazyňdan,
Soňra hasap eýlär halal-haramyňdan,
Men-men diýen, haýran bolup, galar ermiş.

Hasap eýläp, ýörütgeýler magşar sary,
Halaýyklar gadam urgaý, naçar-bary,
Mugaýýana onda görgeý dowzah nary,
El-aman diýp, öwrülşiban durar ermiş.

---

[1] «Külli men aleýhe fan» - «Dünýädäkileriň hemmesi ötegçidir, dünýä panydyr». Gurhandan bir aýat.

Jümle ymmat, ýüz ýigrim müň sap bolgaýlar,
Etrapyňdan perişteler sap düzgeýler,
«Aýn-el mefer»[1] nidasyny ýetgürgeýler,
Gaçyp-gutlup bolmas diýban, aýdar ermiş.

Ol wagtda nida gelgeý: «Wemtäzül ýowm»[2],
Oşol günde destgir bolgaý namazy-sowm,
Akyl-huşuň gidip, onda galmas pähim,
Dil lal bolup, sözleýilmeý, galar ermiş.

Barça halklar Adam ata sary bargaý,
«Eý atamyz, imdi bizi goldaň!» diýgeý,
«Napermanlyk menden ötdi, perzent» diýgeý,
«Ybrahymga baralyň!» diýip, aýdar ermiş.

Ybrahymga baryp aýtgaý Adam ata,
«Şepagat kyl bularny sen, bary-hata»,
Ol hem aýdar: «Sizge ne kurp, Adam ata,
Musa sary baralyň!» diýp, aýdar ermiş.

Musa diýgeý: «Rebbi erni» diýdim ol gün,
Hyjalatdan çykanym ýok, tä işbu gün,
Baralyň, Muhammetge bolup wajgun...»,
Barçalary Hezret sary barar ermiş.

Musa diýgeý: «Ýa Muhammet, urgul gadam,
Ymmatlaryň dowzah içre boldy adem»,
Muhammet hem iba kylyp, turgaý ol dem,
Musa goýmaý, ikewleri barar ermiş.

---

[1] «Aýn-el mefer» - «Gaçybatalgaň hut özi». Gurhandan bir aýat.
[2] «Wemtäzül ýowm» - «Garaşylýan günde». Gurhandan bir aýat.

Täjin alyp, gisu salyp, arş astynda,
Nagra dartyp, ýyglap durgaý oşol günde,
«Ýa Kadyr-a, ýa Gapur-a!» diýgeninde,
«Ýa Habybym, baş göter!» diýp, aýdar ermiş.

«Alyp gelgil, ymmatyňny dergähimge,
Bagyşlaýyn barçasyny men sizlerge,
Dahyl kylaý, jümlesini jennetimge»,
Mundag diýban, Hakdan nida geler ermiş.

Zahyt, abyt, has gullardan ulamany,
Alyp gelgeý dergähine işbularny,
Taňrym aýgaý: «Ýa Muhammet, asy kany,
Asy laýyk imes» diýban, aýdar ermiş.

«Asy, japy laýyk diýgeý, rehmetimge,
Dahyl edeý, men olary jennetimge,
Günälerin bagyşlaýym, baryn saňa!»,
Resul horram bolup, ýügrüp geler ermiş.

Musa bilen Resulalla ýügrüp gelgeý,
«Asy-japy ymmatlarym ýörüň!» diýgeý,
«Günälerňiz afu eýledi Kadyr», diýgeý,
Behişt içre aldyn salyp, girer ermiş.

Gul Hoja Ahmet kyýamatdan aýdy muny,
Hikmet kylyp, halaýyga ýaýdy muny,
Ulug-ulug kitaplardan aýdy muny,
Okygandan doga tama kylar ermiş.

**❧ 143 ☙**

Alla ýady nurun kime ata: kylsa,
Nebs-u howa, men-menlikden galar ermiş.

Bende eger zäkir bolup, Alla diýse,
Tutmuş köňül zeňgaryny açar ermiş.

«Fezkuruny ezkurukum»[1] eşdip nida,
Zikrin aýdyp, emrin tutup, muşahyda,
Girip göre, dartyp dürli mujahide,
Aşyk janlar syr şerabyn içer ermiş.

Aşyklara bolup Hakyň enaýaty,
Batyn içre açylar keşf-u keramaty,
Dillerine saçyp her dem Hak rehmeti,
Pena bolup, masuwadan geçer ermiş.

Keşful-esrar bolup, batyn gözni açyp,
Hak aşygy bu dünýäni taşlap, gaçyp,
Nebsi-howa gözün oýup, resen kesip,
Zaýyl bolup, şeýtan ondan gaçar ermiş.

Bildi imdi Gul Hoja Ahmet yşkdan aňlap,
Jandan geçip, işbu ýola köňül baglap,
«Daryg, ömrüm zaýyg ötdi» diýu, ýyglap,
Nedamatyň howasyndan uçar ermiş.

**֍ 144 ֍**

Her kişi görse jemalyň, dünýä işin berbat eder,
Gije-gündiz dyna bilmes, Hudaýyny ýat eder.

Kim onuň köýünde bolsa, Hak onuň köňlündedir,
Her sary barsa, oşol ýary birle perwaz eder.

---

[1] «Fezkuruny ezkurukum» - «Meni ýatlaň, menem sizi ýatlaryn». Gurhandan bir aýat.

Käşgi men daýym seniň, ýadyň birle bolgaý idim,
Bakyşyň ýüz-müň meniň dek, bendäni azat eder.

Magrypet meýdany içre, bu köňülni şat edip,
Dünýäsin terk eýlegenler, Hak birle söwda eder.

Aryp oldur, bolsa aşyk, halkada jöwlan edip,
Istiganatny tiläp, ol pirni galkan eder.

Hoş ajaýyb-u garaýyp bu Hudanyň işleri,
Birisin göýä kylyp, birin günähkär eder.

Görgül, işbu dünýä üçin köp jepalar eýleseň,
Ahyry hiç, işbu dünýä, ýer birle ýegsan eder.

Gije-gündiz arzuw kylsaň, sen onuň didaryny,
Sa:p kylgyl bu köňülni, bir güni berbat eder.

Eý Gul Ahmet, sen ýörüp, gamgyn köňülni awlagyl,
Ähli-dil bolgan kişi, gamgyn köňülni şat eder.

**145**

Hajat ermes, yşk derdine dowa sormak,
Weýran edip gitgen ermiş, dowasy ýok.
Janyn gynap, ýaşyň akyp, huşuň gidip,
Yşk derdinden dostlar, gatyg belasy ýok.

Her kim köýer, jana alar yşgyň odun,
Jany köýse agzasyndan çykar tütün,
Bagry onuň set-paradyr, ýokdur bütin,
Halka zahyr, görnüp duran ýarasy ýok.

Jandan geçmeý tapmas her kim Jananyny,
Görüp hümmet kylmak gerek, perwanany,
Görüp-bilip oda urdy öz janyny,
Sudy-zyýan birle hergiz perwasy ýok.

Ança ýördüň, ança turduň, eý, bihabar,
Nebsi-şeýtan işlerinden kylgyl heder,
Bizden burun telim kerwen kylgan sapar,
Aýdyp giden, bu dünýäniň wepasy ýok.

Aýdyp ötgen erenlerden ýolny sorgul,
Säherlerde irte gopup, çar-zarp urgul,
«Hüw» söhbetin guran ýerge özüň urgul,
Ýola girgenleriň dünýä höwäsi ýok.

Gul Hoja Ahmet aýdy, dostlar, eşdiň muny,
Kap dagy dek daşlar degse çykmas üýni,
Kime aýdyp, kime ýyglaý yşk derdini,
Walla-billä, yşk derdiniň dowasy ýok.

**146**

Haka aşyk kişiler, gijeler ýatmasa bihräk,
Her derdi-elem degse, pygan etmese bihräk.

Başyn ýaryp, gana boýap, kylsa sütemler,
«Urdy meni» diýp, zalyma söz gatmasa bihräk.

Derwüş boluban halk içinde tesbih ögrüp,
Sopy bolup älemge, özün satmasa bihräk.

Öten sopular iliň gözünden ýörmeýin gaçdy,
Haky dilegenler halk içinde ýörmese bihräk.

Her ýerde Hudany häzir-u-nazyr geltürerler,
Bijaý olturyp Hakdan, belent etmese bihräk.

Sopy boluban sap bol, eý, bendeýi Alla,
Sopy bolup ol ýalan, demi ötmese bihräk.

Alla diýse, kylsa nyhan bidgaty bisýar,
Ondag sopular ruza-namaz tutmasa bihräk.

Her kimsäni özüniň ýolunda eýleý şeýda,
Diwanaýy-juludany aýp etmese bihräk.

Hakny tanagan bende özgäni hergiz tanymas,
Alla diýmegen bolsa, onuň ölgeni bihräk.

Sopy bolasen haýy-höwes kylmagyl asla,
It nebsi üçin bendäge, käni tutmasa bihräk.

Ryzzak diýdiň, berdi saňa ryzky-perewan,
Şeýtan sözüne bende, gulak asmasa bihräk.

Hakdan eşidip aýdy muny Ahmedi Misgin,
Çyn bendesniň synasyndan iman gitmese bihräk.

**147**

Eý-a dostlar, yşk guwwasy bolmagynça,
Wahdanyýet derýasyna girse bolmas.
Ol derýanyň göwheridir Hak wysaly,
Jandan geçip, girmeginçä görse bolmas.

Hümmet kurun jan biline mäkäm çalmaý,
Masuwanyň muhabbetin özge salmaý,

Göz ýaşyny nyýaz eýläp, razyn aýmaý,
Esrar ýolun merdanlardan bilse bolmas.

«Ýuhibbühüm»[1] şerabyny içmeginçä,
«We ýuhibbü-nehu»[2] lybasyny geýmeginçä,
Ryýazatnyň botasyny bogmagynça,
Hak jemalyn myradyňça görse bolmas.

«Li magallah»[3] makamyna barmagynça,
«Ente mutug»[4] saraýyna girmeginçä,
«Penafilla» derýasyna çümmeginçä,
«Baka billä» göwherinden alsa bolmas.

Şerigatyň salahyny geýmeginçä,
Tarykatyň Byragyna münmeginçä,
Jezbi-junun älemine barmagynça,
Hakykatyň meýdanyna girse bolmas.

Merdanlaryň myradydyr Hak didary,
Hak didary gerek bolsa, bol bidary,
Gul Hoja Ahmet, säher wagtda kylgyl zary,
Bidar bolmaý, Hak jemalyn görse bolmas.

**࿐ 148 ࿐**

Magrypetiň münberine münmeginçä,
Şerigatyň işlerini bilse bolmas.

---

[1] «Ýuhibbuhum» - «... Olary söýýär». Gurhandan bir aýat.
[2] «We ýuhibbu-nehu» - «Hudaý olary gowy görer, olar-da ony gowy görerler». Gurhandan bir aýat.
[3] «Li magallah» - «Meniň bilen Allanyň arasynda bolýan bir wagt bar. Şol wagt ikimiziň aramyza hatda, Hudaýa ýakyn perişdeler-de sygmaýarlar». Gurhandan bir aýat.
[4] «Entemutug» - «... Sen boýun egilen». Gurhandan bir aýat.

Şerigatyň işlerini eda kylmaý,
Tarykatyň meýdanyna girse bolmas.

Tarykatda dürli edep bilmeginçä,
Nebsi birle muharebe kylmagynça,
Yşk ýoluna özün laýyk etmeginçä,
Hakykatyň syrlaryny bilse bolmas.

Şerigatda myrat oldur, ýola girmek,
Tarykatda myrat oldur, nebsden dynmak,
Hakykatda eziz janyň pida kylmak,
Jandan geçmeý, yşk şerabyn içse bolmas.

Burra bolmaý «Şyh men» diýban, dawa kylgan,
Özi kylmaý, halklar era wagzyn aýgan,
Sözi ýalan, dünýä üçin amal kylgan,
Dünýä goýmaý, hal ylmyny bilse bolmas.

Erenleri işbu ýolga gadam urdy,
Mujahyda muňy birle amal kyldy,
Mükäşife batyn içre mälim boldy,
Mundag bolmaý, dergähine ýetse bolmas.

Ne amaldyr, «är men» diýu dawa kylmak,
Sejjadaňy halklar arda dogry salmak.
Özi bilmeý, bu manyga nebsin urmak,
Guwwas bolmaý, dür göwherni alsa bolmas.

Wahdanyýet gämisiniň syryn bilmeý,
Yşky-esrar sözlerinden habar almaý,
Tejrid-tefrid işlerini eda kylmaý,
Ol töwhüdiň miwesini alsa bolmas.

Gul Hoja Ahmet, tejrid-tefrid umyt kylgyl,
Mustapanyň sözlerine amal kylgyl,
Toba diýban tünler gopup, zar eňregil,
Zar ýyglamaý, didaryny görse bolmas.

**꧁ 149 ꧂**

Yşk dawasyn kylgan aşyk girýan bolar,
Bu dünýäniň gurbatyndan ölse bolmas.
Huşy gidip, bagry onuň büryan bolar,
Haýa gidip, perdesini tirse bolmas.

Bu dünýäniň eşretinden geçgen kişi,
Bihut ýörer, dynmaý akar gözden ýaşy,
Wala bolup, haýran ýörer, ýaz-u-gyşy,
Wagşy ýanlyg, ilden çykyp ýörse bolmas.

Gije-gündiz gözde ýaşyn jala kylgan,
Perýat urup säherlerde wala bolgan,
Göwsün deşip, çar-zarp urup, nala kylgan,
Mundak ärniň dergähinden gitse bolmas.

Gije turup ýatmaý, tynmaý ýyglaganlar,
Yşk oduna ýürek-bagryn daglaganlar,
Ryswa bolup, syrdan many aňlaganlar,
Halk içinde ryswa bolup, ýörse bolmas.

Alla ýadyn edip ýörüp, zary kylgan,
Gözde ýaşyn akuzyban jary kylgan,
Sersaň bolup, kybap birle ýörüş kylgan,
Ondag ärden jyda bolup, ýörse bolmas.

Aşyklar deý, daýym mydam Hakny yzlar,
Zahyr ýüzüp, batynynda arşny gözlär,

Talyplarga aýat-hadys sözün sözlär,
Syr sözüni nadanlara aýtsa bolmas.

Kaýda barsa yşk dükanyn onda gurdy,
Leýli-Mejnun bu dünýäniň döwrün sürdi,
Şyhy Mansur «Enel-Hak» diýp, gowga kyldy,
Wepa kylgan erenlerden ýansa bolmas.

Syrdan many tutmaganlar bigänedir,
Ol aşyklaň mekanlary weýranadyr,
Kaýda barsa hemhanasy jananadyr,
Tünler gopmaý, «aşyk men» diýp, ýörse bolmas.

Guwwas bolmaý, göwher üçin derýa çümmes,
Jandan geçmeý, çümmeginçä hergiz almas,
Bir katraga kanyg bolmaý, ol dür almas,
Kanyg bolmaý, şerabyny içse bolmas.

Gul Hoja Ahmet, lahat era makam tutmaý,
«Penafilla» makamyndan ýelip, ötmeý,
Piri-mugan katrasyndan jurga ýutmaý,
«Lä magällah» makamyna ýetse bolmas[1].

## ꕥ 150 ꕥ

Eý-a dostlar bu ýollaryň ukbasy köp,
Ötse bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.
Ýüz-müň bela, mähnet, apat hatary köp,
Duýsa bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

---

[1] Bu setirler: «Kämil piriň şerabyny içmedik adam - Allanyň dergähine ýetip bilmez» diýen manyny berýär.

Şerigatsyz tarykata ötüp bolmas,
Hakykatsyz magrypete ýetip bolmas,
Pirsiz hergiz şowk şerabyn dadyp bolmas,
Datsa bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Nadanlara syr magnyny aýdyp bolmas,
Dür göwherin her müşterä satyp bolmas,
Edhem sypat dünýä ukbyn ýetip bolmas,
Ýetip bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Syrsyz ýüz-müň tagat kyldym, ýoldan azdym,
Rahylasyz ýola girip, talyp, tozdum,
Piri-mugan nazar kyldy, nebsden syzdym,
Syzsa bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Wadaryg-a, duýmaý galdym, ömrüm ötdi,
Nebsi-howa orta alyp meni ýutdy,
Bihamdylla, piri-mugan golum tutdy,
Tutsa bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Walla Talla, sümme billä syrsyz bolmas,
Syrsyz ýüz-müň tagat kylsaň, makbul bolmas,
Niçe aýtsam, bihabarlar muny bilmes,
Bilse bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Jandan geçmeý, baş oýnamaý, ýola salmas,
Ygtykatyň tam bolmasa goluň almas,
Talyplardan gitse howa, gudrat bolmas.
Görse bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Eý-a talyp, ölmes burun ölegörgün,
Ýagşylaryň häki-paýy bolagörgün,

Toprak bolup, faýz-u-futuh alagörgün,
Alsa bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Hakykatyň ýollarynda ýüz-müň hatar,
Bilin baglap, ýola girgen ahyr ýeter,
Syr işigin ýassananlar myrat tapar,
Tapsa bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Myradyňa ýeteý diýseň, bolgul bidar,
Ähiliýal, hany-mandan bolgul bizar,
Ahyr bir gün görsetgüsi, saňa didar,
Görse bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Alla diýgil, janyň köýüp, otlar çyksyn,
«Hüw» diýende, süňekleriň barkyn çaksyn,
Bagryň deşip, öpkäň çişip, erip-aksyn,
Aksa bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Işbu ýola gadam goýan jandan geçdi,
Zikri-kalbyn aýda-aýda, göwsün deşdi,
Ondan soňra Janan bakyp, işik açdy,
Açsa bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Ýüz-müň mynajatny aýdyp, ýyglaý Huda,
Hyrsy-howa, men-menlikden kylgyl jyda,
Luft eýleseň, men-menligi kylaý eda,
Kylyp bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Rahman Eýäm, rehmetiňe laýyk kylgyl,
Barky ýanlyg hümmet berip, aşyk kylgyl,
Tä ölünçä, sydkyň birle sadyk kylgyl,
Bolsa bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

Gul Hoja Ahmet, Alla diýmeý ne iş kylaý,
Amalym ýok, zar eňremeý, ne iş kylaý,
Hakdan gorkup, gan ýyglamaý, ne iş kylaý,
Kylyp bolmas, pir hyzmatyn kylmagynça.

**೫ 151 ೮**

Tatawwug ruza tutar, şyhlykny halka satar,
Ylmy ýok, a:mdyr beter, ahyrzaman şyhlary.

Çolar başyna destar, amal ýok, Haka ýarar,[1]
Oky ýok, ýaýyn gurar, ahyrzaman şyhlary.

Biline puta çalar, özüni «kişi» sanar,
Arasatda utanar, ahyrzaman şyhlary.

Alaýyn diýip al eder, mugamyla sal eder,
Essiz ömrün ýel eder, ahyrzaman şyhlary.

Görmes özlerin astyn, ýygmas haramdan üstün,
Taňla soýgaýlar postun, ahyrzaman şyhlary.

Şyhlyk ulug iş, turar, Izim bergen aş turar,
Aş bermes bir daş turar, ahyrzaman şyhlary.

Misgin Ahmet bende sen, tagatyň ýok gende sen,
Magşarda şermende sen, ahyrzaman şyhlary.[2]

---

[1] Munuň: «Başyga destar orar, ylmy ýok näge ýarar» diýen nusgasy-da bar.
[2] Bu bendiň: «Misgin Ahmet kanda sen, Hak ýolunda nädesen,
Ylmyň ýok ne sanda sen, ahyrzaman şyhlary» diýen görnüşi-de bar.

## ꧁ 152 ꧂

Muhabbetiň köçesini gezgen aryp,
Ýagşy biler huňkärleriň alamatyn.
Eradatdan gollaryna harbe alyp,
Depin eýlär, mazarratyň salamatyn.

Ondag aşyk aýagyna başyn goýsa,
Bina goýmaý, nebs-u howa gözün oýsa,
Şowk şerabyn içip, näge ruhy gansa,
Hiç agyzdan salmas toba nedamatyn.

Ýolun tapyp, batyn gözi açylganlar,
Har-u has dek, aýak asty ýenjilgenler,
Bargy gül dek, solup-tozup saçylganlar,
Ýaralmas ol, halaýygyň melamatyn.

Sopy gerek batynyny kylsa sapy,
Tagat kylsa, manendeýi beşr-i hafy,
Ondan soňra wadasyna bolar wapy,
Bişek görer, her kim keşf-u keramatyn.

«Rijälun lä tühihum»[1] diýp, aýdy Huda,
Oşol merdan masuwadan bolar jyda,
Zikrin edip, her nepesde ölse rowa,
Tapar her dem Kowsul-Kyýas jelalatyn.

Lahat era mürit eger makam tutsa,
Derwüşlikde kyrk dört makam ondan ötse,

[1] «Rijälun lä tühihum» - «Boş zada (biderek zada) güýmenmeýän adamlar». Gurhandan bir aýat.

Şyh men diýu, bina goýup, ot ýuwtsa,
Bimuşakgat tapmas iman halawatyn.

Döwr aýagy ýetip geldi, eý, bihabar,
Içrer, goýmas, niçe eger kylsaň hezer,
Wa hasrat-a, imanyňda köpdür hatar,
Gutulmas sen, bermeý onuň amanatyn.

Gul Hoja Ahmet, zahyr agma ýol azaşdy,
Talyplaryň söhbetinden yrak gaçdy,
Haryp, çöküp, Hak ýolunda akly çaşdy,
Taňla barsa görmes görüň feragatyn.

**153**

Essiz, bu tarykaty tanuk aýdy,
Dostlarym, aramyzda edlenmes ol.
«Ger, idi» bolmas erdi aşyklarda,
Niçe ýyl gizlär özün, gizlenmes ol.

Ol äriniň güli owwal — şerigat ol,
Miweleri datly lukma – tarykat ol,
Kim gullaryň guly bolsa – hakykat ol,
Kap dagyny tükel ýuwtsa, düzlenmes ol.

Nyşanyny aýdyp geçdi aşyklary,
Isteýiban buldy ony sadyklary,
«Bulduk» diýip, aýtmadylar laýyklary,
Görenini gören ýerde sözlenmes ol.

Söz daşynda bolsa, içde maza bolmas,
Içi gury bolsa sözde maza bolmas,

Niçeleri arzuw kylyp, bähre almas,
Da:wyga magny alyp, ýüzlenmes ol.

Kamug agza suratyndan geçmeginçä,
«Mutu kable, ente mutu»[1] bolmagynça,
Zahyrynda daş gözüni ýummagynça,
Batynynda içki gözi görgenmes ol.

Emgeksizin ýetmekligi ermes asan,
Niçik çiňrär, bişmeginçä ham-u-hamdan,
Bolmagynça bu ýollarda muňlug-haýran,
Gury odun köýmeginçä, gürlenmes ol.

Gatyglanyp, eý, Gul Ahmet, köý sen imdi,
Iç-u-daşyň ham galmasyn, biş sen imdi,
Dostlaryňa bu syr sözün diý sen imdi,
Ýok ererse magrypetiň, düzlenmes ol.

**ꕤ 154 ꕤ**

Dem bu demdir, özge demni dem diýme,
Dünýäden bigam gider sen gam iýme.

Köýmese jan-u-diliň hem istihan,
Gözýaşyň akgan birle sen nem diýme.

Hah gülse, hah ýyglasa aşyk idi,
Çehreýi-surhun görüp, bigam diýme.

---

[1] «Mutu kable, ente mutu» - «Ölmeziňizden öň ölüň». Gurhandan bir aýat..

Asly-nesliň katraýy aby-meni,
Hasny görseň, sen özüňden kem diýme.

Adamyda zerre magny bolmasa,
Sen ony adam görüp, adam diýme.

Duýmasa syr magnydan adam imes,
Sen any surat görüp, mährem diýme.

Ýüreginde bolmasa ýüz dagy-dert,
Zynhar gaçgyl, sen ony hemdem diýme.

Degse peýkamy-abdar hanjary,
Jan bererde, janyňa melhem diýme.

Dostlar, diwana ermiş her kişi,
Yzzu-jahdan geçmese adam diýme.

Misli derýa ýüzünde ýörgen hasy,
«Haýu-hüw» diýgeni birle, adem diýme.

Ahmed-a, tutgul ganymat her nepes,
Ýarsyz ötgen bu demiňni, dem diýme.

**155**

Muhabbetsiz halaýykdan her kim gaçsa,
Aryplaryň söhbetinde jöwlan kylar.
Örtäp, köýüp şowky birle ýaşyn saçsa,
Suhan Eýäm arş üstünde myhman kylar.

Bendäm diýer köýenleri söýüp Alla,
Hak görsetgeý didaryny walla, billä,
Kaýda barsa tesbihleri şeýililla,
Herne tapsa Hak ýolunda yhsan kylar.

Zäkir bolup, zikrin etse gelgeý nida,
Şeýtan lagyn ýetmiş parsaň bolgaý jyda,
Derdi bolsa, Hak derdine bergeý dowa,
Ondag gulny özi yzlap, janan kylar.

Tün säherler Hak oýadyp gan ýygladar,
Bidar kylyp, öz yşkyna bil bagladar,
Dowasy ýok derdin berip, zar eňreder,
Munda ýyglap, onda barsa soltan kylar.

Haka aşyk bolan gullar daýym bidar,
Ryzwan imes maksatlary ýalňyz didar,
Ähiliýal, hany-mandan bolgaý bizar,
Ysmaýyl dek eziz janyn gurban kylar.

Şyh men diýip, baş göteren Haka rakyp,
Menlik kylyp, Suhanyna bolmas habyp,
Bidar ýörüp, dertsizlere bolup tebip,
Bu dünýäni möminlere zyndan kylar.

Eý, möminler, tagat kylyp ýatalmaňlar,
Amanatdyr, eziz janga yşanmaňlar,
Haram-harys ýygan malga guwanmaňlar,
Mallaryňny Haryş atly ýylan kylar.

Bu dünýäde bina goýgan Karun kany,
Dawa kylan Pyrgaun birle Heman kany,

Wamyk-Uzra, Perhat-Şirin, Mejnun kany,
Gahr eýlese, bir lahzada ýegsan kylar.

Hiç bildiňmi, adam ölmeý galganyny,
Bu dünýäniň wepasyny bilgenini,
Dünýä-talap buýy-Huda alganyny,
Alla diýseň, göz ýaşyňny baran kylar.

Yşk derdine dowa soran häzir telbe,
Zahyrda ýok, batyn içre kylar jilwe,
Magzy-seriň, bagryň içre kylar galwe,
Yşk derdine dowa kylsa, Rahman kylar.

Kimni görseň, bu ýollarda ýalgan aşyk,
Zahyr sopy, batynlary ermes sadyk,
Onuň üçin magşugyna bolmas laýyk,
Ýalgançyny ruzy-magşar sersaň kylar.

Ten sözlemes, jan sözlemes, iman sözlär,
Jandan geçen çyn aşyklar Haky gözlär,
Aryplara hyzmat kylan, ýolun yzlar,
Ol aşygy halaýyga soltan kylar.

Aşyk bolsaň, gije-gündiz yşk istegil,
Tagat kylyp, tünler gopup, hiç ýatmagyl,
Akyl erseň nadanlara syr aýtmagyl,
Çyn derwüşler tagatlaryn pynhan kylar.

Derwüş bolsaň, tagat kylgyl, kylma ryýa,
Her güwşede tagat kylsaň Taňrym güwä,
Ýalgan aşyk kaýda barsa, zowky dawa,
Adyl patşa tagatlaryn pynhan kylar.

Waý, oşondag derwüşlerden, pena bergil,
Ol nadanga ülpet kylmaý, janym algyl,
Eý-a mahbup, toba kyldym, ýola salgyl,
Tobalynyň Hojam jaýyn bossan kylar.

Derwüş men diýp, tagat kylar halk içinde,
Ryýa kylyp, ýügrüp ýörer onda-munda,
Alla üçin tagat kylan derwüş kanda,
Çyn derwüşler dag-u-çölni mekan kylar.

Aşyk bolsaň yşk ýolunda pena bolgul,
Didar yzlap, hasratynda eda bolgul,
Merhem bolup, çyn dertlige dowa bolgul,
Hulky-hoşny jan alarda asan kylar.

Aşyklary Haka bakyp nagra dartar,
Muhabbetiň derýasyna çümüp batar,
Göwher alyp, magşugyna zaryn aýtar,
Katra ýaşy ýere damsa, umman kylar.

Aşyklara berdi yşkyn, köýdürgeli,
Zuleýha dek kaddyn duta kyldyrgaly,
Ryýazatda reňgi-roýun soldurgaly,
Çyn aşygyň reňgi-roýun saman kylar.

Aşyklary Hak gahrydan gorkup, titrär,
Ýeru-gökde melaýyklar ýyglap turar,
Gähi gyzyl, gähi saryg bolup ýörer,
Nala kylyp, ýeru-gökni lerzan kylar.

Aşyklaryň has magşugy säher hyzlar,
Nida kylgaý, «Ýa abdy!» diýip, batyn gözlär,

Yşk şitdeti tugýan kylsa, derdi zarlar,
«Kaýda sen» diýp, ýürek-bagryn bürýan kylar.

«Kaýda sen» diýp, «kaýdasyň» diýp, aşyk aýdar,
Aşyklarda het ne bolgaý, magşuk aýdar,
Agzy aýtmas, tili aýtmas, dili aýdar,
Üç ýüz altmyş damarlary lerzan kylar.

Aşyklaryň kyýamat gün halyn sorgaý,
Çyn aşygyň göwsün ýaryp, dagyn görgeý,
Päk agzydan köfgi akyp, ýügrüp ýörgeý,
Kime berse, päk yşkyny haýran kylar.

Aşyklaryň talaplary jam-u-şerap,
Magşugyna ýetmek üçin bagry kebap,
Ruhlaryň gazasydyr çeň-u-rubap,
Ahy çyksa, ýedi yklym weýran kylar.

Gudrat birle herne kylsa erklik özi,
Gudratyndan mälim turar gyş-u-ýazy,
Eý naýynsap, Alla birle kylma bazy,
Kahhar Eýäm janlylary bijan kylar.

Ýyglamakny her adamga bergen kany,
Ýyglamaklyk asan imes, bagyr gany,
Gözýaşyňny ryýa kylma, Hakny tany,
Hak Tagala söýgenlerni giryan kylar.

Gul Hoja Ahmet, bende men diýp, urmagyl lap,
Ryýa birle kylan tagat, barça güzap,
Şerigatda, tarykatda käriň hylap,
Ahyretde kezzaplary urýan kylar.

## ꕤ 156 ꕤ

Muhabbetniň bossanynda hezar dessan,
Bilbilleri saýrar onda, efgan kylar.
Magrypetniň meýdanynda jöwlan kylan,
Gije-gündiz gözýaşyny umman kylar.

Ol bilbilniň owazyny eşitgenler,
Tekepbirniň dagyn kesip, uşatganlar,
Bu dünýäniň mazasyny unutganlar,
Perýat urup, ýyglap gözün girýan kylar.

Aşyk gullar bu dünýäni göze almas,
Dünýä yşkyn zahyt gullar dile almas,
Gije-gündiz mest-u-haýran, özge olmas,
Didar diläp, göwsün deşip, nalan kylar.

Wadaryga, geçdi ömrüm, duýmaý galdym,
Rahylasyz ýola girip, haryp galdym,
Hümmet guryn bile mäkäm çalyp aldym,
Özi söýen aşyklaryn sersaň kylar.

Eý-a aşyk, gije-gündiz dynmaý ýygla,
Köýüp-bişip, ýürek-bagryň ezip, dagla,
Ajal ýetse merdanawar biliň bagla,
Mundag aşyk barsa onda myhman kylar.

Şyhy Mansur öz başyny darda gördi,
Pertöw saldy, Hak didaryn onda gördi,
Bihut bolup, özün bilmeý efgan kyldy,
«Wa-şowka!» diýp, özün bilmeý jöwlan kylar.

Şyhy Şibli aşyk bolup, bilmeý ötdi,
Şyh Baýezit, ýetmiş ýola özün satdy,

Bu dünýäniň yzzatlaryn taşlap atdy,
Ötgen işe nedamat diýp, efgan kylar.

Ondag ärler söhbetini tapgan kişi,
Mest-u-haýran bolup ýörer, ýaz-u-gyşy,
Säherlerde çar-zarp urmak onuň işi,
Zahyr halda batynlaryn pynhan kylar.

Mundag bolmaý, Hak waslyna ýetip bolmas,
Ryswa bolmaý, syrdan many alyp bolmas,
«Hüw» zikrini edip, daýym tilden goýmas,
Wehmi birle dillerini lerzan kylar.

Gul Hoja Ahmet, bu hikmeti kimge aýdyň?
Aryp men diýip, halaýyga okap, ýaýdyň,
Täsir kylmas alymlarga aýdan pendiň,
Aryp oldur, ten mülküni weýran kylar.

**157**

Tejelliniň makamydyr ajap makam,
Ol makamda aşyk gullar jöwlan kylar.
Kaý köňüle tejellisi pertöw salsa,
Bihut bolup, özün bilmeý efgan kylar.

Ol makamyň ýollarynyň rehzeni bar,
Kylawuzsyz her kim girse ýoldan azar,
Was-was eýläp, şeýtan lagyn dinin bozar,
Öz ýoluna salyp ony haýran kylar.

Ol makamy bildirgeli rahber gerek,
Tarykatyň, pişesinde sapdar gerek,

Işbu ýolny zabt eýlegen serwer gerek,
Ondag mürşit uçmah mülkün taýran kylar.

Ol makamga ýetgen aşyk şerap içer,
Hany-manyn berbat berip, jandan geçer,
Şowk ganatyn hezret taba tutup uçar,
Arşy-kürsi, lowhy-galam taýran kylar.

Didar tiläp, terk eýleseň masuwany,
Ölmes burun wujudyňny eýle pany,
We:enharyn min asalyn musaffany,
Uçmah içre has guluna yhsan kylar.

Ol makamyň towhyt atly daragty bar,
Saýasynda aşyklary Byrak suwar,
Her bir şa:hy müň ýylçalyk ýolny tutar,
Her haýsysy öz-özüge unwan kylar.

Ol daragtyň miwesinden datgan gullar,
Dünýäsini ahyretge satgan gullar,
Gör içinde, asaýyşda ýatgan gullar,
Säherlerde göz ýaşyny umman kylar.

Hümmet gurun, Gul Hoja Ahmet, bilge bagla,
Muhabbetiň ody birle ýürek dagla,
Ýakaň tutup, daň atynça dynmaý ýygla,
Şaýet, saňa rehm eýläban janan kylar.

**158**

Işbu syrny hiç bilmegen jahyl kişi,
Derwüşleriň gadyryny haçan biler?!

Dil ujundan «ymmat men» diýp, dagwa kylar,
Mustapanyň gadyryny haçan biler?!

Tarykatyň lezzetinden datgan kişi,
Dünýäsini din ýolunda satgan kişi,
Gije-gündiz gözde ýaşyn saçgan kişi,
Bu dünýäniň gadyryny haçan biler?!

Gije-gündiz tagat kylsa oşol aşyk,
Bu dünýäde Alla üçin dartyp harlyk,[1]
Derwüşlerni gybat kylan, ol mynapyk,
Magrypetiň gadyryny haçan biler?!

Dünýä malyn ýygyp ýolun ýitirgenler,
Essiz ömrün küpr içinde geçirgenler,
Ýol azaşyp, beýebanda ýörügenler,
Muhabbetiň gadyryny haçan biler?!

Köp kişiler dawa kylyp, nebs göz edip,
Iýip-içip, haýwan kibi tünler ýatyp,
Ruza, tutup, zekat bermes hem uýatyp,
Hak Tagalaň gadyryny haçan biler?!

«Külli muttaky aly men»[2] diýp, aýdy Resul,
Eý Gul Ahmet, bu hadysny kylgyl kabul,
Süýri halky mähnet kylyp, boldy melul,
Jahyl halky pir gadryny haçan biler?

---

[1] Munuň: «Bu dünýäde günäleriň bolar paryk» diýen görnüşi-de bar.
[2] «Külli muttaky aly men» - «Her berhizkär, takwa adam meniň maşgalamdyr, neslimdir». Pygamber hadysy.

**꧁ 159 ꧂**

Toba kylyp, Haka ýan:gan aşyklarga,
Uçmah içre dört arykda şerbeti bar.
Toba kylmaý, Haka ýa:nmas gapyllarga,
Dar lahatda gatyg azap, hesreti bar.

Uçmah mülkün uman gullar toba kylsyn,
Toba kylyp, hezretige ýawuk bolsun,
Hüýr-u-kusur, gulman, wyldan hadym bolsun,
Elwan-elwan geýer teşrip hylgaty bar.

Toba kylan aşyklarga nury erer,
Tüni, güni saýym tursa, köňli ýa:rar,
Haçan ölüp görge girse, göri giňär,
Ogan, Izim, Rahym, Rahman rehmeti bar.

Tobasyzlar bu dünýäden geçmes biler,
Ölüp barsa, gör azabyn görmes biler,
Kyýamat gün daň arasat atmas biler,
Heýhat-heýhat, nowha-perýat günleri bar.

Namaz, ruza, toba üzre barganlara,
Hak ýoluna girip gadam goýganlara,
Işbu toba birle onda barganlara,
Ýarlykanmyş gullar birle söhbeti bar.

Namaz bilen ruza dowzah odun alar,
Älem halky söýnüp ony Hakdan tilär,
Kyýamat gün görüp ony olar taňlar,
Ne gul ermiş, bu sagadat nusraty bar.

Ol aryglar kimge turar, bilgil ony,
Toba kylgan aşyklarga içrer ony,

Tobasyzlar ol arygdan içmes weli,
Oňa içrer, zäher-zakgum şerbeti bar.

Kyýamatyň bir güni elli müňçe bolar,
Bu dünýäniň sanyça bil, niçe bolar,
Kyýamat gün, ýetmiş müň ýyl otda galar,
Toba kylan gullar köýmes möhleti bar.

Her kim Hakyň guly bolsa, Haka ýa:nsyn,
Haka ýa:nmas, özi diýgen sary barsyn,
Gul Hoja Ahmet niçik munda orun alsyn,
Gije-gündiz gorkadurur, haýbaty bar.

**160**

Hikmet birle ol adamdan bar eýledi,
On sekiz müň kamug älem haýran erer.
«Kalu, bela!» diýen gullar ülüş aldy,
Sukut etgen gullar dini weýran erer.

Haktagala iman ata kyldy bizge,
Ol Mustapa Hak Resuly aýdy bizge,
Durud aýtsaň, kuwwat berer dinimizge,
Ýok ererse, kylganlarym ýalgan erer.

Owwal «Elestu bi rebbiküm»[1] diýdi, Huda,
«Kalu, bela!»[2] diýban ruhlar kyldy seda,
Ýyglap geldik işigiňe, jümle geda,
Lutf eýleseň, ýüz-müň asy handan erer.

---

[1] «Elestu bi rabbiküm» - «Men Siziň terbiýeçiňiz, hojaýynyňyz dälmi?». Gurhandan bir aýat.
[2] «Kalu bela» - «Olar howwa diýdiler» Gurhandan bir aýat.

Toba kylsam geçirmikän Kadyr Iläh,
Ýok ererse, nätgüm onda men rusyýah,
Taňla barsam el-u-aýak barça güwäh,
Hak gaşynda barça işler asan erer.

Ýyglamaýmu ötdi ömrüm, eý-a şahym,
Gabsap geldi garaňkylyk, çykgyl mahym,
Senden özge ýok penahym, tekýegähim,
Gije-gündiz dilegenim iman erer.

Ymmat üçin Resul daýym gaýgy iýdi,
Tiläp ymmat günäsini, Hakdan aldy,
Gije-gündiz gaýym durdy, Taňrym bildi,
Tilde ymmat men diýr, dilde ýalan erer.

Ymmat bolsaň Mustapaga peýrew bolgul,
Aýtganlaryn jan-u-dilden sen hem kylgyl,
Gije gaýym, gündizleri saýym bolgul,
Çyn ymmatyň reňgi misli saman erer.

Sünnetlerin mäkäm tutup, ymmat bolgul,
Gije-gündiz durud aýdyp, ülpet bolgul,
Nebsni depip, mähnet ýetse, rahat bilgil,
Ondag aşyk iki gözi girýan erer.

Gul Hoja Ahmet, nebsden mydam sowa bolgul,
Köýüp, bişip, derdi birle eda bolgul,
Gije-gündiz dynmaý ýyglap, geda bolgul,
Derdin tartsaň, Hojaň senden ryza erer.

### ꧁ 161 ꧂

Behişt dowzah dalaşar, dalaşmakda beýan bar,[1]
Dowzah aýdar: «Men artyk, mende Pyrgaun, Heman bar».

Behişt aýdar: «Ne diýr sen, sözni bilmeý aýdarsen,
Sende Pyrgaun bolsa, mende Ýusup Kengan bar».

Dowzah aýdar: «Men artyk, bahyl gullar mende bar,
Bahyllaryň boýnunda otlug zynjyr, kişan bar».

Behişt aýdar: «Men artyk, Pygamberler mende bar,
Pygamberler alnynda köwser, hüýr-u-gulman bar.

Dowzah aýdar: «Men artyk, tersa, jöhüt mende bar,
Jöhit, tersa alnynda, dürli azap-suzan bar».

Behişt aýdar: «Men artyk, mömin gullar mende bar,
Mömünleriň alnynda, dürli nygmat-elwan bar».

Dowzah aýdar: «Men artyk, zalym gullar mende bar,
Zalymlara bererge, zäher-zakgum, çendan bar».

Behişt aýdar: «Men artyk, alym gullar mende bar,
Alymlaryň köňlünde, aýat-hadys, Gurhan bar».

Dowzah aýdar: «Men artyk, mynapyklar mende bar,
Mynapyklar boýnunda, otdan katran, kişan bar».

Behişt aýdar: «Men artyk, zäkir gullar mende bar,
Zäkirleriň köňlünde, zikri Iläh, Suhan bar».

---

[1] Bu hikmet käbir golýazmalarda Gul Süleýmanyň ady bilenem gabat gelýär.

Dowzah aýdar: «Men artyk, binamazlar mende bar,
Binamazlar boýnunda, ýylan bile içýan bar».

Behişt aýdar: «Men artyk, didar görmek mende bar,
Didaryny görseterge, Rahym atly Rahman bar».

Dowzah onda dek durdy, behişt uzruny aýdy,
Gul Hoja Ahmet ne bildi, bildirgüji Ýezdan bar.

**ஜ 162 ஜ**

Bişek biliň, bu dünýä, barça halkdan öter-ä,
Ynanmagyl malyňa, bir gün goldan gider-ä.

Ata-ene, garyndaş, kaýan gitdi, pikir kyl,
Dört aýakly çubyn at, bir gün saňa ýeter-ä.

Dünýä üçin gam iýme, Hakdan özgäni diýme,
Kişi malyny iýme, syrat üzre tutar-a.

Ähiliýal, garyndaş, hiç kim bolmaýdyr ýoldaş,
Merdana bol, garyp baş, ömrüň ýel dek öter-ä.

Gul Hoja Ahmet, tagat kyl, ömrüň bilmen niçe ýyl,
Aklyň bilseň ab-u gil, ýene gile gider-ä.

**ஜ 163 ஜ**

Säher wagtda gopup, ýyglap, nala eýle,
Nalyşyňdan ýer-u-gökler nowa kylsyn,
Haka sygnyp, gözýaşyňny jala eýle,
Ondan soňra Hak derdiňe dowa kylsyn.

Çyn dertlini Alla söýüp, «bendäm» diýdi,
Üç ýüz altmyş, bakyp onuň gamyn iýdi,
Melaýyklar başyn alyp töhfe kyldy,
Gan ýyglagyl, başyň alyp, güwä kylsyn.

Ýüz-müň günä sadyr boldy, bilelmediň,
Dergähine toba kylyp, gelelmediň,
Säher turup, faýz-u-futuh alalmadyň,
Gan ýyglagyl, ýaşyň akyp, güwä kylsyn.[1]

Bu älemde ryswa bolup gan ýuwtmasaň,
Şerigatda, tarykatda pir tutmasaň,
Hakykatda jany-tenden päk ötmeseň,
Gaflatlardan seni ne diýp, sowa kylsyn?

Erenleriň kylganlaryn kylalmasaň,
Pirsiz bolup, wirdi-öwrat bilelmeseň,
Istiganat tiläp, doga alalmasaň,
Has buzruklar seni ne diýp, doga kylsyn.

Damy-tezwir kylyp, halky ýoldan sowduň,
Şyhlyk kylyp, ryýa birle dükan gurduň,
Eşret kylyp, şeýtan birle döwran sürdüň,
Didaryna seni ne diýp, rowa kylsyn.

Lutfy-kerem Hak ýaratdy bizler üçin,
Jani-dilden gulluk kylmaý, sizler zenun,
Alla üçin bagş eýlär men telkin-sehin,
Näpäklere lutfun ne diýp, ata: kylsyn.

---

[1] Bu setir käbir golýazmalarda: «Hyzmat kylyp ýagşy doga alalmadyň,
Ýazyklaryň seni ne diýp, jyda kylsyn» görnüşinde gelýär.

Gije ýatmaý, haby-gaflat haram kylsa,
Zäkir bolup, zikirlerin tamam kylsa,
Müň bir adyn tesbyh kylyp, kelam kylsa,
Dergähine bende ne diýp, hata kylsyn.

Emri-magrup, nehi-münkir bilip kylsa,
Ýatsa-gopsa, Hudaýyny häzir görse,
Tä ölünçä, hojasyna mutyg bolsa,
Kuwwat berer, ony ne diýp, duta kylsyn.

Binamazyň tagatyna bermes kuwwat,
Pygly-zagyp, özi maýyp, bermes hümmet,
Ryzky kasyr, özi näjyns, görmes azat,
Ol pasygyň dilin ne diýp, sapa kylsyn.

Haýp adam, öz gadryny özi bilmes,
Menlik kylyp, ýagşylarny göze almas,
Erenleriň söhbetine gaçyp gelmes,
Ol biwepa Haka ne diýp, wepa kylsyn.

Adam oldur, pakyr bolup ýolda ýatsa,
Toprak sypat, älem ony basyp ötse,
Ýusup sypat byradary gul diýp, satsa,
Gulnuň guly, ol gul ne diýp howa kylsyn.

Şowky-zowky muhabbetden paýan kylgyl,
Aşyklara yşk odundan beýan kylgyl,
Harlyk-zarlyk jepalardan nyşan kylgyl,
Çyn aşyklar otdan ne diýp, eba kylsyn.

Haka sygnyp otga girdi Halylulla,
Oşol otny bossan kyldy, bakyp Alla,

Boýun sunup, ýyglap aýdy, şyhulalla,
Pakyr, misgin otda ne diýp, howa kylsyn.

Hakyň aşyk sadyklary ýörer hylwat,
Taňla barsa Hak gaşynda görer yzzat,
Jennet girip, didar görüp, aýşy-rahat,
Pynhan ýörer, halkdan ne diýp, haýa kylsyn.

Gul Hoja Ahmet, derdi halat peýda kylgyl,
Jany-diliň Hak ýolunda şeýda kylgyl,
Derdin dartyp, ruzy-magşar gowga kylgyl,
Dert bolmasa, Möwlam kimge dowa kylsyn.

**꧁ 164 ꧂**

Suhan Izim muhabbetin kyldy engam,
Aşyk bolsam, päk yşkynda köýmäýinmu?!
Özden başga talaplaryn kyldym haram,
Bende bolsam, ýalňyz özün söýmäýinmu?!

Kaýu bendän söýse ony patyşa kylar,
On sekiz müň älem içre inşa kylar,
Halaýyklar, täji-serin inşa kylar,
Bu söz eşdip, oňa janym bermäýinmu?!

Haktagala aşyklara berdi hylgat,
Jan bererde ýagyp ötgeý ebri-rehmet,
Aşyklaryň her muýynda müň häsiýet,
Mähnet dartyp, häsiýetler görmäýinmu?!

Alla aýdy: «Rehmetimden yşk ýaratdym,
Onuň üçin aşyklarny köp ýyglatdym,

Derdi-bela, jepalara bil baglatdym»,
Bilim baglap, yşk ýolunda ölmäýinmu?!

Aşyklara wada kyldy didaryny,
Özi bilgeý didar üçin bimaryny,
Tünler gatyp, köp ýyglagan bidaryny,
Bidar bolup, Haka gulluk kylmaýynmu?!

Dünýä talap haryslarny bendäm diýmes,
Ruzy-magşar ýoldan azsa, ýola salmas,
Suwsap, çyňsap, dat eýlese golun almas,
Dünýä goýup, ahyretin söýmäýinmu?!

Hojam aýdy, çyn bendäme bergeý ülüş,
Şerti oldur: «Meniň sary kylsaň ýörüş,
Nebsden geçip, şeýtan birle kylsa uruş»,
Nebsden geçip, ryýazatlar kylmaýynmu?!

«Rehmetimden umyt etseň, säher gopgul,
Gije ýatmaý, gündiz ýyglap, Haky tapgyl,
Ondan soňra aryg bolup, nebsi depgil»,
Nebsim depip, Haka ýawuk bolmaýynmu?![1]

Syrat geçmeý bende bolsaň kah-kah gülme,
Jennet içre jöwlan kylmaý horram bolma,
Didar görmeý ýyglamakny hergiz goýma,
Munda ýyglap, ahyretde gülmäýinmu?!

Essiz ömrüm Haka ýanmaý, niçe gitdi,
Muhabbetiň jamyn içmeý, wagtym ýetdi,

[1] Şu bendiň: «Rehmetimden umyt etseň säher turgul,
Ýahýa sypat daýym dynmaý ýyglap ýörgül,
Hakdan gorkup her gün ýüz müň matam gurgul,
Jandan geçip, yşk ýolunda ölmäýinmu?!» diýen görnüşi-de bar.

Kimge aýdyp, kimge ýyglaý, başym gatdy,
Nedamatda gisu-sakal ýolmaýynmu?!

Asy-japy guluň içre men günäkär,
Günähimni afu eýleseň, eý-a, Gaffar,
Rehmet birle aýbym ýapsaň, özüň Setdar,
Umyt tutup, dergähiňe gelmäýinmu?!

Haktagala rehmet birle maňa bakdy,
Rehmet suwy gözlerimden dynmaý akdy,
Aşyklara yşk çakmagyn dynmaý çakdy,
Yşkyn okap, halaýyga aýmaýynmu?!

Guluň içre adat kylaý, kylsaň kabul,
Ýokluk içre eda bolaý, misli Resul,
Bu älemde hiç kim ýokdur, men dek melul,
Garyp bolup, astanyňda ölmäýinmu?!

Hak Tagala enaýaty bolsa maňa,
Gije-gündiz üç ýüz altmyş bakam oňa,
Gerdeniňniň rägsleriden ýakyn saňa,
Yhlas kylyp, Haka köňül bermäýinmu?!

Lutfy-kerem yhsan kyldy, bilelmedim,
Şäkir bolup, onuň şükrün kylalmadym,
Perwana dek müň tasaddyk bolalmadym,
Ahgär bolup, perwana dek köýmäýinmu?![1]

Tün säherler bidar kyldym, ýyglasyn diýp,
Ýaşyn döküp, yşka bilin baglasyn diýp,

[1] Bu bendiň: «Lutfy-kerem kyldy maňa bilelmedim,
Hanjar alyp, ýürek-bagrym dilelmedim,
Janym berip, yşk ýolunda ölelmedim,
Yşk ýolunda eziz janym bermäýinmu?!» diýen nusgasy hem bar.

Örtäp, köýüp ýürek-bagryn daglasyn diýp,
Dagyn alyp, Hak gaşyga barmaýynmu?!

Wahdaniýet derýasyndan göwher berdi,
Izim özi hady bolup, ýola saldy,
Dowzah içre galmasyn diýp, golum aldy,
Jan-u-dilim ondag Haka bermäýinmu?!

Janan aýdy: «Janny berdim, tagat kyl diýp,
Meni yzlap, ýyglamakny adat kyl diýp,
Ýüz-müň bela başa salsam takat kyl diýp»,
Belasyna sabyr bolup, ýörmäýinmu?!

Hak Tagala salam aýdy köýgenlere,
Janyn-jana peýwent kylyp ýörgenlere,
Ganlar döküp, gözlerini oýganlara,
Hanjar alyp, gözlerimni oýmaýynmu?

Hak pertöwi kime düşse, dana bolar,
Magrypetni özden aýryp, göýä kylar,
Köňli ýa:ryp, batynlaryn bina kylar,
Dana bolup, halka nasyh bolmaýynmu?!

Salam aýdy dostlaryga Hak mähriban,
Taňla barsaň, yzzat kylyp, kylaý myhman,
Munda ýyglap, ahyretde kylaý handan,
Mähnet dartyp, didaryny görmäýinmu?!

Men depderi sany aýdym dertge derman,
Biribarym bendäm diýse, galmas arman,
Herne kylsa özi kylar, Hakdan perman,
Permanyna häzir bolup ýörmäýinmu?!

Haky tapan garyplary daýym hakyr,
Göge uçsa, howa kylmas, misgin, pakyr,
Gam leşgeri başa düşse reňgi zahyr,
Zahyr, batyn Haky yzlap köýmäýinmu?!

Leýli, Mejnun, Perhat men dek pürgam imes,
Gam dagynda Şirin maňa hemdem imes,
Älem bary duşman erer, mährem imes,
Halkdan geçip, oňa mährem bolmaýynmu?!

Gul Hoja Ahmet, bu älemden bigam ötdüň,
Hakdan gorkmaý, daň atynça bigam ýatdyň,
Dünýä diläp, ahyretni taşlap ötdüň,
Ahyretniň ýaragyny kylmaýynmu?!

**꧁ 165 ꧂**

«Fuzkurukum ilalla»[1] diýp aýat geldi,
Ýakam tutup, hezretige ýa:nmaýynmu?!
Gökden maňa sansyz Byrak geltirdiler,
«Mün» diýdiler, eý, ýaranlar, münmäýinmu?!

Geňeş birle ol Byraga mündürdiler,
Resmi-tagzym, towazyglar kyldyrdylar,
Erenlerniň mekanyga gondurdylar,
«Gon» diýdiler, eý, ýaranlar, gonmaýynmu?!

Sansyz çyrag gördüm onda haýran boldum,
Byhamdylla, geda erdim soltan boldum,
Rahmet derýa daşyberdi urýan oldum,
«Çüm» diýdiler, eý, ýaranlar, çümmäýinmu?!

---

[1] «Fuzkurukum ilalla» - «Allany ýatlaň!». Gurhandan bir aýat.

Ol derýaga çümdüm, ajap daşlary bar,
Ulug-ulug ezizlerniň başlary bar,
Başlar gördüm, gözlerinde ýaşlary bar,
«Senem ýaşyň dök!» diýdiler, dökmäýinmu?!

Ondan soňra bir makamga ýetgürdiler,
Nebsi-howa ikisini öldürdiler,
Ölüp erdim, gaýta başdan tüýkürdiler,
Tirik turup, öl diýdiler, ölmäýinmu?!

Ondan soňra Hak Resuly maňa bakdy,
Salam kyldym haýbat birle «aleýk» aldy,
Ýyglap turdum, rehmi gelip bagşaş berdi,
«Aýt» diýdiler, eý-a mömin, aýtmaýynmu?!

Gul Hoja Ahmet, bu dünýäden ötgen bolaý,
Penafilla makamyga ýetgen bolaý,
Magfyretniň derýasyga batgan bolaý,
«Bat» diýdiler, batganymça batmaýynmu?!

**166**

Bu dünýäde din bilmegen kapyrlary,
Huda bir gün gahar birle tutar ermiş.
Din ýoluny mäkäm tutan musulmanlar,
Ol Syratdan ýel dek ýüwrüp, öter ermiş.

«Kowlu billä» diýdiň bizge, Eýäm saldy,
Nagym diýgen bendelerňiz, kapyr boldy,
Mynapyklar pyssy-pujur işler kyldy,
Din bilmegen dowzah içre ýanar ermiş.

Şükür Alla Muhammetge ymmat kyldy,
Bendelere ýüz-müň elwan nygmat berdi,

Towpyk ata: kylyp, özni ýola saldy,
Ýola giren Köwser suwun içer ermiş.

Namaz okap, ruza tutup ýörgenlere,
Haýyr-yhsan, sahawatyn bergenlere,
Hak ýarlykap, behişt içre girgenlere,
Hüýri-gulman yzzat baryn eder ermiş.

Ajal gelse birdem goýmaz, alar janyň,
Ogul-gyzyň ýetim bolup, galar malyň,
Toprak bolar gara ýerde istihanyň,
Jan bermeklik hemmesinden beter ermiş.

Bu dünýäde garry ölüp, ýigit galmas,
Hemme öler, gara ýeriň garny doýmas,
A:kyl kişi bu dünýäde oýnap-gülmes,
Her kim görde bir hal birle ýatar ermiş.

Garyp Ahmet, diniňizniň şükrün kylyň,
Gapyl ýörmäň, bu ölümniň pikrin kylyň.
Säher turup bir Allanyň zikrin kylyň,
Zikr aýtmaklyk, köňül gözün açar ermiş.

**167**

Hudaýa, jan berer çagym, niçik bolgaý, meniň halym.
Eziz jan aýrylar çagda, niçik bolgaý, meniň halym.

Tenim tabytga salsalar, tabyt agzyny örtseler,
Onda halymny sorsalar, niçik bolgaý, meniň halym.

Halaýyk ýyglyp gelseler, iki egnimni salsalar,
Garaňky görge goýsalar, niçik bolgaý, meniň halym.

Ýuwaşjadan terki kylsa, Hudaýyň kim diýip dursa,
Agyr gürzi birle ursa, niçik bolgaý, meniň halym.

Arap tili birle sorsa, tilim güň dek bolup dursa,
Jogabyn bilmesem, ursa, niçik bolgaý, meniň halym.

Oşol demde meniň halym, ki hemrah etgil imanym,
Ulug kylgyl bu şişmalym, niçik bolgaý, meniň halym.

Daryg-a, ömrüm hem ötdi, ajal ýel dek kowup ýetdi,
Kany, bergil, diýu tutdy, niçik bolgaý, meniň halym.

Hoja Ahmet, bende ketsud, soň ýyglaganyňdan ne sut,
Bir äriň etegin bek tut, niçik bolgaý, meniň halym.

## MYNAJAT

Mynajat eýledi misgin Gul Ahmet,[1]
Ilähi kyl hemme bendäňge rehmet.

Garyp Ahmet sözi hergiz gurymas,
Eger ýer astyna düşse çürimes.

Ýene mensuh boluban hary bolmas,
Okygan bendeler bimary bolmas.

Okagana kylar men onda şefkat,
Kyýamat gününde kulgum şepagat.

Tirik bolsa jahanda zary bolmas,
Ölüp barsa, lahatda hary bolmas.

[1] Munuň: «Mynajat eýledi Gul Hoja Ahmet» diýip başlaýan görnüşi-de bar.

Eger her kim okasa bul mynajat,
Eşitgenni Hudawendim kylar şat.

Kyýamat gün Hudaýym kazy bolsa,
Oşol gün bendeden närazy bolsa.

Hudaýymdan tiläp, azat kylar men,
Halaýyklar arada şat kylar men.

Okagana kylar Hak özi rehmet,
Jahanda görmegeý bir zerre mähnet.

Hudaýym kylsa engam, maňa jennet,
Eşitgenge kylaý, men onda şepgat.

Tilegi herne bolsa, Taňry bergeý,
Muhabbet şowkuny köňlüne salgaý.

Jemalyn görseter Hak Biribarym,
Ki maksadyn berer, Perwerdigärim.

Hudaýym eýlesin magşarda horram,
Kyýamat gün aryg zatyna mährem.

Dogada ýary berse, her musulman,
Öler wagtda eltgeý nury-iman.

Meniň hikmetlerim älemge dolgan,
Eşitmeý her kim ölse, kylgaý arman.

Meniň hikmetlerimniň sany ýokdur,
Hemme talyp okar, imkany ýokdur.

Meniň hikmetlerim her derde daruw,
Çykarsa göwsünden her lahza «Ýa, hüw».

Meniň hikmetlerim aşygyň jany,
Gözüniň ýaşydyr, bagrynyň gany.

Meniň hikmetlerim burhany Suhan,
Eşitgen aşyk eýlär, ah bile pygan.

Meniň hikmetlerim älemde dessan,
Ruhum gelse kylar, söhbetni bossan.

Girip söhbet içinde olturar men,
Muhabbet şowky birle köýdürer men.

Meniň hikmetlermiň käni Hadysdyr,
Kişi boý etmese bilgil, hebesdir.

Meniň hikmetlerim derýaýy umman,
Ki katra damsa ol, eýlegeý haýran.

Meniň hikmetlerim talybyň ryzky,
Eger çendi ki bolsa, jürmi-pikri.

Meniň hikmetlerim permany Suhan,
Okap bilseň hemmä, magnyýy Gurhan.

Meniň hikmetlerim şowky pürhuzur,
Eşitgen bolmagaý dünýäde renjur.

Meniň hikmetlerim älemge soltan,
Kylar bir lahzada çölni gülüstan.

Meniň hikmetlerim şowky muhabbet,
Gözüniň ýaşyga kylgaý tehäret.

Namazynyň Resulalla ymamy,
Onuň kowmy melaýyklar tamamy.

Şikestelik birle kylgan namazy,
Kabul bolgaý, onuň Haka niýazy.

Meniň hikmetlerim aşykga aýdyň,
Dili a:ýyna dek, sadykga aýdyň.

Hemme kör-u-keri, batyny gezap,
Tamam yklymny gezdim, tapmadym sap.

Meniň hikmetlerim sarrafga aýdyň,
Hudaýym bakerem, Wahhapga aýdyň.

Adalat patyşasy, bir ady Sadyk,
Kylar bir lahzada, waslyga laýyk.

Meniň hikmetlerim nadan eşitmes,
Dili, köňli gara pendimni tutmas.

Hatadan bihabar, Allaga müňkür,
Edepsiz, biýedep, dünýäde bipir.

Kim ki hatyny bitse, nazym bitsin,
Ulgun nazym okap, maksatga ýetsin.[1]

---

[1] Munuň: «Hatyny bitse her kim nesr bitsin,
Weli, nesri bitip, maksatga ýetsin» diýen görnüşi-de bar.

Amal kylmaý bu sözge ýolda galgan,
Kyýamat ruzyda şermende bolgan.

Ki din-imany ýok, yslamy weýran,
Kyýamat gün bolar sersaň-u-haýran.

Piri-kämilni görmeý, şyhy Sengan,
Huda kylmas kabul, okasa Gurhan.

Nesihatlar kylar pir-u-juwany,
Özi pähm etmeýin ýagşy-ýamany.

Ynansyn diýp, bir nije biakyl,
Kylarlar öwlüýälerden muny nakl.

Goýup damyn güzergählerge bipir,
Tili mekr-u-hile, kylgany tezwir.

Onuň mekri erer, şeýtandan agla,
Gopar ýüzigara, magşarda taňla.

Olarnyň görmäňiz ýüzüni hergiz,
Onuň dek lagnetiden eýleýiň berhiz.

Zybany-hal ile, men magny aýdym,
Hakykat söz birle jahylny söktüm.

Eger alym bolsa, janym tasaddyk,
Dürri-göwher sözümni eşidip, ok.

Dürri-göwher sözün älemge saçsa,
Okap magnyýy-kelamy Hakny açsa.

Oşol alymga jan gurban kylar men,
Tamamy hany-man, yhsan kylar men.

Kany alym, kany amal ýaranlar,
Hudadan söz diýse, siz jan beriňler.

Çyn alym ýassygyn daşdan ýaratdy,
Näme okdy, ony älemge aýdy.

Özüni bildi erse, Hakny bildi,
Hudadan gorkdy-ýu ynsaba geldi.

Meniň hikmetlerim dana eşitsin,
Sözüm dessan kylyp, maksatga ýetsin.

Meniň hikmetlerim pyglyýu kably,
Dil-u-köňlünde bolsa, zikri Möwli.

Meniň hikmetlerim bir piri-kämil,
Kaýu bende Hudaga bolsa maýyl.

Meniň hikmetlerim huplarga aýdyň,
Doga tekbir kylyp, rehmetge batyň.

Meniň hikmetlerim piri zeberdest,
Eşitgenler bolar serhoşy-sermest.

Kyýamat gün oňa hady bolar men,
Eger näjur bolsa, daru bolar men.

Eger ýüz ýyl ömür görse garrymas,
Ölüp barsa lahat içre çürimes.

Huda kylgaý ony dowzahdan azat,
Behişti-jawydanda eýlegeý şat.

Gyzyl ýüzi onuň hergiz solukmas,
Ki şeýtan damyna hergiz ýolukmas.

Eger hikmet okasa, Eýýuhannas,
Erer perzendi maňa talyby-has.

Ýasawy hikmetin dana eşitsin,
Eşitgenler hemme maksatga ýetsin.

Jewahyr-käniden bir nukta alsyn,
Eşitmegen bary hasratda galsyn.

Kişi hikmet eşitse jany birle,
Barar ahyrete imany birle.

Gulaga almagaý bu sözni nadan,
Ony adam diýme, ol jynsy-haýwan.

Hudaýym sözüden çykgan bu hikmet,
Eşitgene ýagar barany-rahmet.

Meniň hikmetlerim kim tutsa mäkäm,
Huda kylmaý ony, elbetde bigam.

Girer jennet era ölse biarman,
Hudaýym eýlegeý ol demde perman.

Diýgeý eý, amylar, jennet giriňler,
Girip jennet era, eşret kylyňlar.

Meniň hikmetlerim Haknyň senasy,
Muhabbet ähliniň derde dowasy.

Meniň hikmetlerim engamy Alla,
Säher wagty ölse istygpar Alla.

Onuň şeýtan lagyn tutmas ýoluny,
Muhammet Mustapa algaý goluny.

Pygamber ymmatym diýp, mähri çawlar,
Azazylny Hudaýym özi kowlar.

Meniň hikmetlerim dertsizge aýtmaň,
Bibaha göwherim, nadanga satmaň.

Ýasawy hikmetniň gadryna ýetgil,
Humy-yşkdan meýni bir katra datgyl.

Humy-yşkdan kişi bir katra datgaý,
Hudanyň waslyga bir ýola batgaý.

Eşitse jan gulagy birle her ýar,
Hudaýym hem Resul bolgaý oňa ýar.

Meniň hikmetlerim her kim eşitse,
Okap, yhlas edip ýa hata bitse.

Dogaýy haýr eden dünýäýi dinde,
Ruhum bolgaý medetkär, barsa onda.

Huda rehmet kylyp, bolgaý oňa ýar,
Özünden özgäge hem kylmagaý zar.

Bu älemde meniň dört depderim bar,
Kişi har eýlese, bolgaý özi har.

Erer her depterim ýüz-müň hekaýat,
Okagan bendelerge paýzy-rehmet.

Erer ilkisi rahşy-şerigat,
Ikinjisi erer rahşy-tarykat.

Üçünjisi erer rahşy-hakykat,
Ýene dördünjisi derýaýy-rehmet.

Okap Gurhan, eger kylsa dogaýy,
We ýa elin açyp, kylsa senaýy.

Dogaýy haýr olup, kary hakyna,
Ki Möwlam algaý ony, rehmetine.

Kerem Hakdan erer, aýdym muny zar,
Eger afuw eýlese, Setdary, Gaffar.

Günähim wehminden köp natuwan men,
Gözi ýaşly, hemişe bagry gan men.

Ýakyn bolgaý Hudaga Hoja Ahmet,
Resul öwladydyr perzendi Ahmet.

Eger bolsa miýesser kimge hikmet,
Ony kylgaý Resul taňla şepagat.

Hak diýse, Ýasawy Ahmet bu sözni,
Hudanyň gahrydan gutarsa özni.

## GARYP AHMET SÖZI HERGIZ GURYMAS

*«...Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetler diwany parasatly pikirlere ýugrulan şygyrlardan ybarat. Ol goşgularyň her setirinde täze bir pikir bar. Hoja Ahmet Ýasawy biziň beýik şahsyýetimiz. Biz onuň adyny ebedileşdirmelidiris...»*

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy**

Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada: «Türkmen asyrlar boýy diliniň, sazynyň hem döwre guramasynyň arassalygyny, özboluşlylygyny saklamagy başarypdyr. Munuň aňyrsynda onuň milli buýsanjy-özüne göwni ýetmesi bar. Hut şonuň üçinem tas müň ýyl mundan ozal ýazylan eserleri-de arkaýyn okap oturmaly. Hoja Ahmet Ýasawynyň, Ýunus Emräniň, Nowaýynyň, Nesiminiň, Fizulynyň eserlerini ýa-da «Gorkut Ata» eposyny okanyňda türkmen ruhunyň baýlygy buýsandyrýar»[1] diýip ýazýar.

Türkmen ruhunyň buýsanjy, beýik seljuk türkmenleri zamanasynda, XI-XII asyr aralygynda ýaşap geçen, yslam dünýäsinde ägirt uly alym, Gündogaryň tasawwuf (sopuçylyk) äleminde «Ýasawyýa» tarykatyny (meslegini, ýoluny) esas-

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. -Aşgabat, 2001 ý., 175-nji sah.

landyran, «Medinede Muhammetden» soň «Türküstanda Hoja Ahmet» diýdiren weli, beýik türkmen piri Hoja Ahmet Ýasawynyň ady we eserleri öçmez-ýitmezdir. Meşhur pir, ussat şahyr Hoja Ahmet sözüň doly manysynda sada, düşnükli, arassa türkmen dilinde eser ýazan, orta asyrda meşhurlyga ýeten sopuçylyk ylmynyň hem edebiýatynyň kerwenbaşysydyr. Eziz Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň danalyk bilen belleýşi ýaly, onuň tas müň ýyl mundan ozal ýazylan hem bolsa arkaýyn okap oturmaly eserleri dili taýdan sada, düşnükli, arassa türkmen dilinde bolmak bilen milli äheňe eýlenen, çuňňur paýhasa eýedir

Hoja Ahmet Ýasawynyň ömür beýany Hoja Ýusup Hemedany, Şyh Nejmeddin Kubra, Hoja Bahaweddin Nagyşbendi ýaly görnükli pirleriňkä mahsuslykda heniz doly anyklanylman gelýär. Uly pirleriň, öwlüýäleriň durmuşyndan gürrüň berýän tezkirelerde bu türkmen welisiniň ömrüne dahylly maglumatlarda olaryň doglan senesiniň anyk bolmazlygy tötänlik däl. Çünki irki orta asyrlarda ýaşap geçen uly şahslar, alymlar, şahyrlar hakda ýazylan tezkirelerde olaryň doglan ýyly görkezilmändir-de köplenç olaryň diňe bir eden işleri, ylym-düşünjeleri, keramat-mugjyzalary hem-de aradan çykan wagtlary ýazylypdyr. Bu özünden soň yzynda 800 ýüz ýyllap dowam eden ägirt uly edebi mekdebi döredip, ýüzlerçe talyplary (sopy-şahyrlary) galdyran türkmen piri Hoja Ahmet Ýasawy babatda hem şeýledir. Ýöne geçmişine togaply türkmenler, hatda bütin türki-yslam älemi bu piriň ömri, durmuşy, eserleri bilen bagly köpsanly rowaýatlardyr hekaýatlary döredipdirler. Olarda bu şahsyň ömri we döredijiligi dürli-dürli röwüşde teswirlenýär. Bu bolsa dürdäne eserleri ýazyp galdyran şahyryň ömrüni anyk kesgitlemäge mümkinçilik bermeýän ýagdaýlaryň ilkinjisidir. Ikinji bir ýagdaý bolsa, baknalyk ýyllarynda milli gymmatlyklarmyza sözüň doly manysynda eýe çykmaga mümkinçilik

berilmänligi jähtden we şol döwrüň syýasaty netijesinde arassa türkmen dilinde, türkmen ruhunda eser döreden beýik aryf Hoja Ahmet Ýasawa «terkidünýä şahyr» tagmasynyň basylanlygy, hatda ony öwrenmegiň hem «zerurlygy ýok» hasap edilenligidir. Hudaýa ýüz-de-müň şükür, türkmen halkyna Garaşsyzlygy alyp beren Beýik Serdarymyzyň çuň paýhasy, deňsiztaýsyz sahawaty bilen beýleki milli mirasymyz bilen birlikde Ýasawynyň-da edebi mirasyna täzeden dolanyp gelindi. Bu barada parasatly Ýurtbaştutanymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň özi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde sözlän sözünde şeýle diýdi: «…Biz öz şahsyýetlerimiziň hyzmatlaryna mynasyp baha bermeli. Hoja Ahmet Ýasawyny, Hoja Ýusup Hemedanyny dindarlar özleriniň beýik şahsyýeti hasap edýärler. Esasan hem Türkiýedäki, Eýrandaky dindarlar olara yslam dinini ýaýradyjy hökmünde seredýärler. Sowet döwründe olary öwrenmek barada pikirem edilmedi. Biz indi olaryň ynsanlaryň kalbyny päkleýän, ruhuňa täsir edýän eserleriniň bardygyny aýdýarys. Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetler diwany parasatly pikirlere ýugrulan şygyrlardan ybarat. Ol goşgularyň her setirinde täze bir pikir bar. Hoja Ahmet Ýasawy biziň beýik şahsyýetimiz. Biz onuň adyny ebedileşdirmelidiris...»[1] Şeýle kesgitlemäni diňe bir kalbynda özüniň ata-baba geçmişine, uly-uly alymlaryna, beýik welileridir pirlerine çuň söýgüsi bolan, ýüreginde beýik Watançylyk duýgusy bolan adam aýdyp biler. Bu barada hut boljak-geljegi öňünden gören türkmeniň bu meşhur piri Hoja Ahmet:

---

[1] Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy: -Milletiň ruhy we taryhy galkynyşynyň bähbitleri ugrunda. Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde sözlän sözi (2003-nji ýylyň Nowruz aýynyň 13-i). «Türkmenistan» gazeti. 2003-nji ýylyň Nowruz aýynyň 31-i.

Kimni söýse, Alla ony patşa kylar,
On sekiz müň älem era inşa kylar

— diýen setirlerinde welilerçe aýdyp gidipdir. Dogrudan-da Mähriban Serdarymyz gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda sünnäläp döreden paýhas hakydasyna, edebi mirasymyza uly sarpa goýmak bilen ony türkmeniň şu gününe ygtybarly ynam, ertirine aýdyň ýol görkeziji hökmünde ýüze çykardy. Bu ýöne ýere däl. Çünki, medeni hem edebi miras türkmeniň geçmişi, barlygy hem dowamat dowamy. Bu bolsa öz gezeginde Garaşsyz türkmen döwletiniň öz geçmişine ýüzlenip, geljegine bil baglaýan berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar. Aslynda-da türkmen: «Göwher kül içinde ýatmaz» diýip ýöne ýere aýtmaýar. Müň ýyl mundan ozal ýaşap geçen beýik şahyr Hoja Ahmet Ýasawynyň özüniň welilik bilen:

Garyp Ahmet sözi hergiz gurymas,
Eger ýer astyna, düşse çüýrümes

— diýşi ýaly, onuň ady hem hudawy sözleri şunça ýyllap ýer astyna düşende-de çüýremän, ynsanlaryň köňlünde hem aňynda ýagşy orun tutup ýaşap geldi.

Bütin türki-yslam äleminiň şamçyragyna öwrülen dür monjuklaryndan düzülen göwher eserleri, ajaýyp hikmetleri döreden beýik pir, kämil şahyr Hoja Ahmet Ýasawy hakyndaky ygtybarly çeşmeler hasaplanylýan Abdyrahman Jamynyň «Nefahat-ul-üns», Alyşir Nowaýynyň «Nesaýym-ul-muhabbet», Faýyz Käşifiniň «Reşehat aýn-ul-haýýat», Fuad Köprülizadanyň «Türk edebiýatynda ilk mutasawwuflar» ýaly eserleri şahyryň ömür beýanyny, edebi mirasyny öwrenmekde olaryň ýazylan taryhynyň irki döwürlere golaýlygy jähtden örän ygtybarly gollanmalardyr.

Haýsy bir şahs bolsa bolsun, onuň ömrüniň beýanyny, ýaşaýyş-durmuş şertini, şol wagtyň ahwalyny, eserleriniň äh-

miýetini ýene onuň öz eserlerinden agtarmak, kähalatlarda garaşylmadyk netijeleri berýär.

Külli Türküstan welisi, türkmeniň beýik şahyry Hoja Ahmet Ýasawynyň doglan wagty, ýokarda aýdyşymyz ýaly, anyk bolmasa-da, onuň eserlerine esaslanyp, ýaşynyň ýüz ýigrimi bäşe ýetendigini bellemek bolar. Onuň 562-nji hijri ýylynda (milady hasaby boýunça 1166—1167-nji ýyllar) dünýäden gaýdandygyny görkezýän golýazmadyr daşbasma nusgalar bolsa näçe diýseň bar.

Häzirlikçe bizde bar bolan maglumatlara laýyklykda, Hoja Ahmet Ýasawynyň hijriniň V asyrynyň (miladyda XI—XII asyrlar) ortalarynda Seýramda, Şyh Ybraýymyň maşgalasynda doglandygy, onuň ýaşajyk çagaka ejeden we ýedi ýaşynda kakasyndan jyda düşendigini bilýäris. Şol maglumatlara laýyklykda Ybraýym şyh öz şägirtlerinden bolan Musa şyhyň gyzy Äşä öýlenýär we olardan ilki Göwheri Şanäz atly gyz, soňra hem Ahmet atly ogul dünýä inýär. Heniz ýaşajyk mahaly ýetim galan Ahmedi ilki Arslan Bap terbiýeleýär. Ýöne ol hem Ahmet Ýasawy heniz çagaka aradan çykýar. Soňra ony Arslan Babanyň ogly Mansur ata öz terbiýesine alýar.

Hoja Ahmet Ýasawynyň ata-babalarynyň nesil şejeresi Muhammet Hanafynyň neberelerine baryp ýetýär. Beýik pir Ahmet Ýasawynyň ata-babalarynyň şejeresine biz şahyryň Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň hazynasyndaky 487-nji belgili bukjada saklanýan diwanynyň golýazma nusgasynda gabat geldik. Onda Hoja Ahmediň nesil ýazgysy şeýle yzarlanýar:

«Şyhlaryň şyhy, Hezreti Soltan Hoja Ahmet Ýasawynyň nesebiniň beýany:

«Hezreti Resul aleýhyssalamyň kakasynyň dogany Abu Talyp we onuň ogly Aly-ul Murtaza we onuň ogly Ymammuhammet Hanafyýa, onuň ogly Abdylfettah we onuň ogly Abdyljepbar we onuň ogly Abdyrahman, onuň ogly Yshak we

onuň ogly Harun we onuň ogly Ýunus we onuň ogly Musa, onuň ogly Osman we onuň ogly Omar, onuň ogly Muftahyr we onuň ogly Mahmyt, onuň ogly Ybraýym we onuň ogly hezreti aryflaryň şyhy Hoja Ahmet Ýasawy durur»[1]. Görnüşi ýaly, beýik piriň nesil şejeresi uzaklara baryp ýetendir.

Türkmen topragyna mukaddes yslam dinini getiren milletiň dowamy ata türkmenleriniň Bozkeýikler tiresinden bolan Hoja Ahmet Ýasawynyň özünden soň sopuçylyk ylmyna dahylly uly edebi mekdebi galdyrandygyny bu gün onuň yzyna eýeren Gul Süleýman, Ahmet Ýunaky, Gul Gedaýy, Gul Şerif, Şemsi, Ikany tahallusly Kemal şyh, Hudaýberdi Hudaýdat ýaly ýüzlerçe oguz-sopy şahyrlarynyň eserleri tassyklaýar. Olaryň hikmetleri hem dürli beýazlarda Hoja Ahmet Ýasawynyň yzy bilen ýazylyp galdyrylypdyr.

Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynda Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetlerini özünde jemleýän gadymy hem ygtybarly golýazmalaryň, daşbasma we neşir nusgalarynyň ýüzden gowuragy bar. Olardan häzirlikçe iň bir kämil (irkiräk seneli) hasaplan nusgamyza 7093-nji belgili bukjada saklanýan golýazma degişlidir. Bu golýazmanyň 172-nji waragyndan tä golýazmanyň ahyryna çenli Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetleri ýerleşdirilipdir. Bu ýerde şahyra degişli ilkinji hikmet «Bismilla diýip, beýan eýleý hikmet aýdyp» diýen setirler bilen başlanýar. Golýazmanyň başynda Saýkalynyň diwany ýazylypdyr we onuň ahyry şeýle tamamlanýar:

Sagadat ahyry çün boldy Myrryh,
Bu kyssa taryhy hem boldy «taryh»,
Ýene bir taryhy bul, eý, mukerrem,
«Sene agýarydan» birin eýläp kem.

[1] Türkmenbaşy adyndaky TMGI. 487-nji bukja.

Hikmetden belli bolşuna görä, «Taryh» sözüni ebjet hasabyna öwürsek hem, «sene agýary» sözünden birini kemsek hem ol hijriniň 1211-nji ýylyna, miladydan hasap edeniňde bolsa, bu sene XVIII asyryň aýaklaryna gabat gelýär. Golýazma Gündogar önümi bolan kagyza ýazylypdyr. Munda gabat gelýän hikmetleriň käbiri häzirki güne çenli biziň özümizde we beýleki doganlyk halklaryň, Türkiýäniň, Özbegistanyň, Gazagystanyň neşirlerinde duş gelmeýär. Bu golýazmadaky Hoja Ahmet Ýasawa degişli hikmetler 236-njy warakda tamamlansa-da golýazmanyň 239-njy waragyndan ýene «Bissimilla» bilen onuň täze hikmetleri başlanýar. Şu ýerde bir zady bellemelidiris. Çünki biz golýazmalary öwrenýän mahalymyz şahyryň hikmetleriniň iki redaksiýada (iki topar ýygyndyda) ýazylyp göçürilendigine göz ýetirdik. Sebäbi golýazmanyň köpüsi ýokarda getirilen hikmet bilen başlansa, käbirleri Hoja Ahmet Ýasawynyň:

«Mynajat eýledi misgin Gul Ahmet
Ilähi kyl hemme bendäňe rahmet»

—diýip başlanýan meşhur «Mynajaty» bilen başlanýar. Bu ýagdaý Hoja Ahmet Ýasawa degişli hikmetler diwanynynyň iki toplumynyň bolandygyny görkezýär. Muny Hoja Ahmet Ýasawynyň özi hem nygtaýar, ýagny ol öz «mynajatynda» şeýle diýýär:

Men depderi sany aýtdym sizge ýadygär,
Erwahymdan medet diläp, okyň zynhar.

Ýa-da:

... Men depderi sany sözün açdym men-ä.

Ýokarda hem aýdyp geçişimiz ýaly, Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň «seýrek duş gelýän golýazmalar» bölüminde saklanýan 487-nji belgili golýazmanyň 123-nji waragyndan 132-nji waragyna çenli aralykda Hoja Ahmet Ýasawynyň nebere ýazgysy, şejeresi bilen birlikde piriň keramatyna we durmuşyna degişli iki sany rowaýat ýazylypdyr. Dogrusy, rowaýatlaryň birinde waka gatnaşýan şahsyýetiň ady nädogry ýazylypdyr. Ol ýerde edilýän gürrüňiň özeni hakykata dogry gelýär, ýöne bu ýerde Hoja Ahmet Ýasawa Muhammet Pygamber tarapyndan iberilen lukma-hurmany oňa gowşurýan şahsyň ady göz-görtele üýtgedilipdir. Bu göçürijiniň ýa bolmasa aýdyjynyň ýalňyşy bolmagy mümkin. Çünki häzirki güne çenli ýazylýan hem aýdylýan maglumatlarda Pygamber lukmasyny pire Arslan Baba gowşurýar. Muny Hoja Ahmet Ýasawynyň özi hem ýazan hikmetlerinde nygtaýar. Emma bu golýazmada Ahmet Ýasawa hurmany gowşurýan şahs Arslan Baba däl-de, Selman pir atly şahs edilip görkezilýär. Bu hakykata dogry gelmeýär.

Beýik pir, uly şahyr, alym damylla Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetleri seljuk türkmenleri zamanyndan bäri elden-ele, dilden-dile geçip, biziň şu günlerimize gelip ýetipdir. Ilkinji gezek «Hikmetler» 1878-nji ýylda Gazanda daşbasma we neşir görnüşlerinde neşir edilipdir. Onuň «Diwan-e hezret-e hikmet» (Hikmetli sözleriň ýygyndysy) atly kitaby 1917-nji ýyla çenli onlarça gezek (ýüze golaý) öwran-öwran neşir edilipdir. Munuň özi, Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetleriniň hut häzirki wagta çenli hem söýülip okalandygynyň, dini medreselerde hatda ders (okuw kitaby) hökmünde okadylyp gelinendiginiň alamatydyr. Halk tarapyndan uly söýgi hem yhlas bilen okalan we arzylanyp satyn alynan bu neşir kitaplarynyň her bir öýde keramatly hasaplanyp, aýawly saklanandygyny ýaşulular buýsanç bilen gürrüň berýärler. Häzirki güne çenli-de ýaşulular

bilen söhbetdeş bolnan mahaly olaryň aglaba köpüsi, doly bolmasa-da, şahyryň hikmetlerinden käbirlerini ýatdan aýtmagy başarýarlar. Bu bolsa Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetleriniň halk arasyndaky hormatynyň artykmaç taraplaryndandyr. Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşymyzyň aýdyşy ýaly, onuň hikmetleriniň her bir setiri çuň manyny berýär. Ol hem öz gezeginde aryfyň örän zehinli, ylymly, aşa sowatly ynsan bolanlygynyň alamatydyr. Käbir alymlar onuň parasatly hikmetlerinden daşgary «Pakyrnama» atly ylmy eseriniň hem bardygyny ýazypdyrlar[1].

Gul Hoja Ahmet göwher ýanlyg hikmet aýtdy,
Erenlere hyzmat kylyp, nazar tapdy,
Togsan dokuz müň hikmet aýdyp, dessan etdi,
Dessan kylyp, bossan içre ýörmek üçin

—diýip, hakykatyň manysyndan dürler tiren uly pir, ussat şahyr Hoja Ahmet Ýasawy öz hikmetlerini onuň gadyrgymmatyny bilen halka ýadygär goýýandygyny aýdýar:

Hakykatyň manysyndan dürler alyp,
Gymmatyny bilgen halka satgum geler.

Hoja Ahmet Ýasawy deslapky ylmy-taglymaty Ýassyda alanam bolsa, ol soňra Buhara gidip, şol ýerde ylym we taglym öwrenmegi dowam edýär. Şol wagtlarda Horasanyň we Mawerannahryň meşhur mutasawwuf alymy «Horasan käbesi» hasaplanan Hoja Ýusup Hemedanynyň bu şäherde ýaşap, juda köp şägirtleri ýetişdirendigi, olara dini-mezhebi, mutasawwuf-

[1] Muhammetnazar Annamuhammedow. Magtymguly, gizlin syryň bar içde..., Aşgabat 1994, 149-njy sah.

pelsepewi ylymlaryndan sapak berendigi barada golýazmalar hazynamyzda saklanylýan dini yrfany ugurlaryndan ýazylan ägirt uly golýazma eserlerinde aýdylýar. Beýik pir, danalaryň danasy Hoja Ahmet Ýasawynyň özi-de şol ýere gidip, ussat Hoja Ýusup Hemedanynyň huzuryna barandygyny we onuň kämil terbiýesini alandygyny buýsanç bilen ýatlaýar. Ýöne onuň nähili ýagdaýda Hoja Ýusup Hemedanynyň huzuryna barandygyny XVI—XVII asyryň görnükli sopy-derwüşi, Ýasawyçylyk mekdebiniň talyby Gul Şerif aşaky setirlerinde has aýdyň suratlandyrýar:

Ýetdi ýaşy on bäşe, gadam goýdy her işe,
Bir är girdi düýşe, hojam Ahmet Ýasawy.

«Adym Ýusup Hemedan, bolaý saňa mähriban,
Aryf bolup, bolgul jan, hojam Ahmet Ýasawy.

Gözün açdy—hiç kim ýok, muhabbete garny dok,
Aşyk bolsaň, sözni ok, hojam Ahmet Ýasawy.

Çölden-çöle gitdiler, bir aý ýörüp ýetdiler,
Gije girmeý ýatdylar, hojam Ahmet Ýasawy.

Irte säher gopdular, nagra-perýat etdiler,
Hanakaga girdiler, hojam Ahmet Ýasawy...

Munda Gul Şerif Hoja Ahmediň on ýedi ýaşyndaka Hoja Ýusup Hemedanyny düýşünde görüp, onuň mübärek didaryny arzuwlap, bir aýlyk ýoly paý-pyýada geçişini, «Ten öýüdir abugil, hyzmat kyldy ýedi ýyl» diýen setirleriniň üsti bilen bolsa onuň Hoja Ýusup Babanyň ýanynda ýedi ýyl bolanyny aýdýar.

Hoja Ýusup Hemedany özüniň üçünji halypasy (ylym işlerini alyp barmak üçin bellenen orunbasary, piriň ýörite hyrka geýdiren ylmy şägirdi) Hoja Ahmet Ýasawa ýokary hormat goýupdyr. Haçan-da sapakdan daşgary wagtlary talyplaryň hanakasyna aýlanan wagty, ol Hoja Ahmediň hüjresine gelende, belent ses hem ýakymly owaz bilen «Gurhany-şerifiň» «Bakara» süresini okap geler eken. Bu beýik piriň Hoja Ahmede, geljekki Türküstan welisi, beýik pir bolup ýetişjek sopusyna bolan çäksiz hormatynyň we uly söýgüsiniň alamaty bolupdyr.

Bir gün Abdylhalyk Giždiwany söhbet arasynda öz piri Hoja Ýusup Hemedanydan onuň şägirtleriniň geljegi barada soraýar. Şonda Hoja Ýusup baba oňa: «Meniň asyl halypam, öňi bilen Hoja Abdylla Barky, soňra Hoja Hasan Endeki we ondan soňra Hoja Ahmet Ýasawydyr. Haçan-da Hoja Ahmet öz nobaty bilen halypalyk kylandan soň, öz watany Türküstana gider. Soňra onuň ýerine sen halypalyk kylarsyň» diýýär.

Piriň welilik bilen aýdyşy ýaly, Hoja Ahmet Ýasawy (käbir çeşmelerde, ýedi ýyl) ussadyna halypalyk edenden soň, ornuny—Buharadaky hanakasyny, özüniň ähli müritleri bilen birlikde Abdylhalyk Giždiwana tabşyryp, Türküstana gaýdýar we Ýassyda medrese we hanaka gurduryp, ýanyna täze müritleri ýygnap, olara Hoja Ýusup babadan alan ylym we ygtykatlaryny öwredip ugraýar.

Dogduk mekanyna gelip, Hoja Ahmet Ýasawy beýik «Ýasawyýa» tarykatyny esaslandyrýar we özüniň ylmy taglymatyny Şaş welaýatyndan başlap beýleki welaýatlara ýaýradyp ugraýar.

Rowaýatlara we şahyryň her beýdi «Girdim men-ä», «Ne sebäpden altmyş üçde gara girdim», «Eşdip, okap, ýere girdi Gul Hoja Ahmet» ýaly setirler bilen tamamlanýan hikmetlerine esaslanyp, Hoja Ahmet Ýasawynyň 63 ýaşdan galan ömrüni ýer astyndaky hüjresinde ötürendigini, ömrüniň ahyryna çenli

şol ýerde «çillede» oturyp, tagat-ybadat etmek arkaly geçirendigini tassyklamak mümkin.

Subhy-sadyk duşenbe gün ýere girdim,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.
Altmyş üçde sünnet diýdi, eşdip bildim,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Ýer üstünde ýaranlarym matam tutdy,
Älem hemme «soltanym» diýp, nagra dartdy,
Altmyş üçde, eşit menden, nesip nätdi,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Muhammet Pygamberiň hormatyna altmyş üç ýaşdan özgesini özi üçin mynasyp görmedik beýik pir bu dünýäde ömrüniň ahyryna çenli ýaşamagy nebs belasyndan hasap edip, bu dünýäniň haýu-höweslerinden, ýalançynyň eşretlerinden ýüz öwrüp, ýer astyna girýär. Ol Pygambere hormat edip, özüniň «ölmezden öň ölüp», şonuň ýaly-da ähli nogsanlyklary üçin Hakdan gorkup, ýer üstünde ýaşamazlygy sünnet hasap edip, gara (gowaga) girendigini, emma ýer astynda-da şonça ýaşandygyny şeýle beýan edýär:

Altmyş üçde sünnet boldy ýere girmek,
Resul üçin iki älem berbat bermek,
Aşyklaryň sünnetidir tirik ölmek,
Eşdip, okap, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Diri adam ölmezinden öň ýere girse, onuň öli hasaplanman, eýsem diri «gaýyp» bolýandygyny pir şeýle beýan edýär:

Gul Hoja Ahmet altmyş üçde gaýyp boldy,
Edep saklap, Mustapaga naýyp boldy,
Soltan boldy, mähnet dartyp, taýyp boldy,
Eşdip, okap, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Käbir rowaýatlarda onuň 133 (bir ýüz otuz üç) ýyl ömür sürendigi aýdylsa, käbir hekaýatlarda Hoja Ahmet Ýasawy 120 (bir ýüz ýigrimi) ýyl ýaşap, dünýäden gaýdypdyr diýilýär. Piriň edebi mekdebine degişli bolan talyplarynyň biri Gul Şerif bir hikmetinde «Hoja Ahmet Ýasawy ýüz ýigrimi ýaşapdyr» diýip belleýär. Ol bu jümleleri ýöne ýerden alan däldir, çünki piriň yzyna eýeren talyplaryň onuň ömri we döredijiliginden bihabar bolmagy mümkin däl. Galyberse-de, ýaşynyň ýüz ýigrimi bäşe girendigini aşakdaky setirlerinde şahyryň özi-de aýdýar:

Erenlerden faýzy-futuh alalmadym,
Ýüz ýigrimi bäşe girdim, bilelmedim,
Haktagala tagatlaryn kylalmadym,
Eşdip, okap, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Hoja Ahmet Ýasawynyň halypalary (şägirtleri) baradaky maglumatlara biz şahyryň diwanynyň golýazma we daşbasma nusgalarynyň mukaddamasynda, ýagny girişinde gabat gelýäris. Olarda berlişine görä, yslam äleminde togsan dokuz müň uly sopy-müritleri ýetişdiren Hoja Ahmet Ýasawynyň şägirtleri şeýle tertipde getirilýär:

1. *Mansur ata* — ol Ahmedi ýaşlygyndan öz terbiýesine alan Arslan Babyň ogly bolup, hijriniň 594-nji, miladynyň 1199—1200-nji ýyllarynda dünýäden ötüpdir.

2. *Abdylmälik ata* — Täç Hojanyň kakasy, Zeňňi babanyň hem garry atasydyr.

3. *Täç hoja* — Abdylmälik atanyň uly ogly. Ol hijriniň 596-njy ýylynda, Mansur atadan iki ýyl soň aradan çykypdyr. Öz döwrüniň görnükli piri Zeňňi baba şu Täç Hojanyň ogludyr.

4. *Hekim ata* — asyl ady Süleýman bolup, ol XII asyryň görnükli mutasawwuf şahyry Gul Süleýman Bakyrganydyr. Hoja Ahmet Ýasawynyň iň görnükli hem onuň ýagşy gören sopusydyr. Onuň bilen bagly rowaýatlaryň hemmesinde-de Hekim ata bilen Hoja Ahmet Ýasawynyň arasyndaky gatnaşyklar giňden teswirlenýär. Munuň şeýledigini biziň golýazmalar hazynamyzda saklanylýan 1869-njy belgili bukjadaky rysala (ylmy eser) hem doly subut edýär. Onda pir bilen Hekim atanyň arasyndaky golaý gatnaşyklar giňden beýan edilýär. (Hekim ata bilen Gul Süleýman şol bir şahs däl bolaýmasyn diýip ikirjiňlenýänler hem bar. Emma bularyň ikisiniň hem bir şahslygyny bu ugurdan düýpli iş eden alymlar we ylmy-yrfany eserleriň birnäçesi tassyklaýar. Hüseýin Faýz Käşifiniň «Reşehatul-aýn-ul heýýat» eserinde ýazylyşyna görä, Hekim atanyň asly horezmli bolup, Ol Bugra hanyň gyzy Anbar enä öýlenýär. Ol aradan çykandan soň, Anbar ene Zeňňi baba bilen nikalaşýar).

5. *Zeňňi baba* — Hekim atanyň görnükli şägirdi bolup, yslam dünýäsinde giňden tanalýan şahs hasaplanýar. Gul Gedaýy tahallusly Uzyn Hasan ata, Seýit ata, Bedr ata we Sedr ata hem onuň görnükli müritleridir. Zeňňi baba häzirki güne çenli-de türkmen halkynyň arasynda «sygryň piri» hökmünde giňden tanalyp gelýär. Halk arasyndaky bir rowaýatda aýdylyşyna görä, Zeňňi baba sygyrlary örä goýberip, her gün özi Alla zikr edip başlar eken. Sygyrlar bolsa ol zikre başlan badyna otlamadan galyp, onuň daşyna aýlanyp, zikriň sesine meýmiräp galar eken. Muny gören oba adamlary bu barada welaýat kazysyna şikaýat edipdirler. Kazynyň özi hem waka bilen tanyşmak üçin meýdana baranda, dogrudan-da, sygyrlar otlamadan elli-

bizar bolup, zikr diňleýän ekenler. Kazy Zeňňi baba sygyr eýeleriniň şikaýatyny ýetirende, ol, eger sygyrlary hor-zar bolýan bolsa, süýdüni çeken bolsa, onda olaryň şikaýaty dogrudyr diýýär. Seredip görseler, sygyrlaryň eti kök diýýär. Şonuň üçinem kazy hiç hili çäre görüp bilmeýär we sygyr eýelerine: «Eger-de kim islemese, sygyrlaryny örüden alyp galyp biler» diýýär. Ýek-ýarym adamlaryň örüden alyp galan sygyrlary bolsa gün-günden arryk galyp, süýdüni çekmek bilen bolupdyr.[1] Hoja Ahmet Ýasawynyň soňky halypasy Zeňňi baba we onuň piriňkä çalymdaş keramat-mugjyzalary barada başga-da rowaýatlar az däl.

Türkmeniň beýik piri, uly alym hem şahyr Hoja Ahmet Ýasawynyň ylham emlägine dahylly bolan «Diwany Hikmet» atlandyrylan eserler ýygyndysy many-mazmun taýdan tapylgysyz hazynadyr. Beýik aryfyň dürdäne paýhasynyň önümi bolan hikmetleri diňe bir türkmen halky üçin däl, bütin türki yslam dünýäsi üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyk bolup durýar. Hut şonuň üçinem onuň paýhasly hikmetlerinde ündeýän parasatly garaýyşlary Gul Süleýman, Gul Geda, Gul Şerif, Şemsi, Ikany ýaly orta asyr şahyrlaryndan başlap, Magtymgulynyň döwrüne çenli ösdürilip gelinipdir. Hoja Ahmet Ýasawy Seljuk türkmenleri döwrüniň ylmynyň we edebiýatynyň ösmeginde, oňa oguz däplerini ornaşdyrmakda, arassa oguz-türkmen dilindäki eserlerini ýazmak bilen oňyn täsirini ýetiren şahsdyr. «Dil bilen Watan — jan bilen beden» diýen düşünjeden ugur alyp eser döreden şahyr şol wagtda döwlet diliniň pars dili bolanlygyna garamazdan, öz eserlerini arassa türkmen dilinde ýazyp galdyrypdyr. Bu barada ol:

[1] Türkmenbaşy adyndaky TMGI., 487-nji bukja.

Hoşlamaýdyr alymlar bizniň aýgan türküni,
Aryflardan eşitseň, açar köňül mülküňi

—diýen setirler bilen başlanýan gazalynda, «özge dilni biliban, hup aýdadyr türkini» diýip, şol wagtlaryň ýörgünli dili bolan arap-pars dillerini bilse-de öz hikmetlerini mähriban halky üçin düşnükli bolan oguz-türkmen dilinde ýazandygyny uly buýsanç bilen aýdypdyr. Onuň edep-terbiýe, pendi-nesihat mazmunly hikmetlerine dini don geýdirip beýan etmegi olaryň täsirliligini artdyrýar. Hut şol jähtdenem ondan soňky şahyrlar bu usuly ýörgünli ulanypdyrlar.

Dünýä üçin gam iýme, Hakdan özgäni diýme,
Kişi malyny iýme, Syrat üzre tutar-a.

Haka uýmak, oňa ynanmak, oňa gulluk etmek pikiri Ýasawynyň eserleriniň agramly tarapydyr. Hudaýa ynanmak barada Beýik Serdarymyz Mukaddes Ruhnamanyň ikinji kitabynda şeýle diýýär: «Hudaýa iman – Hudaýyň barlygyna we birligine ynanmakdyr. Bu ynanç adamy bimany, biweç wagtlaýynlykdan halas eder»[1].

Halallyk, päklik, dogruçyllyk, ynsanperwerlik, yşk hem yrfan (Beýik Biribara, Gurhany-Kerime, Muhammet Pygambere we onuň Hadyslaryna söýgi), ynsap hem imanlyk ýaly umumadamzat ahlagynyň gözelligini olaryň kalbynda magnawy ruhda terbiýelemek Ýasawynyň eserleriniň özenini we manymazmunyny düzýär.

Yşk—patyşa, aşyk—pakyr, dem uralmas,
Hakdan rugsat bolmagynça sözleýilmes,

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama, ikinji kitap, Aşgabat, 2004, 375-nji sah.

Hak pendini algan dünýä yzlabilmes,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

«Yşk – munuň özi barlyga düşünmegiň, ýaşaýşa göz ýetirmegiň ýörelgesidir;

yşk munuň özi dirilige göwün bermekdir,

yşk – munuň özi ölümi inkär etmekdir»[1] diýýän Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy yşk baradaky magnawy pikirlerini çuň mazmunly pelsepewi garaýşa ýugrup, açyk-aýdyň beýan edýär.

Mukaddes Ruhnamanyň ikinji kitabynda Ýurtbaştutanymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ýene şeýle ýazýar: «Duýgy açyşlary yşkyň ýolunda amala aşyrylýar. Biziň milli ruhy mirasymyzda yşk ýolunyň çeper-pelsepe teswirleri oňat beýan edilendir. Beýik-beýik pirleriň, keramatlylaryň ömür teswirlerinde esasy pursat yşk ýoludyr. Bu ýolda olar özlerini dürli ruhy güzaplara we kynçylyklara dözüpdirler. Ol kynçylyklaryň we güzaplaryň ahyrky çözgüdi Alla göz ýetirmek, ýüregiňden Alla iman getirmek hasaplanypdyr. Baýezit Bistami, Ýunus Emre, Ýusup Balasagunly, Hoja Ahmet Ýasawy, Zamahşary, Nejmeddin Kubra, Bahaweddin Nagyşbendi, Jelaleddin Rumy, Nesimi, Nowaýy, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy – bu yşk sanawyny näçe artdyrsaň artdyrybermelidir. Bu ägirtleriň ruhy gazananlary milletimiziň baky ruhy mirasydyr».[2] Hoja Ahmet Ýasawynyň öz hikmetlerinde ussatlyk bilen ösdüren yşky pikirleri Beýik Serdarymyzyň bu parasatly pikirlerine aýdyň mysaldyr.

Yşk belasy başa düşse, nalan kylar,
Aklyň alyp, beýhuş kylyp, haýran kylar,

[1] Şol ýerde, 375-nji sah.
[2] Şol ýerde, 374-nji sah.

Köňül gözi açylgan soň girýan kylar,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Adam bolup, adam gadryny bilmek, pespällik, kiçigöwünlilik ýaly ajaýyp ahlaklygy ündeýän şahyr:

Adam oldur, pakyr bolup ýolda ýatsa,
Toprak sypat älem ony basyp ötse

—diýmek bilen birlikde, kä halatlarda adamyň öz gadryny özüniň bilmeýänligini, hatda beýle adamyň diňe bir halka däl, eýsem Haka-da wepa bermejegini sada dilde beýan edýär:

Haýp, adam öz gadryny özi bilmes,
Menlik kylyp, ýagşylary göze almas,
Erenleriň söhbetine gaçyp gelmes,
Ol biwepa, Haka ne diýp wepa kylsyn?

«Açdan ölseň, namartdan hergiz minnet dartmagyl» diýýän pir, haçan-da ynsan pespäl, pakyr bolup, ýagşylara hyzmat kylsa, onda ol bendäni Hakyň söýüp, ony halklar era «soltan», «patyşa» kyljakdygyny şahyrana setirleriň üsti bilen şeýle teswirleýär:

Bu dünýäde pakyrlygy adat kylan,
Harlyk dartyp, muşakgaty rahat bilen,
Gul Hoja Ahmet, ýagşylara hyzmat kylan,
Kyýamat gün andag kişi soltan bolar.

Ýalançyda sen kimem bolsaň, ömrüň ahyrynda amanady tabşyrar wagtyň, öňi bilen, tenden, jandan öň, ynsanyň imany sözlär diýen garaýyşdan ugur alýan şahyr:

Ten sözlemes, jan sözlemes, iman sözlär,
Jandan geçen çyn aşyklar Haky yzlar,
Aryflara hyzmat kylyp, ýolny gözlär,
Ol aşygy halaýyga soltan kylar

—diýýär.

Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy: «Iman – Hudaýa ynançdyr. Iman – ruhy gymmatlyklara ynançdyr.

Imanlylyk Allanyň bardygyna we birdigine göz ýetirmek, bütin ruhy tejribäň arkaly şu hakykaty duýmakdyr, syzmakdyr»[1] diýip, Mukaddes Ruhnamanyň ikinji kitabynda örän jaýdar belleýär.

Özüňi nebsewürlikde ýazgarmak, niýetiňi, päliňi pes tutmak aryflykdan, danalykdan nyşan. Hoja Ahmet bu babatda şeýle diýýär:

Gul Hoja Ahmet, ýamanlaryň ýamany sen,
Barça bugdaý, el tutmagan samany sen.

Bu taglymy piriň sopusy Gul Süleýman (Hekim ata) öz eserinde «Barça ýagşy, biz ýaman, barça bugdaý, biz saman» görnüşinde ulanýar. Garyp, ýetim, misgin görseň göwnüni almak, goldan gelse oňa hemaýat etmek — bular ýagşy ahlaklylykdan nyşan:

Garyp, pakyr, ýetimleriň başyn sypap,
Köňli bütin halaýykdan gaçdym men-ä.

Ýa-da:

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama, ikinji kitap, Aşgabat, 2004, 374-nji sah.

Garyp, pakyr, ýetimleri şadman kylgyl,
Halklar era eziz janyň gurban kylgyl,
Tagam tapsaň, janyň birle myhman kylgyl,
Hakdan eşdip, bu sözlerni aýdym men-ä.

Haýyr-sogap edenleriň ýalkanjagy, zalymlaryň düşjek haly barada bolsa Hoja Ahmet Ýasawy şeýle diýýär:

Haýyr-saha kylanlar, ýetim köňlün alanlar,
Çaryýalar hemrahyn, Köwser lebinde gördüm.

Zalym bolup, zulm eden, möminleri agyrdan,
Gara ýüzli-magşarda golun arkada gördüm.

Garaşsyz hem baky Bitarap ýurdumyzyň adyl Baştutany, paýhasda taýsyz, danalykda deňsiz, parasatly Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň tagallasy bilen özüniň geçmişine sarpaly garap ugran türkmen halky üçin beýik türkmen piri Hoja Ahmet Ýasawy baradaky ylmy barlaglary özünde jemlejek türkmen edebiýaty ylmynyň ýasawylyk ugry uly täzelik bolup taryha girer. Çünki, ýurt Baştutanymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy bu pikiriň aslyny goýdy, beýik piriň parasatly hikmetleriniň, sagdyn pikirleriniň binýadyny tutdy. Bu Beýik Ynsanyň: «Gorkut ata, Hoja Ahmet Ýasawy, Bahaweddin Nagyşbendi, Nejmeddin Kubra, Salar Baba ýaly pirleriň dem salyp, çüflän keramatly, gudratly topragy bu...»[1] diýip bellemegi, özüniň keramaty, gudraty bilen adygan pirlerine bolan söýgüsini halkyň ýüreginde oýaran Ynsanyň Haka bolan, onuň ýaradan beýiklerine bolan söýgüsiniň alamatydyr.

Özüniň altmyş üç ýyllyk ömrüni ýer üstünde, galan şonça ömrüni hem «nadanlardan gaçyp», ýer astynda geçiren beýik

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama, Aşgabat, 2001, 79-njy sah.

türkmen danasynyň ylym üçin özüniň jigerini paralan ynsan bolandygyny ýekeje zatdan aňmak bolýar. Irki ýazuwly çeşmelerde, taryhçy alymlaryň ýazmaklaryna görä, beýik weli Hoja Ahmet Ýasawy öz ýaşan döwründe talyplaryna ders beren metjit-medresesiniň maňlaýyna Pygamber aleýhyssalamyň: «Talebul ylmy farizatun ala külli muslimin we muslimatun», ýagny «Ylmy talap kylmak her bir musulman erkek we aýal üçin parzdyr» diýen Hadysyny ýazyp goýupdyr. Bu bolsa Hoja Ahmediň öz zamanasynda iň bir parasatly, dana hem sopuçylygy esaslandyrmak ugrunda ylymdar pir bolandygyny aňladýar.

Ýer astyna gaçyp girdim nadanlardan,
Elim açyp, doga diläp merdanlardan,
Garyp janym tasaddykdyr danalardan,
Dana tapmaý, ýer astyna girdim men-ä.

Özüniň bütin durky, jany, dili bilen Haka hem halka gulluk edýän ynsan, beýik pir Hoja Ahmet Ýasawy adamkärçiligiň belent nusgasyny beýik pygamberlerde, uly welilerde, parasatly danalarda görýändigi üçin ynsanlara şol päklige barýan ýoly salgy bermek pikirini özüniň hikmetlerine esas edip alýar.

Eý möminler, tagat kylyp, ýatalmaňlar,
Amanatdyr, eziz jana yşanmaňlar,
Haram-haryş ýygan malňa guwanmaňlar,
Mallaryňy Kuraýyş atly ýylan kylar.

Akyldaryň yşk, aşyklyk, halallyk, päklik, nebs belasyndan saklanmak baradaky ajaýyp garaýyşlary özüniň eserlerine siňipdir. Bu barada gürrüň edip Hoja Ahmet Ýasawy şeýle diýýär:

Nebs ýoluna giren kişi ryswa bolar,
Ýoldan azyp, taýyp-tozup, gümra bolar,
Ýatsa-gopsa şeýtan birle hemra bolar,
Nebsi depgil, nebsi depgil, eý betkirdar.

Mundan başga-da şahyr:

Ulug-kiçi ýaranlardan edep gitdi,
Gyz-u-zaýyp, juwanlardan haýa gitdi,
„El haýa-u minel iman" diýp, Resul aýtdy,
Haýasyzlar ajap kowm boldy dostlar

—diýen setirlerinde „Utanç-haýa imandandyr" diýen Hadysdan ugur alyp, edep-ekramyň ylaýta-da zenan maşgala üçin wajypdygyny adalatly nygtaýar. Sahylyk hakda gürrüň edende bolsa Hoja Ahmet Ýasawy sahylaryň Allanyň didaryny görjekdigini şeýle nygtaýar:

Gul Hoja Ahmet, bende bolsaň sahy bolgul,
Sahy bolup, misginlere tagam bergil,
Taňla barsaň jennet girip, güller tirgil,
Walla, sahy Hak waslyny görer ermiş.

Dana hem parasatly şahyr Hoja Ahmet Ýasawy:

Alla diýgil, ganlar aksyn gözleriňden,
Hikmet aýtgyl, dürler damsyn sözleriňden,
Güller bitsin her bir basan yzlaryňdan,
Güle baksaň, gül açylyp bossan bolar

—diýip ýöne ýere aýtmaýar. Parasatly Serdarymyz, dana Ýurtbaştutanymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy hem: «Sopuçylykda-da gowy zatlar bar. Mysal üçin, bägül nähili oňat zat, ol

öz içinden açylýar diýýärler. «Adam, sen hem öz içiňden açyl» diýýärler. Jelaleddin Rumynyň: «Adam, içiňden açyl» diýen ajaýyp setirleri bar»[1] diýip ýazýar. Hoja Ahmet Ýasawynyň hem ýokarky setirlerinde şeýle päkligi, gözelligi görmek bolýar.

Durky bilen il-halkyna ýagşy pendi-nesihatlar bermegi niýet edinen ynsanyň ylham akabasy çeşme suwy kimin dury, datly hem ýürege ýakymly. Onuň yşk, aşyklyk-magşuklyk hakdaky garaýyşlary bütin durky bilen päklige eýlenendir. Beýik pir yşkdan güýçli, yşkdan datly, yşkdan päk zadyň ýokdugyny aýdyp, beýik Taňrydan her zat etse-de, özüni aşyk kylmagy dileýär:

Gül yşkynyň köýünde men, bilbil boldum,
Elwan-elwan tiller birle nalyş kyldym,
Barça işden aşyklygy duşwar bildim,
Herne kylsaň, aşyk kylgyl, Perwerdigär.

Yşk derdiniň dermanynyň bolmaýanlygyny bilse-de, yşkyň ynsany nä günlere salýandygyny duýsa-da, diňe aşyklyk söwdasyny etmek isleýän şahyryň ähli pikiri-zikiri yşkyň bazary:

Yşk bazary ulug bazar, söwda—haram,
Aşyklarga senden özge gowga haram,
Yşk ýoluna girenlere dünýä haram,
Herne kylsaň, aşyk kylgyl, Perwerdigär.

Ýene:

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy: -Milletiň ruhy we taryhy galkynyşynyň bähbitleri ugrunda. Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde sözlän sözi (2003-nji ýylyň Nowruz aýynyň 13-i). «Türkmenistan» gazeti. 2003-nji ýylyň Nowruz aýynyň 31-i.

Yşk derdini talap kyldym, dermany ýok,
Yşk senasyn tüni-güni goýarym ýok ...

Aşyklyk, yşk-heser beýik Biribardan peşgeş.Hut şonuň üçin Hoja Ahmet Ýasawy Alla bolan yşky ýokary derejede goýýar. Aşyk ynsan magşuk üçin janyny gurban etmäge taýyn. Beýik aryflar yşksyz adamy «öli» hasaplapdyrlar.

Subhan Izim päk yşkyny kyldy engam,
Aşyk bolsam, päk yşkynda ölmäýinmi?
Özden başga talaplarny kyldym haram,
Bende bolsam, ýalguz özün söýmäýinmi?

«Yşk – ruhy ahlak kämilliginiň hususy ýoludyr... Yşk – ruhy ömürdir»[1] diýip, mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy danalyk bilen ýazýar. Beýik pir hem parasatly şahyr Hoja Ahmet Ýasawy bu mowzukda juda köp hikmetleri ýazypdyr:

Yşk belasy başa düşse nalan kylar,
Aklyň alyp, beýhuş kylyp, haýran kylar,
Köňül gözi açylgan soň giryan kylar,
La mekanda Hakdan sapak aldym men-ä.

Diňe bir yşk ýa aşyklyk däl, eýsem yşky diňe bir ýalňyz magşuklykda görmän, ähli zada söýgi gözi bilen garasaň, ol nähili bolanda-da, ahyry diňe päklik bilen gutarmaly. Şahyryň hikmetlerinde zähmete söýgi, birek-birege, garyba-pakyra, ylyma-bilime söýgi giň orun tutýar:

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (ikinji kitap), Aşgabat, 2004, 373-nji sah.

Aşyk ermes, Jananyna jan bermese,
Daýhan imes, kätmen çapyp nan iýmese.

Mähriban Serdarymyz özüniň Mukaddes Ruhnamasynda: «Beýik dinlerden başlap ähli ynsanperwer çeper edebiýat, sungat gowy adamyň nusgalygyny döredýär.

Biziň döwletimiziň beýik maksady dünýä edebiýatynda nusgalyk keşbi gözlenýän ruhubelent, beýik maksatly, gaýduwsyz naýbaşy ynsany ýetişdirmekden ybarat bolmalydyr»[1] diýip, örän ýerlikli belleýär. Şu pähimden ugur alynyp, Hoja Ahmet Ýasawynyň şahyrana döredijiligi, ömür ýoly, eden işleri mynasyplygy bilen öwrenilmäge degişlidir.

Bu beýik ynsanyň parasatly paýhasynyň ümmülmez çeşmesiniň gory egsilerli däl, gaýtam, ol özüniň üstünden ýüzlerçe ýyly ötürip, şu güne çenli ýaşap, köňülleri gandyryp gelýär. Ony ýaşadýan zatlar bolsa teşne kalba çeşme bolup akyp duran, Hakdan gandyrylan zehiniň önümi, haýyrly hem halal ruhly ajaýyp hikmetleridir. Olar bu gün tas müň ýyla golaý wagty üstünden geçirip, Beýik Serdaryň parasatly aladasy netijesinde täzeden jana geldi. Onuň genji-käni bolan hikmetler hazynasynyň dürdäne gözbaşlaryny arçamak bolsa döwrümiziň haýyrly hem sogaply işlerinden biridir.

***Gözel Amangulyýewa,***
*Türkmenbaşy adyndaky*
*Türkmenistan Milli golýazmalar*
*institutynyň uly ylmy işgäri.*

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama, Aşgabat, 2001, 299-njy sah.

## DÜŞÜNDIRIŞLER WE ÇYKGYTLAR

1. «Aýn-el mefer» — «Gaçybatalganyň hut özi». Gurhany Kerimden.
2. «Aguzubillä himineş-şeýtan ir-rejim» — «Daşlanyp kowulan şeýtanyň şerinden Allaga penalanýaryn!». Gurhandan.
3. «Bihamdulla» — «Hudaýa şükür! » Gurhandan.
4. «Elestu bi rabbiküm» — «Men Siziň terbiýeçiňiz, hojaýynyňyz dälmi?». Gurhandan.
5. «Ez wäjukum äduwwän» — «Siziň aýallaryňyz siziň duşmanlaryňyzdyr». Gurhandan.
6. «El haýa-u minel iman» — «Utanç imandandyr!» Gurhandan bir süre.
7. «El kezzebu lä ummaty» — «Kezzaplar, ýalançylar meniň ymmatymdan däldir!». Gurhandan.
8. «Elestu-birebbiküm» — «Men siziň Hudaýyňyz dälmi?». Gurhandan.
9. «Entemutug» — «Sen boýun egilen». Gurhandan.
10. «Erni meni» — «Maňa seret-de maňa garşy gel!». Gurhandan.
11. «Estagfur-u-istigfar» — «Ondan meni ýalkamagyny soraýaryn». Gurhandan.
12. «Fakad mäte şehiden» — «... ýalňyzlykda Hudaý diýip ölen kişi şehitdir». Hadysdan.
13. «Fel ýädhäku» — Köp gülen, ýerliksiz gülen. Hadysdan.

14. «Felizehu kalilen wel ýebku kesiren » — «Az gülüp, köp aglaň!». Hadysdan.
15. «Fezkuruni ezkurukum» — «Siz jemagat bilen ýatlaň, bizem jemagat bilen sizi ýatlarys!». Gurhandan.
16. «Fezkuruny ezkurukum» — «Meni ýatlaň, menem sizi ýatlaryn». Gurhandan.
17. «Fämän ýagmyl» — «Eger etseňiz». Gurhandan.
18. «Fäzkurullahe kesiren» — «Allany köp ýatlaň». Gurhandan.
19. «Fuzkurukum ilalla» — «Allany ýatlaň!». Gurhandan.
20. «Halaka men mäin däfik» — «... zyňyjy güýçli suwdan (dölden) ýaratdy». Gurhandan.
21. «Kad allemnä ente fi külli umur» — «Biz ähli işleri saňa öwretdik». Gurhandan bir aýat.
22. «Kalu bela» — «Olar howwa diýdiler». Gurhandan.
23. «Käfi fil-gaýbi hüwe men fil-huzur» — «Gaýypdaky we huzurdaka ýetişiklik eden bir Alla». Gurhandan.
24. «Kum fe-enzir we rebbike fe-kebir» — «Gal-da halka gorky ber we Perwerdigäriňe tekbir aýt». Gurhandan.
25. «Külli muttaky aly men» — «Bar takwa (dindar) adam meniň ymmatymdyr!). Gurhandan.
26. «Külli men aleýhe fan» — «Dünýädäkileriň hemmesi ötegçidir, dünýä panydyr». Gurhandan.
27. «Külli muttaky aly men» — «Her berhizkär, takwa adam meniň maşgalamdyr, ymmatymdyr! ». Pygamber hadysy.
28. «Külli nefsin zäikätül möwt» — «Her bir nebs ölüm şerbetini dadyjydyr». Gurhandan.
29. «Külli ýowmun beterün» — «Ýagdaý gün-günden beter bolar». Gurhandan.
30. «Lä iläha ilalla» — «Alladan başga Taňry ýokdur!» Gurhandan bir süre.

31. «Li magallah» — «Meniň bilen Allanyň arasynda bolýan bir wagt bar. Şol wagt ikimiziň aramyza hatda, Hudaýa ýakyn perişdeler-de sygmaýarlar». Gurhandan.
32. «Löwläki täç» — «Sen bolmasaň men jahany ýaratmazdym» diýen alamat.
33. «Men mäte garyben» — «Ýekelikde (garyp-hossarsyz) ölen...». Hadysdan.
34. «Mutu kable, ente mutu» — «Ölmeziňizden öň ölüň». Gurhandan.
35. «Rebbi enzur ileýe» — «Eý bar Hudaýa, maňa seret!». Gurhandan.
36. «Rähmetel li älemin» — «Bütin älemleriň rehimdary». Gurhandan.
37. «Rijälun lä tülhihum» — «Boş zada (biderek zada) güýmenmeýän adamlar». Gurhandan.
38. «Taha» — Gurhanda bir süräniň ady.
39. «Wa şowka!» — «Meni islege, höwese ýetir!» Bu ýerde ol söz sopuçylyk ylmynda söýgä meýil bildirme manysynda gelýär.
40. «We ma dinekum» — «Diniňiz näme?». Gurhandan.
41. «We ýuhibbu-nehu» — «Hudaý olary gowy görer, olar-da ony gowy görerler». Gurhandan.
42. «Wel ýäglemunel alemine» — «Alymlar bilsinler». Gurhandan.
43. «We:enharyn min aslyn musaffany» — «Arassa, sap baldan aryklar». Gurhandan.
44. «Wemtäzül ýowm» — «Garaşylýan günde». Gurhandan.
45. «Ýa abdy!» — «Eý, gulum!». Gurhandan.
46. «Ýa Rebbenä, zalemnä» — «Eý bar Hudaýa, özümize sütem etdik». Gurhandan.
47. «Ýuhibbuhum» — «Olary söýýär». Gurhandan.

48. «Ýutagmun-ät taam» — «Mätäçlere tagam iýdirýärler». Gurhanda bir aýat.
49. «Zekahüm Rebbihüm» — «Olary Perwerdigärleri päkledi». Gurhandan.
50. Ýa eýýuhel-muddesir — Eý, donuna dolanyp oturan adam!
51. Ýa hadi el-muzellin — Eý, Hudaýyň dogry ýoluny görkeziji!
52. Ýa Hatymin-nebiýin — Eý, pygamberleriň iň soňkusy!
53. Ýa Seýýidil-murselin — Eý, pygamberleriň resmisi!

## SÖZLÜK

A:ry – arassa.
Abas — biderek, bihuda; peýdasyz.
Abdest — täret almak.
Abu-gil — suw we palçyk.
Aby-ruý — ýüzüň suwy.
Abyt — Hudaýa gulluk edýän; sopy; dindar.
Aby-tagam — iýmek-içmek; çaý-suw.
Adawatlyk bugzy — duşmançylyk, ýagylyk niýeti.
Adem — ýokluk; bu ýerde ýok bolmak, ýitip gitmek manysynda.
Afytap — aftap; Gün; nur, ýagtylyk.
Ahgär — köz, ýalyn, ot.
Ahkam — düzgün-tertip, şert.
Ahyrýetiň ýaragy — bu ynsanyň ahyrýete alyp gitjek azygy, ýagny namaz-oraza, haýyr-sogap, haj, zekat ýaly şerigat amallaryny ýerine ýetirip ölmek. Ynsanyň ahyrýetde ýany bilen gitjek arassa imany, gazanan haýyr sahawaty we ş. m.
Ahy-serd — ahy-nala, dat-bidat.
Ajaýyb-u-garaýyp — geň-enaýy ajaýyp zatlar.
Ajz-u nyýaz — ýalbarma, haýyş etme.
Aksa — iň çetki, iň uzakdaky ýer; Iýerusalimde bir metjidiň ady.
Akyzmak — akdyrmak, akytmak, dökmek.
Alam — alamat.

Alatdowam — (yllatdowam) mydama, hemişelik.
Aldyn salmak — arka atma, yzyna tirkemek.
Alla-billä — halys Hudaý üçin; Allanyň haky üçin.
Aly-eshap — Pygamberiň maşgalasy, dost-ýarlary we olaryň maşgalalary.
Amma — kakasynyň dogany.
Amud — ot; otly gürzi.
Anan — 1. uýan, jylaw, irişme; 2. erkiň uýany.
Andag — şonuň ýaly, şonuň kimin.
Apak — ufuk, gözýetim; nazaryýet.
Aram almazlyk — dynç almazlyk.
Arasat — 1. meýdan. 2. kyýamat, ahyrýet; gowga, topalaň.
Ary — arassa, bu ýerde artyk manysynda.
Aryg — arassa, päk.
Asa — hasa; taýak, direg üçin ulanylýan taýak.
Asaýyş — rahatlyk, dynçlyk, aramlyk.
Astana — işik, gapy.
Asy-japy — günäkär we jepakär.
Asyl watan — ynsanyň soňky barjak ýeri, o dünýe.
Aş — lukma; paý.
Aşygy-ýektaý — ýeke-täk, ýalňyz aşyk.
Ata kylmak — eýe bolmak, eýelik etme.
Awam — a:am; köpçülik.
Awam halky — halk köpçüligi.
Aýdy Gurban — Gurban baýramy.
Aýnul-ýagyn — ruhy dünýäniň reallygyny aňmaklygyň derejeleriniň biri. Munda sopular hyjuwyň üsti bilen görmekligi başarypdyrlar. Sopular ylmy-halyň wekilleri bolmak bilen tarykatda aýnul-ýagyn halynda bolupdyrlar. Olar aň arkaly akyl ýetirilýän zady hyjuw esasynda görüp bilipdirler.
Aýş — eşret; keýpi-sapa.
Aýtgum — aýdasym.

Aýylmak— ýüz öwürmek, dänmek; aýňalmak; açylmak.
Aýyna — ýüz görülýän aýna.
Aýyş — 1. ýaşaýyş. 2. keýp, lezzet, eşret, rahat durmuş.
Azazylnyň zähmi — şeýtanyň derdeseri, azary. Bu setir käbir golýazmada «Ezraýylnyň zähminden» görnüşinde hem duşýar.
Azgurdyrmak — azaşdyrmak, ýoldan çykarmak.
Azm etmek — niýet etmek, ýürege düwmek, karara gelmek.
Azyp galan botalar — enesinden azaşyp galan köşekler.
Azyz — eziz, gymmatly.
Ba:lu-per — ganat-per.
Bagşaş — berim, ýagşylyk, haýyr, edilen hyzmat üçin berilýän hak.
Bagys — sebäp.
Bahaýym — haýwan, mal.
Bahre — umman, deňiz, derýa.
Bahsy-jowap — çekişme; dawa, jedel; gürrüň, gepleşik.
Bahyl — görüp, gysganç, husyt.
Ba:ran — ýagyş, çabga.
Bark — ýyldyrym; çakmak, sürtülmek bilen çykýan elektrik uçgun.
Baryş kylmak — göreşmek; ugruna ýykylmak.
Baş ýügürgek — başyň bilen ýortup, ýüwrüp barmak.
Başyň gatmak — başyň çaşmak, aklyň çaşmak.
Baş urmak — baş egmek, boýun bolmak.
Batalmak — batmak, çümmek.
Batlyk ýer — ýeleň, şemal öwsüp duran ýer.
Batyl kezzap — bozuk, biderek; ýalançy; körzehin adam.
Batyn nygmat — içki köňül gözi bilen görülýän Allanyň eçilen nygmatlary.
Batyny düwn-u-dagal — içi kitüwli, gara niýetli.
Bawer — ynam, ynanç; ynanmak, dogry hasaplamak.
Baýyg — beýik; açyk, äşgär; belli, ynamly.
Bazy — oýun, henek.

Baka billä — Hudaý bilen galmak.
Bähre — many; peýda, nep, gazanç, haýyr.
Bähre almazlyk — görüm-görelde almazlyk; bu ýerde peýdasy bolmaz, haýry degmez, peýda tapmaz manysynda.
Bedgaty bisýar —diniň düzgünlerine çakdanaşa garşy çykýan.
Bedhüw — betgylyk, erbet häsiýetli; gybatkeş, gepçi; adam ýamanlaýan.
Beja — ýerine ýetirmek, berjaý etmek.
Belagat — 1. ýigitlik ýaşa ýetmeklik. 2. çeper sözlülik, çeperçilik.
Beraat — 1. arassalyk, päklik; günäsizlik; wyždany päklik. 2. azatlyk.
Berat haty — şahsy azatlygy kepillendirilen hat.
Berbat — weýran etme, harap etme; pida etme; özüňi bagyşlamak.
Berhak — dogry, hakyky, çyn, çyndan.
Berhem — bulaşyk, garyşyk.
Berhem urmak — dagamak, bulaşmak, bozuşdyrmak.
Berpa — bezeg, zynat.
Betkerdeýu-betkirdar — erbet işleri, ýaman amallary eden.
Betkirdar — erbet iş bilen meşgul bolýan.
Bezmek — bizar bolmak; halkdan gaçmak.
Bibäk — batyr, gaýduwsyz, gorkusyz; äwmezek.
Biçügine — taýsyz, deňsiz.
Biçün — onuň ýalysyz.
Bidem — demsiz, sessiz, ümsüm.
Bigam — gamsyz, aladasyz.
Bigäne — keseki; ýat; Hudaýy tanamaýan.
Bihamdulla — Hudaýa şükür.
Bihet — çäksiz, köp; sansyz; hetdenaşa, çendenaşa.
Bihräk — ýagşyrak, gowurak.
Bihuda — ýaňra; ýerliksiz söz gepleýän.

Bihut — 1. manysyz, dereksiz. 2. özüňden gitme, çaşma, huşsuz ýatma. 3. öz erkine sözlemeýän; habar tapan. 4. bähbit, sebäp.
Bija — ýerliksiz, ýersiz ýere.
Bijan — jansyz.
Bijaý beja — ýerliksiz ýerine ýetiriş.
Bikes — hiç kessiz, hiçkimsiz; hossarsyz.
Billahyr — Hudaýhon, halys Hudaýa berlen.
Bilmişige — bilenine, öz bilýän zadyna.
Bimar — hassa; dertli.
Bina — görgür, gözi açylan; görüji; göreç.
Binem — gözýaşsyz, gury, boş.
Binemuna — oňat, gowy; taýsyz.
Binowa — garyp, pakyr, biçäre; bagtsyz.
Binyýaz — umytsyz; ötünçsiz; ýalbarmasyz; dilemesiz.
Birehne luj — ýalaňaç gylyç.
Birer — ýeke-ýalňyz.
Birge — bilelikde, bir bolup.
Bisaman — 1. öýsüz-öwzarsyz; malsyz, döwletsiz. 2. güýçsüz, kuwwatsyz.
Bişek — şeksiz, gümansyz, gürrüňsiz.
Bişek ýa:rur — şeksiz ýagtylanar; nurlanar.
Bişühbe — şübhesiz.
Bitip — ýazyp.
Biwe — dul aýal.
Biybalyk — nädürslik.
Börk — börük, tahýa, telpek, başgap. Bu ýerde bu söz «telpek goýýar» manysynda gelýär.
Boý etmezlik — boýun bolmazlyk, amal etmezlik.
Boýun sunmak — boýun bolmak, boýun egmek.
Bu:ý — ys.
Bu:ýy Huda — Hudanyň ysy; Bu ýerde Allany duýmak derejesi manysynda.

Bulmak — tapmak; görmek; ele getirmek, ele salmak; almak.
Bulhöwes — biderek zatlara höwes edýän kişi, höwesjeň.
Burra — zehinli; ötgür, ýiti.
Bürýan — kebap, oda tutulyp bişirilen et, gowurma; köýen; gowrulan.
Buzruk — uly, ullakan; beýikler, ulular; hormatlylar.
Byhyl bolmak — häzir bolmak; taýýarlyk görmek.
Bynlaryn zyýa kylmak — içki ruhuny zyýada, artyk, päklemek.
Byrak — dini düşünjä laýyklykda ýagşy mömin-musulmanlaryň behiştde münjek aty. Muhammet Pygamber ilkinji bolup, şol at bilen asmana çykandyr. Onuň müň dürli waspy, sypaty bardyr.
Byrak suwar — Byrak atyny müner, çapar.
Çäkir — bende, gul.
Çarhy keýwan — 1. çarhy pelek; dünýä. 2. ýyldyzlaryň aýlanyşy.
Çar-zarp — güýçli depginde sopularyň zikr eden wagty dört öwrülip ýere aýak urmagy. Bu häzir däbe öwrülip, günbatar türkmenleriň «Küştdepdi» oýnunda «dörtdepim» atlandyrylyp saklanyp galypdyr.
Çeçmek — çözmek, çöşlemek.
Çehreýi-surh — gül meňiz, gyrmyzy reňk.
Çeňgal — çeňňel; penje, el.
Çeň-u-rubap — çeň (arfanyň görnüşinde bolan gadymy saz guraly) we rubap kirişli saz guraly.
Çerik — 1. gerdek, toýhana; çadyra. 2. hakyna tutma goşun.
Çilten — abdal, nejip; kyrk kişi.
Çinan — şeýle, şonuň ýaly.
Çiňrär — çigrär, gaýnar.
Çubyn at — öli goýulyp göterilýän merdiwan.
Çust-u-çabuk — çalasyn, çakgan.
Dadhah — adalat talap ediji; adyl.
Dagwa — jedel, disput; ýaryş.

Dagwa kylmak — başlamak; talaş etmek, özbaşdak hereket etmek.
Dagwat — çagyryş.
Dagwyýe-Huda — Huda bilen bäsleşmek, dawa etmek.
Daman — 1. syn, etek. 2. gadyr bilýän, hormat edýän, hyzmat edýän.
Daman kesmek — etek üzmek, ara açmak.
Damy-tezwir — hile, mekirlik duzagy.
Däneýi-tesbih — din adamlarynyň Allanyň atlaryny tutup sanaýan tesbisi; monjuk.
Danyş — ylym, bilim.
Daressalam — saglyk öýi, dini düşünjä laýyklykda sekiz behiştiň ikinjisi.
Dartyg — dartylan; gerňelen, asylyp goýulan.
Darul-aman — howpsuzlyk öýi, amanlyk öýi; ahyrýet, o dünýä.
Daruw — derman; alaç, çäre.
Darulbaka — hemişelik öý, behişt.
Daryssalam — 1. saglyk öýi; sekiz behiştiň biri. 2. Bagdat şäheriniň lakamy.
Dem uralmak — het edip bilmek; demi ýöremezlik.
Depderi sany — ikinji depder.
Der halaty nezg — eňek atyp ýatyrka, jan tabşyrjak halatynda.
Derban — gapy sakçysy, derwezeban.
Dergä — köşk, köşgüň bosagasy; Hudaýyň ýany; patyşanyň dergähi, orun; Allanyň golaýy, patyşanyň ýany.
Derki-esfel — iň aşakdaky dowzah, iň gorkunç dowzah.
Dermende — biçäre, ejiz, pakyr, haldan düşen; sergezdan.
Dertment — dertli, keselli; gaýgyly, gussaly.
Destary-peş — selle.
Destbe-dest — elden-ele.
Dideýu-binaýy — gözi görgür; ýagşy görüji; köňül gözi açyk bolan.

Dil — ýürek.
Dil galasy — ýürek binasy; bu ýerde «ýüregi eýelemek» manysynda gelýär.
Dileraz — azar, ezýet beriji.
Dilha — göwni isleýän, halaýan; halanýan, islenýän.
Dilim sorsam — ýüregimden sorasam.
Din ýarugy — diniň ýagtysy, diniň jöwheri.
Din dillaz — din we iman.
Dini-aýyn ýarugy — diniň röwşen ýagtysy.
Din-şemşiri — din gylyjy.
Diwanaýy-juluda — däli-diwana; akyly çaşan.
Döwta — döwtalap; isleg.
Doýa bermek — doýynça içmek; dolynça bermek.
Du älem — iki dünýe, hem bu dünýä, hem o dünýä.
Dumdar — guýrukly.
Dünýä talap — mal-dünýä diýip hars urýan adam.
Dünýä ukby — dünýäniň ahyry, ýalançy dünýä.
Dünýäperest — harsydünýä, dünýe malyny söýýän.
Dünýedar — baýlyga kowalaşýan.
Duralmazlyk — durmazlyk, eglenmezlik.
Dürdäne — göwher, gymmatbaha daş.
Durud — doga, salam; ýagşylyk dogasy; minnetdarlyk dogasy; dileg etme; Allanyň adyna alkyş okamak.
Durud aýdaý — doga edeýin, salam aýdaýyn; ýagşylyk isläp, ýagşylyk dogasyny edeýin manysynda.
Durudy-bisýar — sansyz salamlar.
Duta — bükük, iki bükülen.
Eba — aba; 1. heder, gorky; 2. ata-baba.
Edlenmez — kiçelmez, peselmez.
Efgan — pygan, aglama, eňreme.
Efsana — erteki, dessan, rowaýat.
Efsus — haýp, ökünç.
Efsusy-ahy — ökünç nalasy; puşman.

Efşa — paş etme, äşgär etme, bildirme.
Ehanet — melamat, görgi, jebir-sütem.
Ejabat — kabul etme.
Ejabatly — dilegi kabul bolan, kabul edilen.
Ejazatly — rugsatly, ygtyýarly; pata alan; ygtyýar berilen.
Ekser — köpräk, artygrak; iň köp, iň kän.
Elest hamry — ezel şeraby, başlangyç döwrüň şeraby, ylahy ylham, Hakdan içme. Hudaýyň bagyş edýän tebigy meýi; yşkyň şerbeti.
Elkin — häzir; taýýar.
Elli müňçe — elli müň ýyla barabar.
Ellik — elli ýaş.
Elwidag — hoş, saglykda görşeli!
Emamma — selle, peş; kellä oralýan mata.
Emanat — kesekiniň igenji, gyjyt; azap; zulum.
Emgeksizin — horlanmazdan; ejir çekmezden.
Emri-magruf — adamlary dogry ýola gönükdirmek, oňat işleri etmeklige çagyrmaklyk.
Enabatsyz — kömeksiz, goldawçysyz.
Enaýatly — rehimli; goldaw ediji.
Endişe — oý-pikir; gam-gussa.
Enel-hak — «Men Hudaýdyryn» diýmek. Sopuçylygyň bir ündewi.
Engam — halat, serpaý, peşgeş, sylag.
Enşaalla — Hudaý halasa, Hudaý islese.
Entahur — päklik, halallyk suwy.
Ente afy — Sen bagyşlaýjysyň.
Ente käfi — Sen ynanyjysyň.
Entel-hady — Sen dogry ýoly görkezijisiň, ýa Hudaý!
Eradatly — dostlukly, ýoldaşlyk ediji.
Eradatsyz — rugsatsyz; ygtyýarsyz; ýolbaşçysyz.
Ergeşmek — ugraşmak, ýetişmek, gowuşmak; söz alyşmak.
Erre — byçgy.

Erwah — ruh, bu ýerde Taňrynyň goýan ruhy hakda aýdylýar. Sopularyň aýtmagyna görä, ynsan sypaty taýdan däl-de ruhy taýdan Hudaýa meňzeşdir. Şonuň üçinem haçan-da ynsanyň ruhy päk bolanda Oňa birleşip bilýär.
Esrar — syr, gizlin syrlar, syrly zat, çagyryjy.
Esremek — syrly ýagdaýda mes bolmak, hyruçlanmak; höweslenmek, ýaryňy idäp telbe bolup gezmek.
Esru durmak — hyjuwlanmak, hyruçlanmak, meýillenmek.
Essiz — 1. akylsyz, huşsuz; duýgusyz; ýarawsyz. 2. emelsiz, manysyz, peýdasyz, biweç.
Eşki-surh — ganly ýaş.
Et-tahur — päklik, halallyk suwy.
Eýesiz — akylsyz, huşsuz, saglyksyz, duýgusyz, habarsyz.
Ez tehi-dil — halys ýürekden, tüýs ýürekden, çyn ýürekden.
Fahş — nädürs, nätakyk.
Faryk — topar.
Fatyma — Patma, Muhammet Pygamberiň gyzy, Alynyň aýaly, Hasan bilen Hüseýniň ejesi. Ol 623—624-ýyllarda doglup, kakasy ýogalandan ýetmiş gün geçenden soň aradan çykypdyr.
Faýz — merhemet; bolluk; peýda, haýyr, nep; ylym.
Faýzy-futuh — ýeňişleriň bollugy, rowaçlygy, ýeňişleriň şöhraty.
Fezkurune üýni — zikr edýänleriň, zäkirleriň sesi.
Feragat — asudalyk, rahatlyk, dynçlyk.
Ferzana — alym, dana, akyl; akyllylyk.
Firdöws — iň ýokarky behişt.
Furat — köp suw; Ýefrat derýasy.
Ämin — kabul et!; şeýle bolsun!; aman saklasyn.
Ähl — 1. bir işe ýa-da bir ýere degişli bolan adamlar; 2. är-aýal, tutuş maşgala; 3. bir işiň, hünäriň eýesi.
Ähliýal — tutuş maşgala, aýal-u dogan-garyndaş, tutuş maşgala.

Ähli-behişt — behişt eýeleri; behişt ýaşaýjylary.
Ähli-many — ylym eýeleri; hemme ylymlardan habarly we olaryň many-mazmunyny öwrenen.
Ga:lyp — böwet, öňüni beklemek.
Galam — ýüwüş galam, ýagny gizlin syrlary ýazýan galam.
Gallu-gaş — aldaw, mekirlik, galplyk.
Galwe — bir zadyň daşyna başga bir zady üýşürmek, toplamak.
Gany — 1. mätäç däl, hiç zatdan kemi ýok. 2. baý, gurply, mally, döwletli.
Ganym — duşman, ýow, ýagy; garşydaş.
Gar — gowak, sopularyň çillede oturýan hylwat jaýy.
Garat — talaň, çapawul.
Garkap — gark bolmak, suwa çümmek.
Gary — ölçeg; 90 sm. çemesinde bolan uzynlyk ölçegi.
Garyp — aýra düşen.
Garyp ölmek — ýolagçykaň ölmek, aýralykda, ýurduňdan başga ýerde ölmek.
Gatgum geler — goşasym, garasym geler manysynda.
Gatmaslyk — goşmazlyk, golaýlaşdyrmazlyk.
Gatyg — kyn, çylşyrymly; azaply.
Gatyglanmak — jäht edip gazaplanmak, ýowuzlanmak, özüňe gaharlanmak.
Gaýrylmazlyk — azaşmazlyk. Bu ýerde ýol ýitirmedim, yzyma gaýtmadym manysynda gelýär.
Gaza — iýgi-içgi; iýmit.
Gebr — otparaz, ataşparaz.
Ger idi — eger şeýle bolsady.
Gerek özni hadym eýläp — özüňi Allanyň gullugynda hyzmatkär eýlemek gerek.
Gezap — 1. köp, örän kän; 2. lap urmak.
Gireh — 1. günä, ýazyk; düwün; gadagan edilen iş. 2. buýr-bulaşyklyk, buýra.

Girgüm geler — giresim geler.
Girýan — aglaýan, eňreýän, gözi ýaşly.
Gisu — saç, zülp; saçyň çokuly.
Golgaý — goldar; goldanar, peýdalanar.
Görgenmes — açylmaz, görmez.
Görsetmek — görkezmek.
Gowsul-gyýas — 1. ylmyň ölçegi. 2. ylmy ýardam.
Güfran — ýalkaw, ýalkamaklyk.
Güftegüýu-närowa — ýaramaz gürrüňler, boş, manysyz gepler.
Gülberine — garnyna, haltasyna.
Gulgul — başagaýlyk, galmagal, gozgalaň; zenzele; owaz, ses; saz.
Gultak — ýaşajyk gul.
Gümra — azaşan, ýoldan çykan, ýoluny ýitiren.
Günler gatmak — gün ýaşyrmak.
Guruh — topar.
Gurulgyk — binýat edilen.
Gutulgyň — gutuldygyň.
Güwä — şaýatlyk.
Güwähi — güwälik beriji; şaýat.
Güwşe — burç; çet; künjek; bir zadyň gutaran çeti.
Güzergäh — geçelge, geçit.
Gyl — ahyrýetde günäkärleriň boýnuna salynjak gyldan syrtmak.
Gylyçgir — gylyçlaşýan.
Haby-gaflat — habarsyzlyk ukusy, dünýäden bihabar ýatmak.
Habyp — ýakyn ýoldaş, dost, ýar, söýgüli; gözel; Pygamberiň bir ady.
Hady rahber — dogry ýoly görkeziji, Hudaý.
Hadym — gullukçy, hyzmatkär.
Häftem tabak — ýedi yklym.
Hak wehmi — Alla gorkusy; Hudaýdan gorkma.

Hakgul-ýagyn — bu aýnul ýaryn we ylmyl ýagyn ýagdaýlaryň ikisini hem özünde jemläp başaran we her bir zadyň dogrudygyny esaslandyrýan zat bolup, ol makam-duralga görnüşindäki aňlamadyr. Sopuçylykda aň arkaly görüp bolýan ýoklukdaky barlygyň aslyna, düýbüne ýetip saklanmadyr.
Häki-paý — aýak tozy.
Häki käfi paý — aýak tozy ýeterlik.
Hakperest — Hudaýa, Haka sygynan.
Hakykatlyg — hakykaty gözleýän, hakykatçy; sopy, derwüş.
Hakyr — 1. kiçi, hor, pes, biçäre. 2. kiçigöwünlilik, sypaýyçylyk maksady bilen «men» diýmegiň deregine ulanylýan söz; kemine.
Ha:l ylmy — sopuçylykda bir ylym ýoly bolup, göýä tiz döräp, tiz hem ýok bolup gidýän Hudaý merhemeti; syrly ahwal. Hudaý bilen bendesiniň arasyndaky ýagdaýynyň syrlaryny öwrenýän ylym, yşk ylmy. Ha:l ylmy bilen ka:l ylmynyň arasynda bir esasy tapawut bolup, ylmy-hal taglymaty Hudaýy tanamak we oňa birleşmek gepleşik arkaly däl-de, diňe güýçli hyjuw, ekzaltasiýa (gizlin bir syrly hala düşmek we tüýs ýürekden şoňa berilmek) netijesinde mümkin bolýar diýip düşündirýär. Emma ylmy-kal Hudaýy hakyky tanamak akyl arkaly ýüze çykýar diýip öwredýär, şonuň netijesinde Hudaý bilen gepleşmek hem bolýar diýip düşündirýär.

Rowaýatlara görä, bir gün Abu Sagyt Abul Haýr alym Abu Aly ibn Sina bilen duşuşýar, olar birnäçe wagt söhbetdeş bolýarlar. Ibn Sina gidenden soň oturanlar Abu Sagytdan: "Ibn Sinany neneň gördüňiz?" diýip soranlarynda, ol: "Biziň görýän zadymyzy ol bilýär we onuň bilýän zadyny bolsa biz görýäris, ýagny biziň ýürek, hyjuw arkaly ýeten zadymyza ol akyl arkaly ýetipdir" diýip jogap gaýtarýar. Sopular ylmy-halyň wekilleridirler.
Halawat — 1. süýjülik; ýakymlylyk; 2. tagam, lezzet, dat; zowk.

Halky älem — älemleriň halky, bütin halk.
Haly — 1. gury, boş, biderek. 2. habardar bolmak.
Hal kylmak — düşünmek.
Halyky-biçün — şek-şübhesiz ýaradyjy, Hudaý.
Halykynnäs — adamlary ýaradan.
Ham näjyns — egri, erbet ahlakly, nädürs adam.
Hamd — öwgi, taryp.
Hamu-ham — çigden-çig.
Hana — öý, bu ýerde köňül öýi manysynda, kalp manysynda gelýär.
Handan — gülüp duran, güler ýüzli, açyk; wagtyhoş, keýpihon.
Hanypa Kufy — bu Abu Hanypa Nugman ibn Sabytyň (Ymam Agzam) atlandyrylşy. Ol 700-nji ýylda Kufede dogulýar. Onuň asly Owganystanyň Kabul şäherinden bolupdyr. Abu Hanypa ilki pelsepe we dini ylymlary öwrenýär. Ol yslamyň sünni sektasynyň (ugrunyň) dört mezhebiniň biri bolan «hanapy» atly mezhebini döredipdir. Ymam Agzam Muhammet pygambere degişli müňlerçe hadysyň diňe 17 sanysyny dogry diýip tassyklapdyr, galanlaryny inkär edipdir. Abu Hanypa Nugman ibn Sabyt birnäçe kitap ýazypdyr («Fykhil-ekber», «Elmesned we maksud»). Käbir maglumatlara görä, Mansur Dowanyky oňa wezirlik ornuny hödürleýär, emma Abu Hanypa ol wezipäni almakdan boýun gaçyrýar. Şonuň üçin Mansur halypa ony tussag edýär we oňa gamçy urmaklygy buýurýar. Abu Hanypa 767—770-nji ýyllaryň aralygynda Bagdatda tussaglykda ölýär.
Haram-şübhe — halal bolmadyk şübheli zatlar.
Harb — ýörüş, söweş; harby sözi hem şundan gelip çykandyr.
Harbe — ýarag.
Harmak — armak, ýadamak; bizar bolmak.
Haryr — ýüpek, ýüpek mata, hülle dony.
Harys — gysganç, husyt, mal we mülk ýygnamaga meýilli; pes, ýaramaz.

Has bendeýi-kirdigär — Allanyň ýagşy bende edip ýaradany.
Has buzruklar — arassa, päk beýikler, mertebeliler.
Hassa — öý.
Hasby-hal — hal-ýagdaý.
Haş-haş dänesi — tirýegiň dänesi. Bu ýerde iki älem meniň gözlerime tirýegiň dänesiçe hem görünmeýär diýen manyda getirilýär.
Hatty berat — ýüzüne adamyň täleýi ýazylan ýazgy.
Hatyr — hormat, sylag; köňül; oý-pikir, hyýal, ýat.
Haýly-haşam — uly dabara; artyk zyýapat; beýik derejeli ymarat.
Haýly-hyş — dogan-garyndaş, dost-ýar.
Haýma — hyma; çadyr.
Haýrat — 1. gowy, oňat, ýagşy. 2. nep, haýyr, bähbit. 3. ýagşylyk, berim, jomartlyk.
Häzir — taýýar manysynda.
Hazyn — gamgyn, gaýgyly owaz.
Hazyn nida — gamgyn owaz.
Hedaýet — dogry ýol görkezme, ugrukdyrma.
Hel kylalmas — meselesin çözüp bilmes; akyl ýetirmes.
Helal — täze dogan aý; ýarym, egri, orak şekilli Aý.
Heýl — birnäçe, artykmaç, zyýada; erbet niýet.
Hezar — müň.
Hezer — heder.
Horram — şat bolmak, wagtyhoş.
Howa — meýil, höwes, zowky-sapa; haram keýp.
Howa kylmak — göterilmek, meslik etmek.
Howala — tabşyrma; iberme, ýüz tutma; haýyş etme.
Hudaýy-älem — älemleri görkeziji.
Hulasaýy-halaýyk — halkyň saýlantgysy, halys pägi; pygamber.
Hulk — gylyk-häsiýet; ýagşy gylyk.
Hum — altyn-kümüş, hazyna salynýan gap.

Hümmet kury — hümmet guşagy.
Huňkär — 1. ýar, söýgüli, dost; 2. häkim, hökümdar.
Hupbul watan minel-iman — Watany söýmek imandandyr (Muhammet Pygamberiň hadysy).
Hürgenmek — çalmak, üflemek.
Hürkmek — gorkmak, tisginmek, çekinmek.
Hürkmeslik — ürkmezlik; çekinmezlik; saklanmazlyk.
Hursent — şat, hoşal, horram.
Huşýar — hüşgär, seresap, ätiýaçly, ägä, sak.
Hüw — Ol (at çalyşmasy, bu ýerde Hudaý manysynda).
Hüý — häsiýet; gylyk.
Hüýrilyka — behişt gyzy.
Huý — hüý; häsiýet; gylyk; hal-ýagdaý.
Huzur (hyzyr) — hormat etmek, sylamak. Hydyr ata. Dini rowaýatlara görä, pygamberlerden biri bolupdyr, ol, göýä, Musa bilen duşuşyp, Isgender Zülkarneýn bilen Zulmata gidip, Ýaşaýyş suwundan içipdir we hemişelik diri galypdyr.
Hylal — zyýan, nogsan, kemçilik.
Hylap — garşy, ters, kemçilik.
Hymar — eşek.
Hyşt — kerpiç, çig kerpiç.
Hytap — ýüzlenme; ýüz tutma; ýalbarma.
Hyzlamak — bökmek.
Iba — ýaýdanma, saklanma, çekinme; gaýtarma, inkär etme, ýüz dönderme, ret etme.
Ihanat — nälet, gargyş.
Ikew — iki, ikisi, ikisi bilelikde.
Ikram — hormat, sylag; mertebe; ekram.
Illä — başga, Alladan başga.
Illallah — Hudaýdan başga Taňry ýokdur (öwgi, doga).
Iltipat — ýagşylyk, hoşamaýlyk; goldaw, üns, merhemet.
Imeksiz — 1. mümkinçiliksiz; kynçylyksyz; 2. peýda, zerurlyk.
Imkan — mümkinçilik, bolup biljek zat.

Imkany — peýdasy, zerurlygy.
Inşa — 1. aýan etme, meşhur etme; 2. bagyşlama, bagyş etme.
Iseň — bolsaň, erseň.
Istiganat — kömek, ýardam, kömek berme.
Istygfar — günäni geçmekligi haýyş etmeklik; ötünç soramaklyk; toba etmeklik.
Itagat — boýun bolma.
Izim — Allanyň bir ady.
Ja — orun, ýer.
Jahyl — akmak, nadan, sowatsyz, bilimsiz; tejribesiz.
Jala — çyg, çyg damjasy; doly, çabga, gözýaş.
Jamy jahannema — dünýäni görkezýän jam, Jemşidiň jamy.
Jan gulagy — kalbyň, ýüregiň bilen duýmak, okamak, göz ýetirmek.
Jan talaşma — jan çekme, yhlas etme.
Jary kylmak — sil edip akdyrmak.
Jebril — Jebraýyl sözüniň gysgaldylan görnüşi.
Jelalat — beýiklik; şan-şöhrat; dereje.
Jerahat — ýara.
Jezbi-junun — sopularyň Hudaýa sygynyp zikr edýän mahaly.
Jife — läş; jeset.
Jöhit — ýewreý, Musaýy.
Jöwlan — 1. aýlanma, dolanma. 2. sergezdanlyk etme. 3. işjeňlik; iş. 4. pelek.
Jöwlan kylmak — urunmak, çalynmak.
Jümle hajat — bütin gerekli zat, ähli zerurlyk.
Jümle wujut — ähli barlyk; bar bolmaklyk; göwre, beden.
Jünbüş — hereket, gymyldy.
Junun — dälilik; diwanalyk.
Jurga — bir ýuwdum.
Jürmi-usýan — ýazyk, günä; uly günäli.
Juzwe-küllge — Gurhandan bölekleri, Allatagala bolan öwgüli sözleri belent ses bilen owazly aýtmak.

Kabyh datmak — uýat etmek; ýaramazlykdan saklanmak.
Kabyl — mynasyp, ýaramly, laýyk.
Kabz — jan alyjy perişde; Ezraýyl.
Kadah — pyýala, käse, gap, tabak; gadak.
Kaddy duta — boýy bükük, bükülen, iki bükülen.
Kahhar — iň güýçli, ýeňiji; öç alyjy. Hudaýyň bir ady.
Kähil — ýalta; äwmezek; haýal-ýagallyk edýän, ýaramaz.
Kalu bela — Aýtdylar, sen biziň Perwerdigärimizsiň!
Käm — äň, agyz boşlugy.
Kamary bagy-köwneýin — iki dünýäniň Aýy.
Kamug — ähli, hemme, barça.
Kän — magdan; hazyna.
Kanyg — kanagatly, sabyrly.
Kapa — ýeňse, arka; yz tarap; soň.
Kapyr olmas — bu ýerde «bilmeýän, tanamaýan bolmaz» diýen manyda gelýär.
Käri-bar — iş; güýmenç.
Karyp — ýakyn, golaý.
Katmak — gartaşmak, ulalmak; garramak.
Katra — damja, bir damja.
Katran — garaýag. Bu ýag dowzahylaryň endamyna çalynyp, olar kyýamat ahyra çenli ýanyp durarmyş.
Katraýy aby-meni — bir damja suwdan dörän; bu ýerde söz: «seniň aslyň bir damja suwdan bina bolandyr» diýen manyny berýär.
Katyl — öldüriji; kast ediji; adam öldüren.
Kawy — güýçli, zor.
Kaý — «kaýsy» sözüniň gysgaldylan görnüşi, haýsy.
Kaýu — haýsy.
Kazaýy hary-zar — täleýi pes bolan, ýazgydy zor bolan.
Kazy-hajat — hajatlarňy bitirýän, hajatyňy berýän. Hudaý.
Kefti — ýeterlik, ýeterlik mukdarda.
Kelip — (kelb) it.

Keramyl-kätibeýn — dini düşünjä görä adamyň iki egninde oturyp, günä-sogaby ýazýan iki perişde.
Kerkes — gulaty; maslyk iýýän guş.
Kerru-per — söweş mahaly gaçan kişi bolup, duşmana hile gurmak, aldamak.
Keşful-esrar — käşifi-esrar; syrlary açyjy.
Ketsud — peýdasyz.
Kezzap — ýalançy, aldawçy.
Kipaýatly — kömek, haýyr ediji.
Kirdigär — ýaradan, döreden; Hudaý.
Kişan — zynjyr, kössek, aýaga dakylýan zynjyr, gandal; künde.
Kitabetli — Kitap iberilen, Gurhanyň eýesi.
Köfk —agzyň köpürjigi.
Köňli ýarmak — göwni ýagtylanmak, kalby nurlanmak.
Köwn-u-mekan — dünýä, älem, barlyk.
Köý — pikir, hyýal, aň.
Kudek — çaga.
Külah — telpek, börük; başgap.
Külli-hal — ähli ýagdaýy bilýän; bir Hudaý.
Külpet — 1. mähnet, zähmet, kynçylyk; derdeserlik, ýadawlyk. 2. gyrnak, hyzmatkär aýal.
Külpet — kynçylyk, mähnet.
Küpr — kapyrlyk; dine ynanmazlyk.
Küprük — dine ynanmaýan, küpür gepleýän, kapyr.
Kur — guşak; sopularyň biline daňýan kendirik ýüpi.
Küremek —lowlap ýanmak.
Kurp — 1. ýakynlyk, golaýlyk. 2. sopuçylykda adamyň özüni Hudaýyň iň ýakyn ýanynda duran ýagdaýynda duýmaklygy.
Kurraty-aýneýn — ähli Gurhan okaýanlaryň gözüniň nury.
Küşat — aňsat, ýeňil iş.
Kyçgyrmak — gygyrmak, çagyrmak.
Kylawuz — ýolbaşçy, pir.

Kyýam — 1. aýak üstünde dik durmaklyk. 2. gozgalaň.
Kyýamatyň şitdeti — kyýamat gününiň azaplary, ýowuzlygy.
Lä — ýok.
Lahat — gör, gabyr.
Lahza — 1. bir salym, az wagt, göz açyp-ýumasy salym. 2. garaýyş, nazar, bakyş.
Laka — lakga, balyk ady.
Leňňer — labyr.
Lepbeýk — hawa; men bar, men taýýar, men häzir; buýrugyňa men taýyn.
Lillä — Halys Alla üçin, tüýs ýürekden berlen.
Lowh —1. tagta, daş; ýüzüne hat ýazmak üçin ulanylýan tagta; 2. ýagtylyk.
Lowhul-mahfuz — göýä asmanyň iň ýokarky gatynda bolan, ýüzüne ýaşaýşyň syrlary we ynsanlaryň ýazgyda ýazylan tagta.
Lutf — mylaýymlyk, rehimlilik, ýagşylyk, mähribanlyk, merhemetlilik, göwündeşlik.
Lyka — didar; keşp; duşuşyk.
Magny-käni — manylaryň hazynasy.
Magpyret — ýalkama, günäni bagyşlama, günäni geçme.
Magrur — 1. tekepbir; men-menlik edýän; ulumsy. 2. aldanmak; meşgul bolmak.
Magrypetiň matagy — magrypetiň harydy.
Magsyýet — günä, ýazyk, günäkärlik.
Magşargäh — ahyretde bolunjak ýer.
Magwä — mesgen, mekan, öý. Jennetiň biriniň ady. Jennetül Magwä — jennet mekany; bu söz käwagt Mäwa görnüşinde hem gelýär.
Magzy-ser — kelle beýnisi.
Mahasyl — haçan-da bolsa taýýar.
Mahfur — ýalkanan.
Mahluk — döredilen; ýaradylan (adamzat we haýwanlar).
Mährem — dost, syrdaş, ýar; gizlin, syrly.

Mahuw — ýok bolmak, aradan aýrylma.
Mahzar —1. beýan. 2. rugsatnama, ygtyýarnama; hat; goýberiş haty.
Makam — 1. duralga. 2. orun, dereje, ýer.
Makamy-a:ly — beýiklik makamy, ýokary dereje, sopuçylykda sopuçylygyň iň uly duralgasy.
Makbul — kabul edilen, kabul bolan.
Maly-kes — kesekiniň maly, iliň zady.
Mamur — abat edilen.
Manend — ýaly, misli; meňzeş; mysaly.
Manendeýi beşr-i hafy — gizlin buşlukçy.
Manendeýi-Mejnuny — Mejnuna meňzeşi, misli Mejnun ýalyny.
Manendi-bal — bal ýaly.
Mansur — Mansur Hallaç. Asyl ady Hüseýin ibn Mansur Beýzawy, lakamy Hallaçdyr. X asyrda ýaşap geçen sopy şahyr we meşhur pir. Çeşmelerde asly halaç türkmenlerinden bolup, özi Şuşterde önüp-ösýär. Soň Bagdatda meşhur pir bolan Jüneýit we Sufýan bilen tanyşýar. Hindistana, Horasana, Mawerannahra, Türküstana syýahat edýär. 50-ä golaý kitaby ýazan Mansur Hallaç öz dini garaýşy boýunça «Enel-hak», ýagny «Men Hudaý» diýeni üçin, dindarlar tarapyndan tutulyp, zyndana atylýar. Sekiz ýyl zyndanda ýatýar we 921—922-nji ýyllarda el-Muktadyryň döwründe ony zyndandan çykaryp, ilki müň çybyk urýarlar, soň dara asýarlar. Rowaýata görä, dar egilip ony bogmaýar, soň daşlap ugraýarlar, emma zyňylan daşlar hem oňa degmeýär. Soňra onuň el-aýaklaryny kesýärler, ony oda ýakyp, külüni bolsa Tigr derýasyna taşlaýarlar. Mansury dinden ýokary sowatly birnäçe adamlar mukaddes hasap etseler, käbir adamlar ony dinsizlikde aýyplaýarlar. Ony Attar, Abu Sagyt, Jamy, Hafyz, Hoja Ahmet, Nesimi ýaly beýik pirler hormatlapdyrlar. Onuň ady türkmen edebiýatynda, nusgawy şahyrlaryň eserlerinde köp duş gelýär.

Manzur — göz öňünde tutma, ýadyňa salma, göz öňüne getirme.
Maňzy-taryk — tarykatyň maňzy.
Masuwa — Hudaýdan başga zatlar.
Matag — mata, haryt, mal-dünýä.
Maýu-menlik — men-menlik; özüňe göwnüň ýetmek; keýpi-sapa ýykgyn etmeklik.
Mazarrat — gabyr.
Mazlum — ezilen, horlanan, zulum edilen.
Medhi — öwgüsi, taryplamasy.
Meges — siňek.
Mejaz — hakyky däl, ýasama; hakyky aşyk däl adam.
Melaýyk — melek perişdesi.
Melekülmöwt — jan alyjy perişde.
Memleket — ýurt, watan, ülke.
Meňgu-baky — hemişelik, ebedi, mydamalyk.
Mensuh — ret edilen; ulanyşdan galan; ýok edilen; ýatyrylan.
Merdanawar — batyrlarça, mertlerçe.
Merdut — kowulan, ret edilen.
Merhem — melhem; em, däri-derman.
Merkep — ulag, münülýän haýwan.
Meslek — ýol; ynam, ynanç.
Met — çekiş; arap elipbiýinde sözüň başynda gelýän elibiň üstünde goýlup, bu harpyň «-a:, -ä:, -e:.» ýaly okalmagyny görkezýän bellik; uzyn, çekimli, uzalma.
Meýi-janbagş — jan berýän; lezzet berýän şerap.
Miswak — diş arassalanýan çöp.
Möwris — ýaradan; beren; miras galdyran; Hudaý.
Möwti-şerap — ajal şerbeti.
Möwwaç — tolkun.
Muazzam — beýik, uly.
Mübärek bat kylmak — mübärek bolsun diýmek.
Mubaryz — urşujy, söweşiji, esger.

Mübtady — dine özgeriş girizjek bolýan; dine garşy çykýan.
Mugaýýana — anyk, mälim, belli.
Mugteber — ygtybarly, ynamly, ynançly.
Muharebe — söweş, göreş.
Muhlys — yhlas ediji.
Muhup — dost, söýýän.
Mujahyda muňy — ýola girmek üçin tagalla edýäniň gaýgysy.
Mujahyt — hyzmat edýän, tagalla edýän, jepa çekýän; din ugrunda göreşýän.
Mujde — buşluk habar, hoş habar.
Mükäşife — syry açylan.
Mukatdam — öňdäki orna goýlan; başlyk; ýolbaşçy.
Mukerrem — hormatly.
Muktada — ýolbaşçy, serdar; yzyna eýerilýän.
Mukym — oturymly, yhlasly, pugta tutmak, berk bellemek.
Mukyr — boýun egýän; ykrar edýän.
Mumtaz — tapawutly, saýlanan.
Müňkür-Nekir — sowal-jogap perişdeleri.
Muňlug — gaýgyly, gussaly, dertli, hasratly.
Murdar — haram; erbet; ýaramaz, hapa.
Mürde — öli; maslyk.
Mürewwetli — dogry ýol görkeziji.
Muşahyda — 1. görmeklik, seretmeklik. 2. sopuçylykda halyň sekizinji ýagdaýy-derejesi, munda adam Hudaýyň ýakynlygyny diňe bir duýman, göýä ony görýän ýaly bolýar.
Muşlamak — ýumruklamak, ýençmek.
Mutabegat — yzyna eýermek; tabyn bolmak; uýmak.
Mutug — boýun egen, tabyn.
Muwapyk — laýyk; mynasyp.
Müwetdet — dostluk; söýgi.
Muý — tüý, gyl; saç; zülp.
Muzd — baha.
Muztar — näalaç, çäresiz.

Mynajat — ýekelikde okalýan doga; gizlin gürrüň.
Myradyça — isledigiçe; göwnündäkä görä.
Nadan — körzehin, bilimsiz.
Nagleýnini salmak — köwşüňi çykarmak.
Nagym — behişt.
Nähemwar — tekiz bolmadyk, büdür-südür ýer. Bu ýerde düşekçesi bolmadyk ýer manysynda gelýär.
Näjur — näsag, hassa.
Namazy-sowm — namaz we oraza.
Namy-neňden bolup urýan — namys-ardan geçip ýalaňaç ýören.
Napermanlyk — perman etmeklik; höküm etmek.
Nary-sakar — Sakar dowzahynyň ody.
Nasyh — nesihat ediji, öwüt beriji.
Nätäm — nätakyk, anyk bolmadyk.
Natuwan — güýçsüz, kuwwatsyz; biçäre, hor, ejiz, bitap, keselli.
Naýynsap — ynsapsyz.
Nazyr — 1. seredýän, garaýan, gözleýän; üstünden garaýan, 2. seresap, ätiýaç; göz-gulak bolma.
Nebsi-seg — it nebis.
Nedamat — puşman, ökünç, gynanç.
Nedamat ýip — puşman edip, ökünç iýip, ökünip.
Nefgat — nep, haýyr, peýda, bähbit; gazanç, girdeji.
Nehiý-münkir — diniň gadagan eden zatlaryndan saklanmak we adamlary erbet işlerden saklamak.
Nem — çyg, öl.
Neň-u-namys — utanç-haýa, namys.
Nepes — dem.
Nepes urma — dem salmak; het etmek.
Nepl namaz — bäş wagt namazdan artyk okalýan namaz. Umuman nepl—artykmaç diýmegi aňladýan söz bolup, nepl orazasy hem bolup bilýär.

Nesim — ýakymly şemal; yşgyň şemaly.
Nezr — gurban; Hudaýýoly; bagyş etme.
Nida — ses, çagyryş; gykylyk, ahy-nala gatyşykly ses; ýüzlenme.
Niş — iňňe, naýza, diş; mör-möjekleriň çakýan iňňesi.
Now — täze, ýaş.
Nukta — nokat.
Nyhan — gizlin, örtülgi, ýaşyryn.
Nyýaz — mätäçlik; umyt; ýalbarma, dileme, ötünç.
Ogşaş — meňzeş.
Ok — 1. hereket bilen tiz görünip, tiz hem ýitýän alamat, mugjyza. Irki ynançlara görä ol Taňryny aňladyp gelipdir. Orta asyrlarda ony Taňry sözüne derek köp ulanypdyrlar, 2. okamak.
Ol muýy syýah paýy — ol gara saçyna baglan.
Ömrüň bergi — ömür ýapragy.
Öň ýol — dogry ýol, göni ýol; Beýik Biribara tarap barýan ýol..
Öňden sola — sagdan çepe.
Öpke — öýken.
Örgülmek — öwrülmek.
Ötelmezlik — ötüp, geçip bilmezlik.
Ötgermek — ötürmek, geçirmek.
Ötün — ötünç; günäňi geçmek.
Pa — aýak; gadam.
Pahr — buýsanma, buýsanç, guwanç; şöhrat; begenç.
Parsaň — parsah, 6 kilometre barabar uzynlyk ölçegi.
Paryg — uzaklaşan, daşlaşan; aýrylan.
Paýa — aýak; aýagujy.
Paýan — soň, ahyr; yz, netije.
Pena — 1. ýokluk, ýok bolmaklyk, zowal tapmaklyk, ýitip gitmeklik. 2. sopuçylykda adamyň mydamalyk däl «özüniň»

Hudaýa birleşmesi. 3. gaçalga, buky, gaçybatalga, daýanç, gorag.
Pena bulup — pena isläp, haraý gözläp, pena tapyp; gaçybatalga edinip, arka tapyp.
Penafilla — Hudaýa siňen, birleşen.
Penafilla makamy — sopuçylykda adamyň mydamalyk däl «özüniň» Hudaýa birleşmek duralgasy, adamyň sopuçylyk tarykatynyň bir duralgasynda zowal tapmaklygy, ýitip gitmekligi.
Periş guşy — perişdeden ruh guşy.
Pertöw — nur, yşyk, şöhle, ýagtylyk, ýalkym.
Perwana — kebelek.
Peşu-destar — baş we başa oralýan selle.
Petwi — 1. açyş. 2. ybrat. 3. manyny.
Peýam — 1. sargyt, habar, ýüzlenme; 2. ömrüň ahyry.
Peýkamy-abdar hanjary — poladyna suw berlen hanjaryň peýkamy.
Peýmal — ajal, ömrüň ötmek, ajal pyýalasy, käsesi.
Peýrew — eýeriji, dowam etdiriji, tarapdar.
Peýwent — bag; ýüp; birigen; birleşen, birleşip duran, bagly.
Piri kämil hem mükemmel — ýetişen, kemala gelen pir.
Piri mugan — ýolbaşçy, sopularyň pikirine görä kämil ynsan, ýetişen, Hakdan içen pir.
Post — ham, daş gabygy.
Püçek pul — bölek pul, gara şaý, teňňe.
Pür-ab — doly ýaş.
Pürhun — gandan doly, gany köp.
Pürhuzur — köp hözürli.
Pür-selah — ýagşylyk, päklikden doly.
Puşt — ýedi arkaň, öten neberäň.
Puşt-u-penah — arkadaýanç.
Puta — 1. tanap; ýaglyk; ýüp. 2. hazyna, pul we gymmat bahaly zatlaryň saklanýan ýeri.

Pyragat — asudalyk, dynçlyk, parahatlyk.
Pysk-u pesat zeňgarlary — pyssy-pujurlyk hapasy.
Ragaýat — göz öňünde tutma, üns berme; saklama; berjaý etme.
Rägs — beýiklik; ölçeg; bu ýerde egniňden, gerdeniňdenem golaý manysynda gelýär.
Rah — ýol, ýörelge; ugur; tarap.
Raha — boş, azat; goýbermek, boşatmak, azat etmek.
Rahşy-şerigat — şerigat ýoly; yslam dininiň kanuny, dogry ýol.
Rahy merdan — ýol görkezýän öňbaşçy.
Rahylasyz — ýoldaşsyz; ýolbaşçysyz.
Raksy-semag — Allanyň adyna öwgüler aýdyp, tans ýaly hereket bilen edilýän zikr; jähr çekmek; derwüşleriň gazaly owaz bilen hereketlendirip aýtmagy, zikr etmegi. Ol häzirki «küşdepdä» çalymdaş hereketler bilen ýerine ýetirilipdir.
Rakyp — duşman.
Rapyk — ýoldaş, gürrüňdeş; hemra.
Rast ergüseň — dogry bolsaň; hakykatçyl bolsaň.
Raz — syr, gizlin gürrüň.
Razyk — ryzk berýän, rysgal berýän.
Ref-u-teşdit — arap elipbiýinde çekimlileri aňlatmak üçin astyn, üstün belgiler.
Rehber — ýolbaşçy, baştutan, başlyk, ýol görkeziji.
Rehzen — ýol urujy, garakçy, galtaman, ýol kesen.
Renjur — hor, ejiz, nähoş.
Resen — bag, ýüp, tanap; boýun bagy.
Rişwet — para, berim; parahorluk.
Röwüş — ýol, ýörelge, usul, tär.
Rowzan — deşik, yş; penjire.
Rükni awlamak — dereje almak.
Rusyýalyk — biabraýlyk, ýüzigaralyk, ryswalyk.
Ruýy-zerd — saralan ýüz, sargaran meňiz.
Ruzgär — durmuş, zamana, döwür.

Ruzy — 1. rysk, rysgal; bagyşlanma. 2. bir gün, günleriň birinde.
Ruzy elest — Ruhlary ýaradan güni.
Ruzy kylsa — nesip etse; rowa görse.
Ruzy-ezel — iň gadymy gün, dini düşünjä görä, adamzat ýaradylmazyndan hem öňki döwür.
Ruzy-jeza — jeza güni.
Ruzy-magşar — kyýamat gününde.
Ryhlet — göçmeklik, uzak ýola gitmeklik.
Ryýa — ikiýüzlülik, özüňi erbet işlerden saklaýan edip görkezme.
Ryýa pygl — erbet niýet.
Ryýa-tesbih — göz üçin elinde tesbi göterýän.
Ryýazat — berhiz; nebis isleglerinden saklanmak, özüňi gynamak, jepa çekmek.
Ryýazatly — nebis isleglerinden saklanyjy.
Ryýazatnyň butasy — nebis isleginiň belasyndan saklanmagyň ugry.
Ryzky kasyr — kem rysgal.
Ryzzak — ryzk berýän, rysgal berýän.
Sabru-ryza — sabyr bile çydamly garaşmak.
Sabyk — 1. öň bolup geçen, öňki, owalky zat; 2. arassa, päk, halal.
Sadyr — ýüze çykma, döreme; daşary çykarma.
Saffan-saffan — sap-sap, hatar-hatar, yzly-yzyna.
Safy — sap, tämiz; päk, arassa; saýlanan.
Sagadat — bagt, şatlyk, bagtyýarlyk.
Sahwa — sahawat; haýyr-sogap.
Sähwi-usýan — ýalňyş, hata.
Sahyp kemal — kemala ýeten.
Säkin — hereketsiz, gamyldysyz, bir ýerde duran.
Salamat — saglyk, gurgunlyk, dynyçlyk.
Salät — namaz.

Salyk — mürit, bir ýoly yzarlaýan; sopuçylyk taglymatyny kabul eden.
Salyp gitmek — goýup, galdyryp gitmek; bu ýerde ýaşap, soňundan dünýä talak berip giderin diýen manyda gelýär.
Saman — 1. öý-owzar; 2. kömek, ýardam; 3. hasyl; 4. tertip, düzgün; 5. güýç, kuwwat, gurbat; 6. baýlyk, döwlet.
Samyg — eşidiji, eşidýän.
Samylar — beýikler, belent derejeliler.
Sapy — päk, arassa.
Sarwan — kerwenbaşy; düýekeş, düýe çopany.
Sarraf — 1. pul çalyşýan adam; bankir; 2. gymmatbaha daşlara baha kesýän; altyn-kümüş söwdasyny edýän adam.
Saryk — tarap.
Saýym — oraza tutýan, orazaly.
Sebz etmek — şinelemek, gögerip güllemek.
Sejjada – namazlyk.
Semag — eşitme, diňleme, zikr çekme, derwüşleriň goşgy-gazal bilen (tans) hereket arkaly Allany çagyryp zikr etmegi.
Serefraz — beýik mertebeli, başgalardan tapawutlanýan.
Serri-kemahy — tutuş bagt.
Sersaň — (sersam) 1. däli-diwana. 2. başagyry, kellagyry; başy çaşan.
Set-hezar — ýüz-müň.
Seýit — eýe, hojaýyn.
Seýlap — 1. sil suwy, daşgyn, joşgun. 2. gözýaş, köp akan ýaş.
Sidretül-muntaha — iň soňky, iň ahyrky behişt. Ýedinji gatda ýerleşen jennet.
Silap — gözýaş; sil suwy; daşgyn, joşgun.
Sopynakş — sopysypat, daş görnüşi boýunça sopa meňzemek.
Sorguwçy, sorgujy — soragçy; Müňkür-Nekir.
Sowma — sopularyň özbaşdak ybadata meşgul bolýan ýeri.
Subhy-sadyk — daň saz berende.
Sudy-zyýan — peýda we zyýan.

Suhty-telim — köp gezek, birnäçe mertebe.
Sulh — parahatçylyk; abadanlyk.
Sülük — tarykat.
Sümme billä — halys Hudaý üçin.
Süňek — süňk, süýek.
Süňekleriň hylm kylmak — süňkleriňi ýumşatmak; sabyrly, durnukly bolmak.
Sut — bu ýerde peýda, netije manylarda gelýär.
Suwar — müner, çapar.
Süýri halky — Hoja Ahmediň pirligine müňkürlik edip, onuň gargyşyna galyp, dumdar (guýrukly) bolup galan bir taýpa wekilleri.
Suz — ot-ýalyn, yşgyň ody.
Suz-u-güdaz — 1. nala çekme; ýanyp-köýme, aglap, eňreme. 2. horluk, azap, jebir.
Suzy (ýa-da süýri) halky — bu Akman hem-de Garaman tirelerinden bolan adamlar topary.
Suzy-efgan — nala çekme.
Sydky — dogruçyllygy, yhlaslylygy.
Sydky birle — yhlasy, höwesi bilen; çyny bilen; halys ýürekden.
Syjjyn — Jähennem; dini düşünje boýunça, ýedi gat ýeriň aşagynda uly bir daş bolup, ol hem jähennemiň iň erbet zatlarynyň birimiş.
Synyk — öçük, sypat manysyndaky söz.
Sypahy — goşun serkerdesi; harby gullukdaky adam.
Syr saraýy — pirleriň öwredýän yrfany pelsepewi ylymlarynyň berilýän ýeri.
Syrat — dini düşünjä görä, Jähennemiň üstünde gurnalan gyldan inçe, gylyçdan ýiti köprümiş. Ondan sag-aman geçenler Behişte barjakmyş, ýykylanlar Jähennemde galjaklar.
Syrry-aýan — aýan syr; syry açylan.
Syrry-nyhan — gizlin syr.

Syýasatlyg — haýbatly; syýasatdan baş çykarýan, ukyply, başarjaň.
Şa:h — şaha.
Şadman — şadyýan, wagty hoş; razy.
Şahadatly — güwälik beriji.
Şah — küştüň bir maly; şasy.
Şaky — zalym, ganhor, doňýürek.
Şapyg — goraýjy, tarapyny tutujy, arka durujy, şepagatçy, ýardamjy.
Şatyrlaýyn — mekirlik bilen; çalasynlyk, çusluk bilen.
Şaýet — 1. belki, mümkin; bolsa bolar. 2. şeksiz, gürrüňsiz.
Şäkir — zikr ediji, Allanyň adyny gaýtalaýjy.
Şähriban — meşhur, äşgär; ile belli, köpçüligiň tanaýan adamsy.
Şebnem — gijäniň çygy, gyraw, çyg.
Şefket — hoşamaýlyk, mähribanlyk; hormat-sylag.
Şehit gazy — din ugrundaky söweşde jan bermeklik.
Şepkat — şepagat, rehim, duýgudaşlyk; ýürek awama.
Şeraýyp — tagam; datly, süýji.
Şerigatyň salahy — şerigat ylmynyň esbaby, ýaragy.
Şerm — haýa, utanç, ýüz perdesi.
Şeýililla — Alladan başga zatlar.
Şeýýat — şeýtan.
Şiddet — 1. ýowuzlyk, gazaplylyk, hyrsyzlyk. 2. güýçlülik, agyrlyk, gaty täsirlilik. 3. köplük, artyklyk.
Şikwe — şikaýat, närazylyk bildirme, zeýrenme; arz etme.
Şişmal — dereje, orun.
Şiwe — adat, tär, usul.
Şowklanmak — meýillenmek, höweslenmek; hyjuwlanmak.
Şowk-yhraky — yşkyň ýalyny, ody.
Şurug — joşgun, hyjuw, höwes, meýil.
Şyfkat — 1. şöwket; ululyk; mertebe. 2. şepagat, ýardam; goldaw.

Taba — tarap; bu ýerde Hezrete, Hudaýa garşy manyda.
Tabyg — tabyn, boýun egen, boýun sunan.
Tagalalla — Allatagalanyň özi.
Taglyt — bulaşdyrmak; ýalňyşdyrmak.
Tagma — tagam.
Tagsyr — günä; ýazyk; etmiş.
Tagýyr — üýtgetme, ýerini çalyşma.
Tahsyl kylmak — ele almak; şerigat ylymlaryny öwrenme.
Tahsyn — makullama, alkyşlama, öwme.
Tahtessera — tagtyň, derejäniň aşagynda.
Tahyr — arassa, päk.
Tahyýýaty-bişumar — soňsuz salamlar bolsun!
Takat — sabyr, kanagat, durnuklylyk; çydam; güýç-kuwwat.
Taklyd — öýkünme, agza öýkenme.
Talak — aýrylyşma, terk etme.
Talmak — aýrylmak, huşdan gitme.
Talh — ajymtyk, süýjüsiz, şor.
Talyp — 1. okuwçy. 2. isleýän, talap edýän.
Ta:lmak — azaşmak; ýol ýitirmek.
Tamug — Jähennem, Dowzah.
Tamyg — tama etme; hantamaçylyk.
Taň — geň.
Taňla — ertir, kyýamatda, ahyrzamanda.
Taňlaky — ertirki; soňraky.
Taňlamak — geň görmek, bu ýerde «muny biliň, ony ýazgaryň, ondan ybrat alyň» manysynda gelýär.
Tanyk — tanyş; mälim, belli; şaýat.
Tarykat — ýol, meslek, ugur; sopuçylykda mistiki özüňi kämilleşdirmekligiň ýolunyň esasy üç tapgyrynyň ikinjisi.
Tasaddyk — sadaka berme, gurban etme, haýyr berme, Tasatdyk — 1. sadaka berme, gurban berme, haýyr etme; Hudaýoly. 2. adalatly, dogruçyl.
Tatawwug — biriniň yzyna eýerme.

Ta:wan — ajy aýralyk, (käwagt bu söz amanat, bergi manylaryny hem berýär).
Tawana — güýç, kuwwat; gudrat; hal-ýagdaý.
Taýran — uçma, howa galma, howalanma.
Taýýyp — toba eden; günäden saklanan; päklenen.
Teba — harap, zaýa, puç, boş: erbet; ýok bolma.
Tebredip — titredip, sarsdyryp.
Tefrik — aýyrma, aýratyn aýtma.
Tefsir — beýan ediş, düşündiriş; Gurhana düşündiriş ýazma, düşündiriş talap edýän kitap.
Tehi-pa — aýak tozy.
Tejrit — ýekelik, ýalňyzlyk, abstraksiýa.
Tefrid — ýeke-ýalňyzlyk, ýeketäklik; abstraksiýa.
Tekmek —jepa bermek.
Tekdim — geldim; ýetdim.
Tekme nadan — kämil nadan.
Tekýegähi — söýenji; arkadaýanjy.
Telkin-sehin — uzyn doga okamak; üznüksiz doga.
Temgin — boýun egme, tabyn bolma, gulak asma, tassyklama.
Tenha — ýeke-täk, ýalňyz, bir.
Teperrik — sowgat, ýadygärlik; peşgeş; miras; uly derejedäki adamlardan ýa bir öwlüýäden sowgatlyk.
Terer — tekrar, gaýtadan.
Tersa — jöhüt-hristian, mesihi, haçparaz; dinden çykan.
Tesbih — 1. Hudaýy ýatlap namaz, doga okamak. 2. şol dogalary sanamak üçin ulanylýan, ýüpe düzülen hünji; tesbi.
Tesbih-tählil — «Subhanalla» we «Lä iläha illalla» diýmek.
Teslim — boýun egme; berme; tabşyrma, boýun sunma.
Tetawwug namaz — nepl namaz (bäş wagt namazdan beýleki haýyr-sogap üçin okalýan namazlar).
Tezwir — hile, aldaw, mekirlik.
Tilewat — kitap, Gurhan okamaklyk.
Tilawetlik — Gurhan okaýan.

Tiwe — düýe.
Tohmy-usýan — ýazyk, günä tohumy.
Töhwe — sowgat; peşgeş.
Töhwe-nyýaz — ýalbaryp merhemet dileme.
Tokuglyk — bezelen, örtülen, gurşalan.
Tokunmak — baýlyga kowalaşma, baýlyga göz gyzdyrma.
Tokup — baglap, ganat kakyp, gerip.
Tola berme — doly edip, dolduryp bermek, doýynça berme.
Towana — güýçli, kuwwatly, gudratly.
Towap — bir zadyň daşyndan aýlanma, zyýarat etme.
Towazyg — kiçigöwünlilik, özüňi kiçi tutmaklyk.
Töwejjuh — üns bermeklik, ýüzlenmeklik, ýüz tutmaklyk; üns.
Töwekgel — umyt etme, bil baglama.
Towhyt — 1. birleşmeklik, Hudaýy ýeke hasaplamaklyk; 2. birleşdirme; 3. Hakyň birligine ynanmaklyk, bir göz bilen seretmeklik; 4. «Lä iläha ilalla» diýmeklik.
Towky — bent, duzak; halka; başadüşen.
Towme — bir agyz lukma.
Töwra — tär, hil; görnüş, sypat, özboluşlylyk; hereket.
Tuby wildan — jennetde bolan bir agaç. Göýä, ol agajyň saýasynda namazhonlar saýalajaklarmyş.
Tubyýy kaby-köwseýn — Jennetdäki Tuby agajy.
Tüfeýli — çagyrylmadyk myhman.
Tugma — iýmit, azyk, rysgal.
Tugýan — joşma, gozgalaň tapma.
Tumturak — dabara bilen.
Tün säher — daňyň alagaraňkysy, gijeden soň, daň saz berende.
Tünler gatmak — gijelermi ýatman ötürmek.
Turap — 1. gum, toprak, ýer; 2. öli, ölüler.
Türbet — mazar; gümmez; öwlüýä.
Türpe — geň, täsin, haýran galdyryjy zat. Bu ýerde haýran galyp çaşdym manysynda gelýär.

Tuýur-wahyş — wagşy guşlar, ýyrtyjylar, guşlar.
Ujb-u-ryýa — men-menlik bilen özüni ýagşy edip görkezjek bolýan.
Ukba — kyýamat, ahyrzaman, ahyrýet.
Ukrap durmak — ýaýdanmak; aljyramak; wehm etmek.
Ulanmak — ulaşmak, gowuşmak.
Uluk — 1. ulumsy; men-menlik eden. 2. uly derejeli, belent mertebeli.
Ummak — umyt tutmak, tama etmek.
Unwan — 1. umyt etmek; golaý tutmak; ýakyn görmek. 2. dereje, çin.
Urýan — ýalaňaç, bar ýeri açyk; açyk gursakly.
Usýan — 1. günä, ýazyk. 2. gozgalaň, topalaň, pitne. 3. joşgun.
Uşlamak — ölçärmek, çenemek.
Uýatyp — utanyp.
Uýumas — uklamazlyk.
Uzur — 1. ötünç; 2. bahana, sebäp; 3. kemçilik, ýetmezçilik.
Ülüş — paý, bölek.
Üleşmek — paýlaşmak, bölüşmek.
Üsküt — «sesiňi gap» diýmek.
Wa — 1. geň galdyrýan gözellik. 2. geň galmaklygygy aňladýan ümlük.
Wa nedamat! —puşman; ökünç, gynanç.
Wa weýleta — haýp, gynanç; hasrat, ökünç, gaýgy-gussa, ahy-nala.
Wahdat meýi — birlik şeraby.
Wahşat — howp; gorky; wehm; haýbat.
Wahyý — ylham, ses; Hudaý tarapyndan iberilýän habar, tabşyryk.
Wajgun — wajgüwn, ters, başaşak diýen manyda. Bu ýerde bolsa «başymyzy etegmize salyp geldik» diýen manyda.
Wala — 1. telbe, haýran; yşga düşüp zaryn saýraýan. 2. uly, belent, beýik, ýokary.

Walla Talla — halys Tagala, Hudaý.
Walla-billä — Halys ýürekden, Alla üçin.
Wapy — 1. doly, tükel, ýeterlik; köp; 2. sözünde durýan, wepadar.
Waslyn bulmak — ýaryň, ýagny Hudaýyň wysalyny, jemalyny görmek; ony tapmak.
Wasyl — gowuşmak, maksadyňa ýetmek.
Wehim — 1. gorky, howp, hatar; şek, şübhe. 2. esassyz we nädogry pikir.
Weýla — Jähennem.
Wird — bir süräni ýa-da bir sözi dowamly, üznüksiz gaýtalama.
Wirdi-öwrat — köp gaýtalanyp okalýan doga.
Wujud — barlyk, bar bolmaklyk; göwre, beden; döremek.
Wujud şähri — barlyk dünýäsi.
Wujutlaýym — süňňüm bilen, bütin bedenim bilen.
Ýa:nmak — öwrülmek, dönmek.
Ýal — ýalan; ýalňyş, kem-käs, ýarty.
Ýalawaç — pygamber.
Ýalguz — ýalňyz, ýeke.
Ýandan — tarapdan.
Ýanlyg — ýaly, deýin.
Ýaňyldym — ýakamy tutdum, toba etdim; öwrüldim.
Ýarag — ahyrýet azygy; päk iman.
Ýarlyka — ýalka; gora.
Ýarlykanmyş — ýalkanmyş; ýalkanan; günäsi bolmadyk.
Ýaruk — ýagty, röwşen, gözel.
Ýary — ýardam; hemaýat; goldaw.
Ýary kylmak — kömek almak, ýardam islemek.
Ýaryklyk — ýagtylyk, päklik, arassa imanlylyk, päkizelik.
Ýaryn — ertir, ertirki gün.
Ýawuk — ýakyn, golaý.
Ýawuk dilden — ýakyn ýürekden, ýürekdeşlikden.

Ýawuk ýetmek — ýakyn gelmek, golaýlama.
Ýazy — 1. (ýalaň) ýeleň; ýelli, şemally, ýalazy ýer. 2. meýdan.
Ybrat — 1. görüm-görelde, öwüt-nesihat; 2. geň galma, gorkup toba etme.
Ýegana — ýalňyz, ýeke-täk.
Ýegsan — barabar, deň, birmeňzeş.
Ýehut — ýehudy.
Ýekser — boýdan-başa, hemme.
Ýekta — ýeke-täk; ýalňyz.
Ýelda tüni — ýylyň iň uzak we garaňky gijesi (Bitaraplyk aýynyň 22-si). Käbir adamlar şu gijede kim garpyz iýse, ol tutuş ýylyň dowamynda sowuklamadan azat bolar diýen düşünjä eýeripdirler.
Ýeleň — ýelli, ýel çalyp duran ýer.
Ýer astygy — ýeriň aşagy, hylwathana. Hoja Ahmet Ýasawa degişli bu hylwathana häzire çenli hem bolup, ol häzirki wagtda alymlar tarapyndan öwrenilýär.
Ýeşmek — çözmek, çözlemek.
Ýetelmek — ýetip bilmek.
Ygtykad — ynam; yhlas.
Ygtykatlyg — ynançly, ynamly; dine çyn ýürekden uýýan.
Ygtykatyň tam bolmak — ynamyň güýçli bolmak; dine çyn ýürekden ynanmak.
Yllat — 1. dert, nähoşluk, näsaglyk, kesellilik; aýyp, şikes. 2. sebäp, delil.
Yllyýun — arş; asman perişdeleriniň hatary.
Yllyýunga tigürmek — arşa ýetirmek; göge aşyrmak.
Ylmul-ýagyn — Sopuçylyk taglymatynda ruhy dünýäniň reallygyny aňmaklygyň iň ýokary derejesi. Ýagyn eýlemek — aňyrsyna göz ýetirmek, anyk bilmek. Bu akyl ýetirmegiň ylmy esasyny aňladýar. Bu hem iki görnüşde bolup, onuň biri hyjuw arkaly görülýär we ikinjisi akyl arkaly göz ýetirilýär. Ylmul-

ýagyn akyl arkaly göz ýetirilýän zat, ýagny Hudaýy hakyky bolşunda tanamak akyl arkaly ýüze çykmagyny esaslandyrýar.
Ýok ererse — bolmasa.
Ýoklamak — doýuryp-doldurmak, tagam, ýal-ýok bermek.
Ýola başlamak — bu ýerde bu söz «dogry ýola salmak» manysynda gelýär.
Yrak — aýra, uzak, daş.
Yslamak — sypamak.
Ysmagyl — Ybraýym pygamberiň ogly Ysmaýyl.
Ysra — sakla, gora.
Ysramak — ýerliksiz-ýere sarp etme.
Yssyg — peýda, haýyr.
Yşk şitdeti — yşgyň azaby, ýowuzlygy.
Yzzu-jah — hormat we mertebe.
Ýügrüp-ýelmek — ylgap ýetmek.
Ýüzlemek — ýüzmek.
Zabyt — ele alma, eýelemek.
Zag-u-zagan — garga we garga meňzeş.
Zagyf — güýçsüz, ysgynsyz, hor; aýal.
Zähmet bermek — artykmaç iş bolmak, azap bermek.
Zahyr — 1. aýan, äşgär; açyk, görnüp duran. 2. daşky görnüş.
Zahyr agma — gözi açyk kör; gözli kör diýilýän.
Zahyr-batyn — belli däl, äşgär hem äşgär däl zatlar.
Zahyrdaky kyýas — daşky görnüşini deňeşdirmek.
Zahyryga — daşky sypatyna bakan; daşyndan gören.
Zahyt — galandar, sopy.
Zahyt didar — namazhonlaryň jemaly.
Zakgum — zäher, Dowzahda bitýän agajyň ady. Onuň ýapraklary bu dünýedäki iň ajy zatdan hem müňlerçe esse ajymyş.
Zäkir — ýada salyjy, Hudaýy ýat ediji, zikr edýän, ýüregi Alla diýip urýan; ýada salyjy; hekaýat ediji.

Zamyn — talap edýän, jan çekýän; özüni işinde jogapkär duýýan.
Zaty — asly, gelip çykyşy.
Zaty ulug — beýikleriň beýigi; asly beýik, iň beýik zat, Allatagala.
Zaýyf — (zaýf) myhmançylyk, zyýapat.
Zaýyg — zaýa; bihuda, biderek, boş.
Zaýyl — ýok bolan, ýiten, zaýa bolan, çaşan.
Zaýyp — 1. aýal. 2. güýçsüz.
Zehi — 1. gözel; aýdyň, ýagşy, oňat. 2. berekella.
Zemistan — gyş pasly.
Zemzem — Käbäniň golaýynda bolan bir guýy. Dini rowaýatlara görä, bu guýy Ybraýym Halyl pygamber zamanynda, ýagny biziň eýýamymyzdan takmynan üç müň ýyla golaý ozal gazylypdyr. Käbir rowaýatlara görä, Zemzem Ysmaýyl pygamberiň aýak basan ýerinde dörän bir çeşmemiş. Bu guýynyň suwy mukaddes hasaplanýar.
Zeňgar — gaýgy, gam-gussa; pos; hapa.
Zenun — aýala çalymdaş.
Zenu-perzent — aýal we çaga.
Zeragat — ekiş, ekarançylyk, daýhançylyk.
Zerrin — tylladan edilen, gyzyldan ýasalan.
Ziru-ziber — aşak-ýokary, aşaky we ýokarky; bulam-bujar, garym-gatym, uly-kiçi, beýik-pes.
Zowal — zelel, zeper.
Zuhd-u-takwa — dindar, dini däp-dessurlary doly ýerine ýetirýän adam.
Zulmat tüni — garaňkylyk gijesi; ahyrzaman.
Zünnar — guşak; zaroastrizm (otparaz) ruhanylarynyň guşagy.
Zynhar — hergiz; her haçan.

## MAZMUNY

Hikmetler........................................................................8
*Gözel Amangulyýewa.* Garyp Ahmet sözi hergiz gurymas. ...291
Düşündirişler we çykgytlar ...................................................316
Sözlük.......................................................................320

**Hoja Ahmet Ýasawy**

# HIKMETLER


**Teh redaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän D. Mämijikow**
**Korrektor G. Mämmedowa**

Çap etmäge rugsat edildi 29.11.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^1/_{16}$.
Çap kagyzy 22,5.

Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-14625

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.